**Ý. Orazgylyjow**

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

## TÜRKMENISTAN GARAŞSYZLYK ZAMANYNDA

I kitap

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň X synpy üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2015

UOK 373:957.54
O-62

**Orazgylyjow Ý.**

O-62 **Türkmenistanyň taryhy.** Türkmenistan Garaşsyzlyk zamanynda. I kitap. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň X synpy üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

TDKP № 298, 2015 KBK 63.3 (2 Tü) ýa 72

© Ý. Orazgylyjow, 2015



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal - ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistanyň taryhynda iň täze – Garaşsyzlyk döwri başlandy. Bu döwür sene ölçegleri boýunça uly däl, emma many-mazmuny taýdan giden bir zamana barabardyr. Şol sebäpli oňa Garaşsyzlyk zamany[1] diýilýär.

Garaşsyzlyk türkmen taryhynda düýpli öwrülişik pursadydyr. Ol ýurduň, halkyň hemmetaraplaýyn ösüşiniň uly mümkinçiliklerini öz içine alýan kadaly, tebigy içerki we daşarky ýagdaýydyr. Garaşsyzlyk türkmen halkynyň aň-düşünjesiniň ösüşine, hususy milli bähbitleri bütin adamzat bilen baglanyşykly düşünmäge güýçli itergi berdi. Halka öz medeniýetini gaýtaryp bermek bilen birlikde, ol dünýä medeniýetine aralaşmaga ýol açdy, terbiýe we bilim bermegiň, ylmyň, informatikanyň, ruhy hem beden taýdan sagdyn nesilleri kemala getirmegiň milli ulgamyny ornaşdyrmaga esas döretdi.

Garaşsyzlyk zamanynyň taryhy iki kitapda beýan edilýär. Olar degişlilikde orta mekdepleriň X we XI synplarynda öwrenilýär. Birinji kitapda Türkmenistan döwletiniň döredilmegi, onda syýasy we ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagy, ikinji kitapda bolsa halkyň durmuş-hal ýagdaýynyň gowulandyrylmagy, medeniýetiniň ösdürilmegi, daşary syýasat bilen baglanyşykly meseleler seljerilýär. Okuwçylar bu dersi çuňňur özleşdirmelidirler. Çünki häzirki zaman dünýäsinde özleriniň nähili döwletde ýaşaýandyklaryny, ol döwletiň köp babatlarda

[1] Bellik: 2007–2011-nji ýyllaryň resminamalarynda häzirki döwre Beýik Galkynyşlar zamany diýlen bolsa, 2012-nji ýyldan başlap ol Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri diýlip atlandyrylýar. Eýsem-de bolsa, bular Garaşsyzlyk zamanynyň içindäki döwürlerdir.

beýleki döwletlerden tapawutlanýandygyny bilmek ýaşlar üçin peýdalydyr. Watançylyk terbiýesiniň düýp özeni şundadyr.

Garaşsyzlyk zamanynyň ilkinji on ýyllyklaryna käbir resminamalarda geçiş döwri diýilýändigini bellemelidir. Sebäbi şu döwürde ýurtda möwritini ötüren totalitar jemgyýetden demokratik jemgyýete geçildi. Bu örän çylşyrymly proses bolup, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda: syýasy ulgamda, ykdysadyýetde, medeniýetde, adamlaryň aň-düşünjesinde düýpli öwrülişigi aňladýar. Seresaply çemeleşilmese, şeýle öwrülişikler ilat arasynda gapma-garşylyklara, çaknyşyklara eltýär. Ol öňki SSSR-iň giňişliklerinde emele gelen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän käbir ýurtlarda äşgär ýüze çykdy. Türkmenistan bolsa syýasy sarsgynlardan sowlup geçmegi başardy. Täze demokratik döwleti gurmakda ol özüne mahsus, milli däp-dessurlaryna laýyk gelýän ýoly tapdy we şol ýol bilenem ynamly barýar. Ýurtda oýlanyşykly, ynsanperwer içeri we hoşniýetli daşary syýasat alnyp barylýar. Türkmenistan Aziýada ilkinji bolup hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe boldy.

Geçiş döwründe Türkmenistanda, käbir GDA girýän ýurtlardan tapawutlylykda, döwlet häkimiýeti gowşadylman, gaýtam pugtalandyryldy. Häkimiýetiň pugta durmagy ýurtda syýasy ulgamy özgertmekde, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmekde, halkyň sosial taýdan goraglylygyny üpjün etmekde döwletiň güýjüni we serişdelerini doly peýdalanmaga mümkinçilik berdi.

Döwlet özbaşdaklygynyň 24 ýylynda ýurt asyrlara barabar ýol geçdi. Hasyl bolan arzuwyna – Garaşsyzlyga galkynan halkymyz gysga döwürde ata Watany tanalmaz ýaly özgertdi. Türkmen jemgyýeti hil taýdan täze derejä göterildi. Özygtyýarly Türkmenistan dünýä hojalyk ulgamyna endigan goşulyp, halkara durmuşynda öz mynasyp ornuny eýeledi. Oňa mümkinçilik beren zat, birinjiden, türkmen halkynyň ruhy-medeni mirasyna: taryhyna, diline, dinine, däp-dessurlaryna hormat goýulmagy bolsa, ikinjiden, ýurtda ýaşaýan beýleki halklaryň hem ruhy-medeni baýlyk-

laryna sarpa goýulmagydyr, türkmenler bilen bir hatarda beýleki halklaryň wekilleriniň hem deň hukuklarynyň kepillendirilmegidir, yslam dini bilen beýleki dinleriň hem berjaý edilmegine deň şertleriň döredilmegidir. Dürli dinlere uýýanlaryň we dürli milletleriň arasyndaky dostlukly hyzmatdaşlyk – «türkmen gudraty» diýilýän düşünjäni amele getiren syýasy durnuklylygyň, il agzybirliginiň we jebisliginiň esasydyr.

* * *

Döwlet Garaşsyzlygy milli taryh ylmynyň hem Garaşsyzlygydyr. Ol ozalky totalitar gysaçlardan çykyp, öz tebigy akabasyna girdi. Türkmen taryhy dikeldilýär, halk öz geçmişine hem eýe çykýar. Milli taryha täzeçe garaýyş kemala gelýär. Şunda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazowyň «Bize doly hakykaty açyp görkezýän taryh gerek. Ajy-da bolsa, süýji-de bolsa, taryhy dogruçyl beýan etmeli»[1] diýen görkezmesi ýörelge bolup hyzmat etdi.

Halkymyzyň taryhy hakydasyny dikeltmäge Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hem uly ähmiýet berýär. Prezidentimiz taryhy öwrenmeklige täze ideologiýany we jemgyýetçilik aňyny kemala getirmegiň möhüm şerti hökmünde garaýar. Ol tutuş türkmen taryhy, onuň aýry-aýry döwürleri, şol sanda Garaşsyzlyk döwri babatda-da edilmeli işleriň köpdügini belläp, giň we çuň many-mazmunly ylmy, okuw we usulyýet neşirleriniň toplumyny döretmegiň zerurdygyny nygtaýar.[2]

Garaşsyzlyk döwrüniň wakalary biziň gözümiziň öňünde bolup geçen wakalar. Olary beýan etmek kyn däl ýaly bolup görünse-de, bu şeýle bir aňsat iş hem däldir. Çünki wakalar heniz publisistikanyň aýtymynda, düýpli ylmy barlaglaryň «eleginden» geçenok. Şol sebäpli wakalary jikme-jik öwrenmekde we baha bermekde Türkmenistanyň

---

[1] *Türkmenbaşy S.* Garaşsyzlyk, Demokratiýa, Abadançylyk. Aşgabat, 1994. – I t. – 206 s.

[2] «Türkmenistan» gazeti. 2010 ý. 15-nji sentýabr.

ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazowyň, Türkmenistanyň Prezidenti G. M. Berdimuhamedowyň Halk maslahatlarynda, Ýaşulular maslahatlarynda, Türkmenistanyň Mejlisinde, Ministrler Kabinetinde eden çykyşlarynyň, kabul eden kararlarynyň örän uly ähmiýeti boldy. Şol çykyşlarda we kararlarda halkyň geçmişi, häzirki durmuşy, duş gelýän kemçilikler we olary ýeňip geçmegiň ýollary barada edilen belliklerden ugur alyndy.

Kitap ýazylanda «Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy», «Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary», Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiwiniň neşirleri, Türkmen milli hasabat institutynyň çap edýän maglumatlary peýdalanyldy. Türkmenistanda adamzat ösüşi baradaky hasabatlar, Bütindünýä bankynyň, beýleki halkara guramalarynyň Türkmenistana bagyşlanan synlary, barlaglary, döwürleýin metbugatyň materiallary öwrenildi we giňden ulanyldy.

Kitapda wakalara oňat düşüner ýaly möhüm resminamalardan bölekler, suratlar, ýerleşdirildi. Her paragrafyň yzynda soraglar we ýumuşlar, kitabyň yzynda bolsa has möhüm wakalaryň seneleri, iň esasy we täze adalgalaryň sözlügi berildi.

# I bap

## GARAŞSYZ TÜRKMENISTAN DÖWLETINIŇ DÖREDILMEGI – HALKYŇ TARYHY YKBALYNDA DÜÝPLI ÖWRÜLIŞIK

### §I. Milli özbaşdaklyga tarap gadam

XX asyryň 80–90-njy ýyllarynyň sepgidi dünýäniň syýasy keşbini düýpli özgerden ägirt wakalaryň döwri hökmünde taryha girdi. Iki jemgyýetçilik-syýasy ulgamyň – kapitalizmiň we sosializmiň barlyşyksyz göreşi tamamlandy. Gündogar Ýewropanyň halklary sosializmden ýüz öwrüp, kapitalizm ýa-da, häzirki aýdylyşy ýaly, demokratiýa ýoluna düşdüler. Sowet Soýuzynyň öz içinde düýpli öwrülişikler bolup geçdi. 1990-njy ýylyň mart aýynda Litwa, maýda Latwiýa bilen Estoniýa SSSR-iň düzüminden çykýandyklaryny yglan etdiler. Iýunda Russiýa Federasiýasy, iýulda Belarus Respublikasy hem-de Ukraina döwlet özygtyýarlylygyny jar etdiler. Şonuň yzysüre beýleki respublikalar hem SSSR-iň düzüminden çykyp, özlerini özygtyýarly döwlet diýip yglan etdiler.

1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda TSSR Ýokary Sowetinde Türkmenistanyň hem döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnama kabul edildi. Bu möhüm taryhy resminama şeýle sözler bilen başlanýar: «Türkmenistan SSR Ýokary Soweti Türkmenistanyň halkynyň erkini bildirip, türkmen milletiniň ykbaly üçin jogapkärçilige akyl ýetirip, milletleriň öz ykballaryny özleriniň kesgitlemäge hukugyny durmuşa geçirmäge çalşyp, halkyň doly manyly syýasy, ykdysady, sosial, ruhy we medeni ösüşi, graždanlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň hemme taraplaýyn üpjün edilmegi hakynda alada edip, respublikany dünýä bileleşiginiň doly hukukly

we garaşsyz agzasy diýip hasap edip, respublikanyň bütin territoriýasynda hökmürowanlygy, özbaşdaklygy, onuň hähimiýetiniň dolulygy we bölünişiksizligi, daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarda garaşsyzlygy we deň hukuklylygy hökmünde Türkmenistan SSR-niň özygtyýarlylygyny jar edýär».

Jarnamada «Türkmenistan SSR-i özygtyýarly döwlet bolup, öz çäklerinde häkimiýeti doly amala aşyrýar, ol türkmen halkynyň milli döwletiniň goralmagyny we aman saklanmagyny üpjün edýär» diýilýär. Türkmenistan SSR-inde özygtyýarlylygyň esasy we döwlet häkimiýetiniň çeşmesi onuň halkydyr. «Halk döwlet häkimiýetini TSSR-iň Konstitusiýasy esasynda gös-göni we wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar, bütin halkyň adyndan diňe respublikanyň ýokary häkimiýet edaralary çykyş edip biler» diýlip nygtalýar.

Jarnamada Türkmenistan SSR-niň çäkleriniň we deňizdäki ykdysady zolagynyň çäklerindäki ýer we ýerasty baýlyklarynyň, howa giňişliginiň, suw we beýleki tebigy baýlyklaryň türkmen halkynyň eýeçiligindäki milli genji-hazynasydygy we olaryň respublikanyň özygtyýarlylygynyň maddy esasy bolup durýandygy aýdylyp, bu hazyna baýlyga, şonuň ýaly-da respublikanyň çäklerinde döredilen bütin ykdysady, ylmy-tehniki serişdelere eýelik etmäge, olary peýdalanmaga we olara erk etmäge diňe Türkmenistanyň halkynyň hukugynyň bardygy bellenip geçilýär. Şu hukuklylyk respublikanyň çäklerindäki milli, medeni we taryhy gymmatlyklara-da degişlidir diýilýär.

Jarnamada Türkmenistan SSR-inde onuň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň hökmürowanlygy, onuň ýeriniň dowam edýän serhetlerde eldegrilmesizdigi, halk tarapyndan erk bildirilmese üýtgedilip bilinmejekdigi nygtalýar. Ýöne heniz Türkmenistan SSR-niň özygtyýarlylygynyň, öz ýerinde hökmürowanlygynyň ýagdaýlydygy, tebigy gorlaryna we beýleki milli baýlyklaryna doly eýelik etmeýändigi belldi. Sebäbi ol entek SSSR-iň düzümindedi. Respublikanyň goranmak meselesi, raýatlar awiasiýasy, demir ýol ulagy we başga-da jemgyýetçilik durmuşynyň käbir möhüm ugurlary

SSSR-iň ygtyýaryndady. Elbetde, şol ygtyýarlylyklar soýuz edaralarynda amala aşyrylanda Türkmenistan SSR-niň oňa gatnaşmaga hukugy Jarnamada tassyklanýardy. Emma iş ýüzünde ol hukuk heniz beýan etmekden başga zat däldi.

Görnüşi ýaly, Jarnamada käbir meselelerde bellibir derejede merkeze eglişik edilendigi mälimdir. Şoňa garamazdan, Jarnama respublikanyň jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn garşylandy. Sebäbi ol SSSR heniz doly dargamanka, onuň düzüminde duran Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygyna tarap aýgytly hereketini aýan etdi. Jarnamanyň ähmiýeti diňe olam däl. Jarnama Respublikada dolandyryşyň täze ulgamyna geçmek işlerine badalga berdi.

1990-njy ýylyň 30-njy dekabrynda respublikada dolandyryşyň ýokary edarasy – TSSR-iň Prezident Soweti döredildi. Eýýäm 2-nji ýanwarda Prezident Sowetinde ykdysadyýeti struktura taýdan täzeden gurmak, ýetip gelýän bazar gatnaşyklary şertlerinde ilatyň kadaly ýaşaýyş derejesini saklamak, respublikanyň jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygyny we ykdysady özygtyýarlylygyny üpjün etmek meselelerine seredilip, gaýragoýulmasyz çäreler bellenildi.

1991-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Türkmenistanda ilkinji gezek Hatyra güni bellenip geçildi. Şol gün türkmen topragynyň erkinligini gorap, 1855-nji ýylda Sarahsda, 1858-nji ýylda Garrygalada, 1861-nji ýylda Maryda, 1873-nji ýylda Gazawatda, 1879–1881-nji ýyllarda Gökdepede, 1916-njy ýylda Etrek – Gürgende we Tejende basybalyjjylara garşy söweşlerde wepat bolan gerçekleriň ruhuna bagyşlap aýat-dogalar okaldy, sadakalar berildi. Şol ýylyň martynda respublikada ilkinji gezek Nowruz baýramy bellenildi. 1990-njy ýylyň maýynda kabul edilen «Dil hakyndaky» kanun durmuşa geçirilip başlandy. Türkmen döwlet uniwersitetine beýik Magtymgulynyň, Türkmen milli dünýä dilleri institutyna bolsa Döwletmämmet Azadynyň atlary dakyldy. Türkmen dilini, taryhyny, edebi-medeni mirasyny öwrenmek işlerine gerim berildi. Din bilen baglanyşykly çäklendirmeler ýatyryldy.

1991-nji ýylyň tomsunda SSSR-däki syýasy dartgynlylyk ýetjek derejesine ýetdi. Ýagdaýy durnuklaşdyrmak maksady bilen, gyssagly suratda täze Soýuz şertnamasy taýýarlanyldy. Oňa 20-nji awgustda gol çekilmegine garaşylýardy. Emma 19-njy awgustda Moskwada döwlet agdarylyşygyna synanyşyk edildi. SSSR-de ähli häkimiýetiň Adatdan daşary ýagdaý boýunça Döwlet komitetiniň (ADDK) eline geçýändigi yglan edildi. Ýöne özygtyýarlylyk ýoluna düşen soýuz respublikalarynda eýýäm durmuş akymy üýtgäpdi. Olaryň hiç biriniň, şol sanda Russiýa Federasiýasynyň hem ADDK-nyň wadalaryna bil baglap, täzeden totalitarizm kökenine düzülesi gelmeýärdi. Şol sebäpli Moskwadaky döwlet agdarylyşygy barada habary alan batlaryna soýuz respublikalarynyň, şol sanda Türkmenistan SSR-niň hem ýolbaşçylary ADDK-ny goldamaýandyklaryny çürt-kesik beýan etdiler.

26-njy awgustda TSSR-iň Prezident Sowetiniň, Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň, TKP MK-nyň býurosynyň, şäherleriň we raýonlaryň ýolbaşçylarynyň bilelikdäki gyssagly mejlisi geçirildi. Mejlisde respublikanyň syýasy hem-de döwlet edaralarynyň mundan beýläkki özbaşdak işleri bilen baglanyşykly wezipeler kesgitlenildi. Respublika syýasy özbaşdaklyga gadam basdy.

**?**

1. XX asyryň 80–90-njy ýyllarynyň sepgidinde SSSR-de dörän ýagdaý barada gürrüň beriň.
2. TSSR-iň döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnama haçan kabul edildi?
3. Jarnamada beýan edilen döwlet özygtyýarlylygyna siz nähili düşünýärsiňiz?
4. TSSR-iň Prezident Soweti haçan döredildi?
5. Prezident Sowetiniň işi barada siz näme aýdyp bilersiňiz?

## §2. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi

1991-nji ýylyň oktýabrynda türkmen halkynyň ykbalynda düýpli öwrülişik bolup geçdi. Sekiz asyrdan soň ol öz milli döwletini döretdi we berkarar etmäge girişdi.

26-njy oktýabrda Türkmenistan SSR-inde ählihalk sala salyşlygy geçirildi. Onda bir mesele: «SSSR-iň düzüminde galmalymy ýa-da özbaşdak döwlet bolmaly?» diýen mesele çözülýärdi. Elbetde, Sowet Soýuzynyň dargap barýan şertlerinde onuň netijesi öňünden bellidi. Oňa garamazdan, sala salyşlyk özüni ödedi, ol öz döwletini gurmak barada bütin Türkmenistanyň halkynyň erk-islegini bir ýere çugdamlady. Ses bermäge gatnaşan raýatlaryň 94,1%-i Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagyny goldady.

Sala salyşlygyň ertesi – 27-nji oktýabrda TSSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahaty çagyryldy. Maslahatda sala salyşlygyň jemlerine seredildi, «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky» Konstitusion kanunyň taslamasy ara al-



nyp maslahatlaşyldy hem-de kabul edildi. Konstitusion kanunda sala salyşlygyň barşynda halkyň isleg bildiren özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamany durmuşa geçirmäge gönükdirilen iňňän möhüm meseleler öz beýanyny tapdy.

Konstitusion kanunda Türkmenistan SSR-niň çägini öz içine alýan garaşsyz demokratik döwlet jar edildi. «Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna – türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň baş Kanunynda, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki normalarynda göz öňünde tutulan hukuklary, azatlyklary üpjün etmegiň, kanun agalyk edýän ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýär» diýlip nygtalýar.

Konstitusion kanunda Türkmenistanyň çägi emele gelen serhetlerde eldegrilmesizdir we bölünmezdir, ondaky ýer, ýerasty baýlyklar, howa giňişligi, suw hem beýleki tebigy resurslar, deňiz ykdysady zolagy halkyň milli baýlygy bolup, respublikanyň Garaşsyzlygynyň maddy esasydyr diýilýär. Onda Türkmenistanyň içeri, daşary, harby, maliýe syýasatlaryny, pul ulgamyny özbaşdak kesgitleýändigi aýratyn bellenildi. Türkmen halkynyň milli-medeni taýdan täzeden rowaçlanmagy, onuň özüniň milletdigine düşünişiniň artmagy, milli däp-dessurlaryny ýaňadan dikeltmegi, öz dilini döwlet dili hökmünde giňden ulanmagy hakda Türkmen döwletiniň alada etjekdigi nygtalyp, şonuň bilen bir wagtda ýurduň çäklerinde ýaşaýan ähli milletleriň, halkyýetleriň hem milli-medeni taýdan erkin ösmek hukugy kepillendirildi.

Konstitusion kanun kabul edilen pursadyndan güýje girdi. Bada-bat ozalky hökmürowan ulgamyň buýruk beriji häkimiýet edaralaryny syndyryp, demokratik gymmatlyklary ileri tutýan, raýatlaryň azatlyklaryny we hukuklaryny üpjün edýän häkimiýet edaralaryny döretmek işleri

başlandy. Türkmenistanyň hukuk goraýjy, milli howpsuzlyk edaralary düýpli özgerdildi. Milli Ýaragly Güýçleri döredildi. Daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen, Daşary işler ministrligi, Daşary ykdysady banky we beýleki ýöriteleşdirilen edaralar döredildi. Ýurtdaky syýasy durnuklylyga uly üns berildi, milletara oňşuklylyk, milletara sazlaşyk seresaplylyk bilen saklanyldy.

1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şol ýylyň ortalaryna çenli Türkmenistany dünýäniň 100-e golaý döwleti ykrar edip, şolardan 48-si bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Aşgabatda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Hindistanyň ilçihanalary açyldy. Eýranda, Türkiýede, Russiýada Türkmenistanyň ilçihanalary işläp başlady. Daşary ýurtlaryň ençemesiniň Aşgabatda, ol ýurtlarda bolsa Türkmenistanyň ilçihanalaryny açmaga taýýarlyk görülýärdi.

Şeýlelikde, dünýäniň syýasy kartasynda Türkmenistan döwleti peýda boldy. Halkymyzyň ykbalynda bu bimöçber ähmiýetli wakanyň gözbaşynda S. A. Nyýazow – Beýik Türkmenbaşy durdy. Türkmen döwletiniň döredilmeginiň ähmiýeti barada Ruhnama kitabynda şeýle diýilýär: «...Türkmenler taryhda şunça döwletleri gurupdyr, bu gün bolsa, öz topragymyzda gaýtadan milli Garaşsyz döwletimizi gurýarys. Biziň binýat eden döwletimiziň güýji şondadyr, biz ahyrynda olaryň hemmesiniň üstünde başynyň täji, buýsanjynyň baýdagy bolup pasyrdaýan Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistanymyza ýetdik. Biziň döwletimiz olaryň hemmesiniň taryhyna sarpa goýdy, barynyň adyny gaýtadan bir ýerde ýazyp, Oguz atamyzyň ruhuny direltdi».

?

1. Türkmenistanyň Garaşsyzlygy haçan jar edildi?
2. «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky» Konstitusion kanunyň esasy düzgünlerine siz nähili düşünýärsiňiz?

2. Sargyt № 2165.

3. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna haçan kabul edildi?
4. Dünýäniň syýasy kartasynda Türkmenistany görkeziň.
5. Türkmenistanda ilkinji bolup öz ilçihanalaryny açan döwletleri kartadan görkeziň.

## §3. Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi

1992-nji ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy – – Baş Kanuny kabul edildi. Ol işlenip düzülende dünýäniň ösen demokratik döwletleriniň tejribesi, şeýle hem türkmen halkynyň däp-dessurlary, milli özboluşlylygy we aýratynlyklary nazarda tutuldy. Konstitusiýada Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň esaslary, raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary hem borçlary, häkimiýet we dolandyryş edaralary, saýlaw ulgamy aýdyň kesgitlenildi.

Konstitusiýanyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.

Türkmenistan öz çäklerinde hökmürowandyr we bütin häkimiýete eýedir. Ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we eýeleýän meýdany bitewidir hem bölünmezdir.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakynda kararnama kabul edildi. Şol ýylyň ahyrynda Türkmenistanyň Halk maslahatynda Konstitusiýa üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. 1-nji maddada «Türkmenistan kanun esasynda hemişelik bitaraplyk derejesine eýedir... Dünýä Bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar» diýlip nygtaldy.

Konstitusiýada Türkmenistana demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýilmegi, sözüň giň manysynda döwlet

gurluşynda alnan ugruň we belent maksatlaryň aňladylmasydyr. Türkmenistanda demokratik döwlet gurmak işi halkyň tejribesine, goldawyna we işeňňir gatnaşmagyna esaslanýar. Ol ählumumy demokratik ýörelgelerden üzňe däldir. Hukuk döwletiniň kemala gelmegi düýpgöter täze hukuk ulgamynyň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Hukuk döwletinde hukuk döwletden rüstem bolmalydyr. Öňki döwürde bolsa bu tersinedi. Raýatlyk azatlyklary we hukuklary jar edilse-de, äsgerilmän, kähalatlarda bolsa kemsidilipdi. Hukugyň döwletden rüstem bolmagyny gazanmak häzirki wagtda amala aşyrylýan hukuk özgertmesiniň özenidir. Dünýewi döwlet barada aýdylanda bolsa, onda din döwletden aýry-aýrydyr we döwletiň işlerine gatyşmaly däldir, ateistik ýörelgelere hem eýerilýän däldir. Döwletiň bilim ulgamy dini birleşiklerden aýrydyr we dünýewi häsiýete eýedir. Dünýewi döwletde raýatlyk hukuklary we azatlyklary agdyklyk etmelidir. Bu siwilizasiýalaşan döwletiň we jemgyýetiň ýokary görnüşidir.

Konstitusiýanyň 2-njy maddasyna laýyklykda, döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy halkdyr. Şol sebäpli demok-



ratik edaralaryň, düzümleriň döredilmegi we kemala gelmegi gös-göni halkyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Halk häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli edarasy Türkmenistanyň Halk maslahatydyr *(45-nji madda)*. Halk maslahatynyň çözgütlerini özleriniň Konstitusiýada we kanunlarda bellenen ygtyýarlyklaryna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlis, Ministrler Kabineti we beýleki döwlet edaralary durmuşa geçirýärler *(51-nji madda)*. Konstitusiýada ýerli halk häkimiýetiniň ýolbaşçy edarasy hökmünde Geňeş kesgitlenildi. Geňeşler şäherlerde, şäherçelerde, obalarda halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarydyr *(85-nji madda)*. Geňeşler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kararlar kabul edýärler, öz çäklerinde şol kararlaryň ýerine ýetirilmegi hökmandyr *(86-njy madda)*.

Konstitusiýada ýurtda bazar ykdysadyýetine geçmäge alnan ugur öz beýanyny tapýar. Ykdysadyýetde döwletiň we döwlete dahylly däl düzümleriň hukuk esasyny emele getirmäge şert döredilýär. Eýeçiligiň hemme görnüşleriniň ösmegi üçin deň şertleriň döredilýändigi, şeýle hem olaryň deň derejede goralýandygy kepillendirilýär *(9-njy madda)*. Konstitusiýanyň 10-njy maddasynda «Döwlet taryhy-medeni mirasyň, tebigy gurşawyň abat saklanmagy üçin, sosial toparlar bilen milli toparlaryň arasyndaky deňligiň üpjün edilmegi üçin jogapkärdir. Ol ylmy hem çeper döredijiligi, onuň netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýär, ylym, medeniýet, terbiýeçilik we bilim bermek, sport we jahankeşdelik barasynda



halklaryň özara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine ýardam edýär» diýilýär.

Konstitusiýanyň 11-nji maddasyna laýyklykda, döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanun öňünde deňligini kepillendirýär. Bu meselede 17-nji madda hem möhümdir: «Türkmenistan raýatlaryň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine garamazdan, olara deň hukuklar we azatlyklar berýär, şeýle hem raýatlaryň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär». Türkmenistanda erkekleriň we aýallaryň raýatlyk hukuklary deňdir *(18-nji madda).*

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda raýatlaryň zähmet çekmäge, hünär saýlap almaga, dynç almaga, saglygyny gorap saklamaga hukuklary, olaryň garran, näsaglan, maýyp bolan mahalynda, işe ukypsyzlygyny, ekleýjisini ýitiren we işsiz galan wagtynda sosial üpjünçiliginden peýdalanmaga bolan hukugy kanun tarapyndan kepillendirilendir (34-nji madda). Raýatlaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagy olaryň jemgyýet we döwlet öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmenistanda ýaşaýan her bir adam ýurduň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr *(37-nji madda).* Türkmenistany goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr (38-nji madda).

2007-nji ýylda Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň täze tapgyrynyň başlanmagy bilen, döwleti dolandyryş ulgamynyň esasyny düzýän kanunlara täzeden seredildi. Konstitusiýanyň hem täze redaksiýasyny taýýarlamak boýunça Konstitusion topar döredildi. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy kabul edildi. Täzelenen Konstitusiýa laýyklykda hem Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident pespublikasy

görnüşinde amala aşyrylýar *(1-nji madda)*. Konstitusiýa ters gelýän kanunlaryň we beýleki hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur *(5-nji madda)*. Türkmenistanda döwlet häkimiýeti häkimiýetleriň bölünişigi ýörelgesine esaslanyp, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hem-de kazyýet häkimiýetlerine bölünýär we bir-biri bilen sabyr-takatly işläp, özbaşdak hereket edýärler. Täzelenen Konstitusiýada başga-da köp meseleler (ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmek, eýeçiligiň hemme görnüşleriniň ösmegi üçin deň şertleriň döredilmegi, taryhy-medeni mirasyň, tebigy gurşawyň abat saklanmagy we ş. m.) baradaky hereket edýän düzgünler güýjünde galdyryldy.

Konstitusiýanyň täze redaksiýasynda kanun kabul etmek we kanun çykaryjylyk başlangyçlary Türkmenistanyň Halk maslahatynyň ygtyýarlyklaryndan aýryldy. Halk maslahaty ýatyrylýandygy sebäpli, onuň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Prezidentine we Mejlise (Parlamente) berildi. Konstitusiýanyň 50-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr. Ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, ýurt bitewiliginiň, Konstitusiýany berjaý etmegiň we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň kepili hökmünde çykyş edýär. Prezident Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanylyk güýji bolan permanlary, kararlary we buýruklary çykarýar *(54-nji madda)*. Konstitusiýada Türkmenistanyň Mejlisiniň (Parlamentiniň), Ministrler Kabinetiniň (Hökümetiniň), ýerli häkimiýet edaralarynyň (häkimlikleriň), öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň (Geňeşlikleriň) ygtyýarlyklary we wezipeleri hem aýdyň kesgitlenildi.

Konstitusion özgertmeler dowam edýär. 2014-nji ýylyň 16-njy maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen Konstitusion topar döredildi we konstitusion özgertmeleriň täze tapgyry yglan edildi. Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow bu barada şeýle diýdi: «Häzirki döwürde Esasy Kanunymyzyň aýry-aýry kadalarynda göz öňünde

tutulan wezipeler üstünlikli ýerine ýetirildi. Şoňa görä-de döwletimizi we jemgyýetimizi özgertmek üçin bu kadalary bildirilýän talaplara laýyk getirmek zerur bolup durýar. Türkmen jemgyýetiniň durmuşynyň ähli ugurlarynda bolup geçýän düýpli özgertmeler kanunçylyk taýdan berkidilmegini, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilmegini talap edýär». [1]

Awazada geçen Ýaşulularyň maslahatynda (2015, sentýabr) Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Konstitusion toparyň möhüm işine ýene bir gezek ünsi çekdi: «...Esasy Kanunymyzyň rejelenen görnüşdäki taslamasyny halkymyzyň ara alyp maslahatlaşmasy üçin hödürlesek, maksadalaýyk bolar diýip hasap edýärin.

Taslama çap edilenden soňra, gelip gowşan teklipleri düýpli öwrenmek hem zerur diýip hasap edýärin. Esasy Kanunymyzyň üstünde işlenen gutarnykly taslamany Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň garamagyna hödürlemegi hem-de ony Ýaşulularyň geljek ýylda geçiriljek maslahatynyň dowamynda kabul edilmegini teklip edýärin» [2] diýip, Prezident nygtady.

Rejelenen Konstitusiýada, hususan-da, türkmen jemgyýetini mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmak we raýat jemgyýetini ösdürmek bilen baglanyşykly kadalary kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Mälim bolşy ýaly, soňky ýyllarda Türkmenistanda üçpartiýalylyk ulgamy döredildi. Häzirki wagtda ýurtda Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy hem-de Türkmenistanyň Agrar partiýasy hereket edýär. Ol partiýalaryň wekilleri saýlawlara we beýleki syýasy çärelere gatnaşýarlar. Ýurduň syýasy ulgamyndaky bu täze özgerişlikler rejelenen Konstitusiýada öz beýanyny tapar.

---

[1] «Adalat» gazeti, 2014-nji ýylyň 8-nji awgusty.

[2] Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary – 2015-nji ýylyň 18-nji sentýabry.

* * *

Garaşsyz Türkmenistanda ilkinji Konstitusiýa örän gysga döwürde, bary-ýogy 6 aýda işlenip düzüldi we kabul edildi. Konstitusiýa – Baş kanun. Ol jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamakda esasy ýörelgedir. Şol sebäpli Konstitusiýanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň döwlet ygtyýarlyklarynyň kanun arkaly berkidilendigini, şeýle hem milli kanunçylyk namalaryny işläp düzmäge badalga berlendigini aňlatdy. Baş Kanunyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi hem möhüm syýasy çäredir. Onuň many-mazmuny häkimiýetiň halk bilen jebisleşigini pugtalandyrmaga, ýurduň abadançylygyny täze belenliklere götermäge gönükdirilendir.

?

1. Konstitusiýa näme? Siz onuň ähmiýetine nähili düşünýärsiňiz?
2. Konstitusiýada Türkmenistana demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýilýär. Bu sözleriň many-mazmunyna düşünişiňiz barada referat ýazyň.
3. Konstitusiýada raýatlaryň kepillendirilen hukuklary barada aýdyp beriň. Olaryň borçlary nämeden ybarat?

## §4. Türkmenistanyň döwlet nyşanlarynyň döredilmegi

Her bir özbaşdak ýurduň öz Döwlet Baýdagy, Döwlet Tugrasy (Gerbi), Döwlet Senasy we beýleki döwlet nyşanlary bolýar. Halkara durmuşynda ol özüniň şol nyşanlary arkaly tanalýar. 1992-nji ýylyň 19-njy fewralynda Türkmenistanyň hem Döwlet Baýdagy we Döwlet Turgasy döredildi. Döwlet nyşanlarynyň örän oýlanyşykly, çuňňur paýhasa ýugrulan alamatlardygyny aýtmalydyr. Olaryň şekili, many-mazmuny türkmen halkynyň taryhynyň, medeni-ruhy mirasynyň özboluşly aňladylmasydyr. Mysal üçin, Döwlet Baýdagynyň reňki ýaşyl. Ýaşyl reňk–bahar paslynyň reňki. Ol täzelenýän durmuşy aňladýar. Baýdagyň ýokarsynda ak reňkli ýarymaý we bäş sany ýyldyz ýerleşdirilipdir. Aý we ýyldyz-

lar mifologiýadan, gadymy dini ynançlardan habar berýärler. Gadymy Wawilonda (b. e. ö. IV müňýyllygyň ahyrlary) Aýa iň uly hudaý («Hudaýlaryň atasy»), ýyldyzlara hudaýlar hökmünde çokunypdyrlar. Güne bolsa Aýy hem ýyldyzlary, ýagny ähli asman ýagtyltgyçlaryny söndürýän garaňkylyk çeşmesi hökmünde garapdyrlar. Olaryň düşünişiçe, Gün Aýy ýok etse-de, ol ýene täzeden emele gelýär. Diýmek, Aý bakylygyň alamaty. Gadymy wawilonlaryň bu ynanjy soňabaka filosofiýada ölüm bilen ýaşaýşyň, ýagtylyk bilen tümlügiň, adalatlylyk we adalatsyzlygyň arasyndaky barlyşyksyz göreş hökmünde işlenilip, jemgyýetiň ösüşinde uly ruhy-ahlak güýje öwrülipdir.

Wawilonlaryň ata-babalary bolan gadymy şumerleriň gadymy änewliler bilen gatnaşykda bolandyklary bellidir. Türkmenlerde «Adam ölse-de, onuň ruhy ölmeýär» diýen düşünje bar. Beýik Magtymguly hem: «Ölmek hak, dirilmek hak, okadym Gurhan içinde» diýipdir. Bu pikirleriň aňyrsynda şol gadymy ynanjyň ýatandygy äşgärdir. Hut şol sebäpli musulman dünýäsinde Aý şekili baky diriligiň, ýaşaýşyň alamaty hökmünde kabul edilipdir. Biziň günlerimizde hem metjit-medreseleriň üstünde Aý şekiliniň goýulmagy şonuň bilen baglanyşyklydyr.

Aý – keramatly asmanyň alamaty. Türkmenler hemişe täze Aýy ýüze sylyp gelipdirler. «Ýeneki aýlara Alla bizi sag-aman ýetirsin» diýip, dileg edipdirler. Aý – Oguz hanyň ogullarynyň iriniň (Aý han) ady. Ol türkmenleriň nesil daragtyny yzarlamagy hem aňladýar. Bäş ýyldyz Ýer togalagyndaky bäş yklymy, türkmen durmuşynyň ata-baba ýyldyzlar bilen baglanyşygyny aňladýar. Bäş ýyldyz hakda oýlansaň, ol ýurdumyzyň bäş welaýatyny, bäş wagt namazy we başga-da köp-köp täsinlikleri ýatladyp dur.

Döwlet Baýdagynda Aýdyr ýyldyzlaryň gapdalynda Türkmenistanyň welaýatlarynyň bäşisine mahsus bolan haly gölleri ýerleşdirilipdir.

Dürli gölleriň bir halynyň ýüzünde ýerleşdirilmegi ähli türkmen taýpalarynyň bir saçagyň başyna üýşüp, bir döw-

lete gulluk edýändikleriniň alamaty. Döwlet Baýdagynda haly gölleriniň aşagyndaky zeýtun şahalary BMG-niň, parahatçylygyň alamaty. Ol Türkmenistanyň BMG tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplygyny aňladýar.

Edil şular ýaly, Döwlet Tugrasyny (Gerbini) hem «okap» bolar. Ondaky Aýdyr ýyldyzlar, haly gölleri hakynda aýdylanlar bilen çäklenip, beýleki şekilleri: sekizburçluk, bedew at, bugdaý başlary, pagta hanalary, reňkleri synlaýarys. Sekizburçluk – Beýik Seljuk türkmen şadöwletiniň mizemez berkararlygyny aňladýan şekil. Ol XIV Halk maslahatynyň (2003 ý.) karary bilen Döwlet Tugrasyna (Gerbine), şeýle hem Döwlet Tuguna (Prezidentiň ştandartyna) girizildi. Sekizburçlugyň taryhy kökleri gadymyýete uzap gidýär. Ol şekil türkmen haly, zergärçilik, küýzegärçilik sungatlarynda gadym eýýamlardan bäri giňden ulanylypdyr. Sekizburçluk durmuş hereketini aňladýar. Ol binagärçilikde-de ulanylypdyr: sekizburç şekilinde gurlan binalar bolupdyr.

Türkmeniň taryhda halk hökmünde saklanmagynda atyň uly hyzmaty bar. «Görogly» eposy onuň aýdyň mysalydyr. Eposyň baş gahrymanlary – Görogly we Gyrat. Görogly öz Gyratyna baş ýoldaşy hökmünde seredýär. Kä ýagdaýlarda Gyrat Görogla hatda Agaýunusdan hem ýakyn durýar. Türkmen halk nakylynda hem «Ir tur– ataňy gör, ataňdan soň – atyňy» diýilýär. At ataňdan soňky ikinji mukaddeslik derejesine göterilýär.

Bugdaý – gadymy Änew medeniýetiniň bize gelip ýeten önümi. Onsoňam bugdaý – saçakdaky çörek. Çörek bolsa türkmende mukaddeslik hasaplanýar.

Ak pagta türkmeniň bereket çeşmeleriniň biri. Ak reňk arassalygyň, halallygyň alamaty. Tugranyň esasy reňki ýaşyl (täzelenýän durmuş). Haly gölleri gyzyl reňkli halkada ýerleşdirilipdir. Gyzyl reňk – möwç urýan durmuş. Diýmek, türkmen halky möwç urup, täzelenýän durmuşda ýaşaýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Tugunyň (ştandartynyň) reňki ýaşyl. Onuň çep tarapynda ýokarda Aý bilen bäş sany ýyldyz ýerleşdirilipdir. Tuguň sag tarapynda sekizburçlugyň

içinde Oguz hanyň tugundaky iki kelleli ýylany ýeňen iki kelleli bürgüdiň dowamy hökmünde bäş kelleli bürgüt şekillendirilipdir. Munuň özi umumy kompozisiýada Türkmen döwletini içerki we daşarky duşmanlardan goramagy aňladýar.

Türkmenistanyň Döwlet Senasy (Gimni) – sazly şahyrana eser. Onuň teksti 2007-nji ýylda täzelenip, many-mazmun taýdan has baýlaşdyryldy. Döwlet Senasy şeýle akgynly sözler bilen başlanýar:

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Türkmenistanyň döwlet nyşanlary ýurduň syýasy we medeni durmuşynda giňden ulanylýar. Olary ulanmagyň hökümet tarapyndan tassyklanan tertibi bar. Döwlet Baýdagy hökümet jaýlarynda, edaralarda, kärhanalarda, ýaşaýyş jaýlarynda dikilýär. Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy dünýäniň çür depesinde – Birleşen Milletler Guramasynyň belent binasynyň öňünde, özbaşdak döwletleriň baýdaklarynyň hatarynda pasyrdap dur. Döwlet Baýdagynyň pasyrdap durmagy türkmeniň başynyň dik, ýurdunyň abatlygynyň alamatydyr. Döwlet nyşanlary mukaddesdir.

?

1. Döwlet nyşanlary haýsylar?
2. Döwlet Baýdagynyň, Döwlet Tugrasynyň aňladýan many-mazmuny, taryhy kökleri barada referat ýazyň.
3. Döwlet Senasynyň teksti haçan täzelendi?
   Ony ýatdan aýdyp beriň.

## §5. Türkmenistanyň Prezidenti

1992-nji ýylyň 14-nji maýynda Ýaşulularyň III Döwlet maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň taslamasyny makullamak bilen bir wagtyň özünde ýurduň ilkinji Prezidentligine S. A. Nyýazowyň kandidaturasy hem hödürlenildi. Bu teklip Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan goldanyldy.

1992-nji ýylyň 21-nji iýunynda Konstitusiýa esasynda Türkmenistanda Prezident saýlawlary geçirildi. Saýlawçylaryň hemmesi diýen ýaly S. A. Nyýazowyň kandidaturasyny goldap ses berdi. 26-njy iýunda Türkmenistanyň Halk maslahatynda Prezident saýlawlarynyň netijelerine seredildi. Halk maslahaty Türkmenistanyň ilkinji Prezidentligine S. A. Nyýazowyň saýlanandygyny biragyzdan makullady.

S. A. Nyýazow ykdysady we syýasy ylymlaryň doktory, professor, akademik. Onuň işläp düzen geçiş döwri hakdaky taglymaty Türkmenistanda döwletiň roluny gowşatman saklamaga, sosial-ykdysady özgertmeleri rewolýusion (birbada, çürt-kesik) däl-de, ewolýusion (kem-kemden, endigan) ýol bilen amala aşyrmaga mümkinçilik berdi, halky jebisleşdirdi, agzalalyklaryň we ýaramaz ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna ýol bermän, ata Watanyň garaşsyzlygyny we howpsuzlygyny pugtalandyrmaga ýardam etdi.

S. A. Nyýazow Türkmenistanyň Gahrymanydyr. Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen oňa Türkmenbaşy diýen at dakyldy (1993 ý). Dünýä türkmenleriniň konferensiýasynda bolsa ony Beýik Türkmenbaşy diýip atlandyrmak barada karar kabul edildi (2001 ý). Ol halkymyza 21 ýyllap baştutanlyk etdi. S. A. Nyýazow Türkmen döwletini esaslandyryjy hökmünde taryha girdi. Ol 2006-njy ýylyň 21-nji dekabrynda aradan çykdy.

2006-njy ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň nobatdan daşary XVIII Halk maslahaty boldy. Maslahatda Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny geçirmek bellenildi. Prezidentiň wezipesine dalaşgärler hödürlenildi. 2007-nji

ýylyň 11-nji fewralynda Türkmenistanda Prezident saýlawlary geçirildi. Saýlawçylaryň ses bermäge 98,65 %-i gatnaşyp, şolardan 89,23 %-i Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň kandidaturasyny goldady.



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow**

2007-nji ýylyň 14-nji fewralynda Türkmenistanyň XIX Halk maslahatynda Prezident saýlawlarynyň netijelerine seredildi. Halk maslahaty Türkmenistanyň Prezidentligine Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň saýlanandygyny yglan etdi.

Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow 1957-nji ýylyň 29-njy iýunynda Gökdepe etrabynyň Babarap obasynda doguldy. 1979-njy ýylda Türkmen döwlet medisina institutyny tamamlap, zähmet ýoluna başlady. Şol ýyldan 1997-nji ýyla çenli Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we der-

man senagaty ministrliginiň ulgamynda dürli wezipelerde: Türkmen döwlet medisina institutynyň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy, stomatologiýa fakultetiniň dekany, Stomatologiýa merkeziniň direktory bolup işledi. 1997-nji ýylda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, Türkmenistanyň Saglygy goramak pudagyny ösdürmegiň döwlet gaznasynyň ýerine ýetiriji direktory, Türkmen döwlet medisina institutynyň rektorynyň wezipesini ýerine ýetiriji wezipelerine bellenildi.

2001-nji ýylda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesine bellenildi.

2006-njy ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň we Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň wezipelerini wagtlaýyn ýerine ýetiriji wezipelerine bellenildi.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow tejribeli döwlet işgäri. Onuň ýolbaşçylygynda Türkmenistanda dowam edýän sosial-ykdysady özgertmeler has çuňlaşýar. Özgertmeleriň gerimi giňelýär, depgini artýar. Halk hojalygynyň ähli pudaklarynda il bähbitli uly işler amala aşyrylýar.

2012-nji ýylyň 12-nji fewralynda Türkmenistanda ýene-de Prezident saýlawlary geçirildi. Alternatiw esasda geçirilen saýlawlarda, halkyň ynamyny ödän G. M. Berdimuhamedow saýlawçylaryň aglaba köpçüliginiň ses bermeginde, ikinji möhlete Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanyldy.

G. M. Berdimuhamedow lukmançylyk we ykdysady ylymlaryň doktory, professor, akademik. Ol Türkmenistanyň Gahrymanydyr.

Türkmenistanda Prezident häkimiýetiniň ägirt uly abraýy bar. Halk öz milli Liderine ynanýar we onuň daşyna jebisleşýär. Prezident jemgyýetiň syýasy ulgamynyň özenine öwrülip, ulgamyň ähli gatlaklarynyň bitewiligini, sazlaşygyny we netijeli işini üpjün edýär.

?

1. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazowyň terjimehaly barada referat ýazyň.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň geçen ýoly barada aýdyp beriň.

## § 6. Türkmenistanyň dolandyryş-çäkleýin gurluşy

Türkmenistan dolandyryş-çäk taýdan welaýatlara, etraplara, şäherlere, şäherçelere, obalara bölünýär. Ozalky oblastlara indi welaýatlar, raýonlara etraplar diýilýär. Obalaryň, etraplaryň atlary hem täzeden gözden geçirildi. 1990-njy ýylda resbublikada resmi taýdan hasaba alnan 2073 sany ýer-ýurt atlary bolup, şolardan 1570-si ýerli taryhy we geografiki atlar, 503-si bolsa soň dakylan (Lenin, Kirow, Kalinin, Çapaýew, Moskwa, Leningrad we ş. m.) atlardy. Şol bir wagtyň özünde şol obalaryň, etraplaryň ozalky atlary unudylyp barýardy. Şonuň üçin olaryň, köplenç, öňki atlary dikeldildi. Bu halkyň taryhy hakydasynyň dikeldilmeginden hem bir nyşandyr.

Konstitusiýa laýyklykda, ozalky TSSR Ýokary Sowetiniň ornuna indi Türkmenistanyň Mejlisi (Parlamenti), Ministrler Sowetiniň deregine Ministrler Kabineti (Hökümeti) döredildi. Mejlis kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan iň ýokary wekilçilikli edaradyr. Ol 125 deputatdan ybarat bolup, deputatlar 5 ýyl möhlete saýlanylýar (59, 60-njy maddalar). Mejlisde kanunçylygyň ugurlary boýunça: adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak; kanunçylyk we onuň kadalary; ykdysady meseleler; sosial-ykdysady syýasat; ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty; daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy; halkara we parlamentara gatnaşyklar; ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary baradaky komitetler işleýär. Mejlis kanun taslamalaryny taýýarlaýar, kabul edýär we kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Mysal üçin, Mejlisiň IV çagyrylyşynda bäş ýylyň (2009–2013 ý.) dowamynda 245 kanun we 221 karar kabul edildi.

Döwleti dolandyrmakda ýerine ýetiriji we serenjam beriji edara bolan Ministrler Kabinetine (Hökümete) möhüm orun degişlidir. Onuň işine Türkmenistanyň Prezidenti baştutanlyk edýär. Hökümetiň düzümine ministrler we dolandyryş edaralarynyň (wedomostwolaryň) ýolbaşçylary girýär. Häzirki wagtda ýurtda 25 ministrlik we 26 dolandyryş edarasy hereket edýär. Mysal üçin, 2012-nji ýylda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Hökümetiň 53 mejlisini, wideo-selektr maslahatlarynyň hem 60-syny geçirdi. Olarda halk hojalygynyň dürli pudaklaryny sazlaşykly ösdürmegiň we ýurduň gündelik durmuşynyň meselelerine garaldy. Prezident şol ýyl Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň hem 14 mejlisini geçirdi.

Konstitusiýa laýyklykda, ýerli häkimiýet öz ygtyýarlyklarynyň çäginde hereket edýän wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralardan ybaratdyr *(77-nji madda)*. Ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti welaýatlarda – welaýat häkimleri, şäherlerde – şäher häkimleri, etraplarda – etrap häkimleri amala aşyrýarlar *(80-nji madda)*. Türkmenistanda 5 welaýat (Ahal, Balkan, Mary, Lebap, Daşoguz), 50 etrap, 8 sany şäher etraby (olaryň 6-sy Aşgabatda, 2-si Türkmenbaşy şäherinde), 25 şäher bar. Welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň häkimleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleridir. Olar Prezident tarapyndan wezipä bellenilýär, wezipeden boşadylýar we oňa hasabat berýärler *(81-nji madda)*. Welaýatda, şäherlerde, etraplarda 5 ýyl möhlete saýlanýan wekilçilikli edaralar – halk maslahaty döredilýär. Olar öz çäklerinde sosial-ykdysady we medeni ösüşiň meselelerini çözmäge gatnaşýarlar. Bu wekilçilikli edaralar maslahat beriji statusa eýedir.

Konstitusiýada ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynda geňeşlere uly orun berilýär. Geňeşler etrapdaky şäherleriň (olar 9 sany), şäherçeleriň (77), geňeşlikleriň (565)[1] çäklerinde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edaralarydyr. Geňeş agzalary 3 ýyl möhlete saýlanylýar. Geňeşler öz çäklerini

[1] Geňeşlikler oba ilatly ýerleriň 1928-sini öz içine alýar.

sosial-ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň esasy ugurlaryny kesgitleýärler. Olar häkimiýet we dolandyryş edaralary bilen bilelikde şol meseleleri çözmäge işeňňir gatnaşýarlar. Geňeşiň işine arçyn ýolbaşçylyk edýär. Arçyn Geňeş agzalarynyň arasyndan saýlanylýar we şolara hasabat berýär *(87-nji madda).*

Türkmenistan uly ýurt. Onuň meýdany 491, 2 müň inedördül km-e deň bolup, ol Ýewropanyň 8 döwletiniň[1] bilelikdäki alanyňdaky çägine barabardyr. Ýöne ýurduň hemme sebitleriniň (welaýatlarynyň) ösüşi deň däldi... Mysal üçin, 1980-nji ýylda Daşoguz sebiti Türkmenistanyň senagat önümçiliginiň bary-ýogy 10%-ni tutup, ol tutuşlygyna diýen ýaly oba hojalygy bilen meşgullanýardy. Onuň tersine, Balkan sebitinde senagat ep-esli ösen (17%) bolup, oba hojalygy juda gowşakdy, pudakda ekerançylyk ýok diýen ýalydy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda alnyp barlan sebit syýasaty netijesinde, hemme sebitleri mümkingadar endigan ösdürmek barada köp işler edildi. Sosial-ykdysady ösüşde sebitara tapawutlar ýyl-ýyldan azalýar, bu, ylaýta-da, senagat önümçiliginde aýdyň görünýär. Mysal üçin, 2001-nji ýylda Ahal sebitinde jemi içerki önümde senagatyň paýy 50%-e, Balkanda – 48%, Maryda – 30%, Lebapda – 30%, Daşoguzda bolsa 26%-e barabar boldy. Soňky ýyllarda bu görkezijiler hem ep-esli artdy. Jemi içerki önümde oba hojalygynyň paýy barada aýdylanda, ol gitdigiçe azalýar. Elbetde, bu pudagyň ösmeýändigini däl-de, senagatyň ösüş depgininiň has çalt artýandygyny aňladýar.

Sebitleri ösdürmek syýasatynda Türkmenistanyň az ilatly ýerlerini ilatlaşdyrmaga, şol maksat bilen ol ýerlerde halk hojalyk ähmiýetli desgalary gurmaklyga uly ähmiýet berilýär. Mysal üçin, Balkan welaýaty öz tutýan meýdany boýunça iň uly welaýat. Ýöne ol welaýatlaryň arasynda iň az ilatlysydyr. Hut şol sebäpli bu ýerde iri desgalaryň gurluşygy çalt depginler bilen ýaýbaňlandyrylýar. Ol gurluşyklar diňe

[1] Awstriýa, Albaniýa, Belgiýa, Gollandiýa, Gresiýa, Daniýa, Portugaliýa, Şweýsariýa.

3. Sargyt № 2165.

ykdysady taýdan däl, sosial taýdan hem uly ähmiýetlidir. Çünki olar ilaty gür sebitlerden ilatyň bir bölegini şol ýerlere göçürip eltmäge we ýerleşdirmäge, täze obalaryň we etraplaryň döredilmegine mümkinçilik berýär.

Ýurduň paýtagty Aşgabat şäherine aýratyn uly üns berilýär. Ol Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, ylmy we medeni merkezidir. Ak mermere beslenen paýtagtda häzir 1 mln-a golaý adam ýa-da ýurduň ilatynyň 1/6-i ýaşaýar. Sebit syýasatynda welaýat merkezleriniň, ähli şäherleriň we obalaryň abadanlaşdyrylmagyna ünsüň güýçlenýändigi äşgär duýulýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ilatynyň 46%-i şäherlerde, 54%-i oba ýerlerinde ýaşaýar. Ilatyň 95%-e golaýy türkmenlerdir. Ýurtda özbekler, ruslar, gazaklar, azerbaýjanlar, ermeniler, buluçlar we başga-da onlarça milletleriň wekilleri ýaşaýar. Türkmenistanyň ilatynyň ýarysy 20 ýaşa ýetmedik ýaşlardyr. Şol sebäpli ýurduň durmuşynda ýaşlaryň ornuna uly ähmiýet berilýändigi tebigydyr.

?

1. Türkmenistanda näçe welaýat, etrap, şäher bar?
2. Welaýatlary, uly şäherleri kartada görkeziň.
3. Sebit syýasaty näme? Bu barada referat ýazyň.
4. Siziň pikiriňizçe, ilatyň köp böleginiň ýaşlar bolmagy haýsy meselelere has köp üns bermegi talap edýär?

## §7. Milli Goşunyň döredilmegi

Türkmenistanda Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap, Milli Goşuny hem döretmeklige girişildi. Milli Goşun respublikanyň çäklerinde ýerleşen öňki SSSR-iň goşuny esasynda döredilenem bolsa, ol örän gysga wagtyň içinde düýpli özgerdildi. Halkymyzyň milli ruhuna esaslanýan, Garaşsyzlygyň belent maksatlaryna gulluk edýän häzirki zaman türkmen goşun bölümlerini döretmek işleri alnyp baryldy.

1992-nji ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň Goranmak ministrligi döredildi. Milli Goşun üçin kadrlary taýýarlamakda, ony häzirki zaman harby tehnikasy bilen üpjün etmekde Russiýa bilen harby hyzmatdaşlyk aýratyn ähmiýete eýe boldy. 1992-nji ýylyň iýun aýynda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda harby hyzmatdaşlyk we goranmak meselelerinde sazlaşykly syýasat alyp barmak barada ylalaşyk baglaşyldy. Iýulda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini döretmek bilen baglanyşykly çäreler hakynda türkmen-rus şertnamasyna gol çekildi. Iki ýurduň arasynda harby hyzmatdaşlygyň aýry-aýry ugurlary: Döwlet serhedini bilelikde goramak, goşuny harby tehnika bilen üpjün etmek, howa hüjüminden bilelikde goranmak, esgerlere medisina hyzmatyny ýola goýmak we başga-da käbir meseleler boýunça şertnamalar baglaşyldy. Ol şertnamalar iki ýurduň hem howpsuzlygyny goramagyň bähbitlerinden ugur alýardy we ýaş Türkmen döwletiniň goranmak kuwwatyny esaslandyrmaga ýardam edýärdi. Mysal üçin, serhet hakdaky şertnama, Türkmenistanyň Serhet goşunlarynyň döredilendigine (1992, awgust) garamazdan, rus serhetçileriniň entek bu ýerde galýandygyny, çünki döwlet serhedini bilelikde goramagyň Russiýa Federasiýasynyň hem bähbitlerine laýyk gelýändigini nazarda tutýardy, bu şertnama 1999-njy ýylyň 22-nji dekabryna, ýagny iň soňky rus esgeriniň Türkmenistanyň çäklerinden çykan gününe çenli hereket etdi.

Döwlet serhedini goramak babatda goňşy ýurtlar bolup hyzmatdaşlyk etmek maksady bilen, 1994-nji ýylda Türk-



**Türkmenistanyň Harby instituty**

menistan bilen Eýranyň, 1996-njy ýylda Türkmenistan bilen Özbegistanyň, 2001-nji ýylda Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda ylalaşyga gol çekildi. 1999–2000-nji ýyllarda Garabogaz, Türkmenabat, Serhedabat ýaly serhetýaka ilatly ýerlerde serhet birikmeleri döredildi. Soňky ýyllarda serhet birikmelerinde serhet galalarynyň onlarçasy guruldy. Olar kämil tehniki enjamlar bilen enjamlaşdyryldy. Serhet galalarynyň hersinde 40-a golaý serhetçi maşgalalary üçin niýetlenen ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary hem guruldy. Döwrebap serhet galalalarynyň gurluşygy dowam edýär. Serhetçiler serhetýaka etraplarda parahat ýagdaýy üpjün edýärler.

1993-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanda Harby institut açyldy. Institutda ugurymlaryň eýýäm birnäçe tapgyry goýberildi. Milli Goşun üçin harby hünärmenler beýleki döwletlerde hem taýýarlanyldy. Mysal üçin, 1995-nji ýylda harby hünärler boýunça türkmen kursantlarynyň 300-e golaýy Türkiýede, 100-den gowragy Russiýa Federasiýasynda, onlarçasy bolsa Ukrainada, Belarus Respublikasynda, Gazagystanda we Özbegistanda okaýardylar.

1993-nji ýylda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň hem instituty açylypdy. 1998-nji ýylda ol S. A. Nyýazow adyndaky Polisiýa akademiýasyna öwrüldi. 2007-nji ýylda Beýik Türkmenbaşy adyndaky Harby akademiýa işläp başlady, 2009-njy ýylda bu akademiýalaryň täze binalarynyň gurluşygy tamamlanyp, ulanylmaga berildi. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň Goranmak ministirliginiň Harby-deňiz instituty, 2011-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Serhet instituty hem döredildi. Häzirki wagtda bu ýokary okuw mekdeplerinde harby hünärleriň onlarçasy boýunça hünärmenler taýýarlanylýar.

Türkmenistanyň Milli Goşuny Guryýer goşunyndan, Harby-Howa güýçlerinden, Howa hüjüminden goranmak goşunlaryndan we Harby-Deňiz güýçlerinden ybaratdyr. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň Harby-Deňiz güýçlerini ösdürmek maksatnamasy kabul edildi. Harby-Deňiz güýçleriniň öňünde ýurdumyzyň Hazar deňzinde bähbitlerini goramak wezipesi goýuldy.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde milli äheňlere ýugrulan, döwlet nyşanlaryna laýyk gelýän milli harby lybaslar kabul edildi. Serkerdeleriň pogonlarynda ýyldyzlaryň ýerleşdirilişi dünýä ölçeglerine laýyk getirildi. Goşun gullugynyň düzgünnamalary, buýruklary türkmen dilinde beýan edildi. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde türkmenler bilen bir hatarda döwletimiziň raýaty bolan rus, özbek, belarus, ermeni we beýleki milletleriň hem wekilleri gulluk edýärler.

1996-njy ýylda Türkmenistanyň harby doktrinasy kabul edildi. 50 ýyllyk möhlete niýetlenen bu doktrina Türkmenistanyň howpsuzlyk syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Ol ýurtda bazar gatnaşyklaryna geçilýän, demokratik özgertmeleriň amala aşyrylýan we täze halkara gatnaşyklarynyň emele gelýän döwründe harby meseleler boýunça resmi garaýyşlaryň kabul edilen ulgamydyr. Ol garaýyşlara laýyklykda, Türkmenistan:

— Hiç bir döwlete öz duşmany hökmünde garamaýar;

— Hiç bir toparlaýyn harby bileleşige girmez;

– Eger-de Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň, çäkleriniň, harby goşunlarynyň üstüne ýaragly çozuşlar edilip, öz-özüni goramaga mejbur bolmasa, onda ol öz Ýaragly Güýçlerini hiç döwletiň garşysyna ulanmaz.

– Öz çäklerinde daşary ýurt goşunlaryny saklamaz;

– Uruşlaryň we ýaragly dawalaryň öňüni almakda dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ýardam eder;

– Halkara hukugynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine, uruşlaryň we ýaragly dawalaryň öňüni almak boýunça ähli ýurtlaryň netijeli çäreleriniň işlenip düzülmegine, kabul edilmegine we amala aşyrylmagyna gatnaşar;

Türkmenistan ýadro ýaragsyz döwletdir we öz Ýaragly Güýçleriniň köpçülikleýin gyryş ýaraglary bilen enjamlaşdyrylmagyna ýol bermez.

Türkmenistan öz harby howpsuzlygyny syýasy-diplomatik we beýleki parahatçylyk çäreleri bilen üpjün eder. Şunuň bilen baglanyşyklykda ol öz Ýaragly Güýçlerini we beýleki goşunlaryny:

– Öz garşysyna agressiýa edilen wagtynda Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewüligini goramak;

Türkmenistanyň döwlet serhedine, çäkleriniň bitewiligine howp salýan ýaragly dawalaryň, her hili ýaragly zorlugyň öňüni almak maksady üçin ulanmagy zerur diýip hasap edýär.

Türkmenistanyň harby doktrinasy goranmak häsiýetlidir. Ol uruşlaryň, ýaragly toparlanyşyklaryň öňüni almaga, milli Ýaragly Güýçleri eziz Watany goramaga taýýarlamaga, ýurduň harby howpsuzlygynyň üstüne abanjak howpuň garşysyna hereket etmäge we halkyň jana-jan bähbitlerini goramaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň harby doktrinasy hiç bir jähtden beýleki döwletleriň howpsuzlygynyň üstüne abanmaýar we deňhukukly, ikitaraplaýyn peýdaly döwletara gatnaşyklaryň çäklerinde üpjün edilýär. Türkmenistan uruşlaryň we harby dawalaryň öňüni almakda syýasy-diplomatik, halkara-hukuk, ykdysady we beýleki harby däl çärelere daýanýar, parahatçylyga howp salmakdan we ony bozmakdan, agressiw etmişlere ýol bermekden daşda durýar. Ol oňyn bitaraplyk we

halkara jedellerini parahatçylykly kadalaşdyrmak, döwletleriň özygtyýarlylygyna, çäkleriniň bitewiligine hormat goýmak, olaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, döwlet serhetleriniň bozulmazlygy ýörelgelerine we halkara hukugy tarapyndan umumy ykarar edilen beýleki ýörelgelere eýerýär.

1994-nji ýylda Brýusselde (Belgiýa) NATO[1]-nyň «Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» maksatnamasy işlenip düzüldi. 1996-njy ýylda Türkmenistan hem bu maksatnama goşuldy we onuň çäklerinde ýurduň öz maksatnamasy kabul edildi. Ol Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine, şonuň bilen baglanyşykly dünýä jemgyýetçiliginiň öňündäki borçlaryna çapraz gelmeýär. Türkmenistanyň NATO bilen hyzmatdaşlygynyň ugurlary ýurduň harby doktrinasynyň maksatlary bilen utgaşyp gidýär. Onuň düýp maksady ýurduň syýasy garaşsyzlygyny pugtalandyrmakdan, howpsuzlygyny üpjün etmekden we ähli daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen özara peýdaly aragatnaşygy ösdürmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň maddy-tehniki üpjünçiligi, söweşjeň taýýarlygy ýyl-ýyldan ýokarlanýar. 2013-nji ýylyň maýynda Hazar deňzinde geçirilen «Galkan – 2013», soňra gury ýerde geçirilen «Galkan – 2014» atyşykly taktiki okuw türgenleşikleri ony aýdyň görkezdi. Milli Goşun bölümleri barha kämilleşýärler we türkmen topragynyň ygtybarly goragynda durýarlar.

* * *

Türkmenistan döwletiniň döredilmegi adamzat jemgyýetinde täze uly öwrülişik pursadyna gabat geldi. Taryhyň akymy üýtgäp, okguny artdy. Wakalar orän çalt bolup geçdi.

---

[1] NATO (Demirgazyk atlantik harby bileleşigi) 1949-njy ýylda döredildi. Oňa ABŞ, Angliýa, Germaniýa, Kanada, Belgiýa, Gollandiýa, Lýuksemburg, Norwegiýa, Daniýa, Italiýa, Fransiýa, Ispaniýa, Gresiýa, Türkiýe girýär. Soňky döwürde NATO-nyň hataryna Polşa, Wengriýa, Çehiýa, Sloweniýa, Bolgariýa, Rumyniýa, Latwiýa, Litwa, Estoniýa döwletleri hem kabul edildi. SSSR dargap, Warşawa şertnamasy ýatyrylandan soň (1991 ý.), NATO dünýäde ýeke-täk ägirt uly harby we intellektual mümkinçiligi özünde jemleýän harby bileleşikdir. Onuň baş edarasy Brýusselde ýerleşýär.

SSSR-iň dargamagy bilen Ýewropada we Aziýada köpsanly döwletler, şol sanda Türkmenistan hem syýasy garaşsyzlyk gazandy. Sähel wagtyň içinde ýurduň öz Konstitusiýasy we beýleki kanunlary işlenip düzüldi hem-de kabul edildi. Döwlet nyşanlary döredildi, ýurduň öz ösüş ýoly seçilip alyndy. Milli Goşun döredildi we pugtalandyryldy. Ýaş Türkmen döwletini dünýä jemgyýetçiligi ykrar etdi. Bu ägirt uly ähmiýetli işler halkymyzyň taryhy ykbalynda düýpli öwrülişigi aňlatdy. Ýöne esasy zat, ýurduň öz geçiş döwri üçin öz ösüş ýoluny tapyp bilmegidir. Ol döwletde syýasy durnuklylygy, jemgyýetiň agzybirligini saklamaga we ilatyň aňyny özgerişlikleriň zerurlygyna we dolanuwsyzlygyna taýýarlamaga mümkinçilik berdi.

?

1. Türkmenistan geçiş döwri üçin öz ösüş ýoluny tapmagy başardy diýilýär. Ol ýol we onuň artykmaçlygy hakda siz näme aýdyp bilersiňiz?
2. Milli Goşuny döretmekde Russiýa Federasiýasy bilen harby hyzmatdaşlygyň ähmiýetine siz nähili düşünýärsiňiz?
3. Türkmenistanyň harby doktrinasy haçan kabul edildi? Onda beýan edilen esasy garaýyşlar barada referat ýazyň.
4. Türkmenistanda harby hünärmenleri taýýarlaýan nähili ýokary okuw mekdepleri bar?
5. Türkmenistanyň NATO bilen hyzmatdaşlygy hakda gürrüň beriň.

## Resminama

### «Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny

1. Türkmenistan SSR-niň çägini öz içine alýan garaşsyz demokratik döwleti – Türkmenistany jar etmeli...

2. Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň formasy respublikadyr. Bu respublikada döwlet häkimiýetiniň eýesi halkdyr, ol öz häkimiýetini gös-göni halk geňeşiniň (Referendumyň), wekilçilikli organlaryň üsti bilen amala aşyrýar.

3. Türkmenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň Baş Kanuny we kanunlary agalyk edýär...

4. Türkmenistanyň çägi emele gelen serhetlerde eldegrilmesizdir we bölünmezdir.

5. Türkmenistanda döwlet häkimiýeti ony kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we sud häkimiýetine bölmek prinsipi boýunça amala aşyrylýar...

7. Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamy Prezident bolup, ol döwletiň baştutanydyr. Türkmenistanyň Prezidenti ýerine ýetiriji häkimiýete hem baştutanlyk edýär...

9. Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanyň raýatlygy ýola goýulýar. Türkmenistanyň raýatlygy, ony ýitirmegiň şertleri hem tertibi, raýatlyk meseleleri babatda beýleki döwletler bilen özara gatnaşyklar Türkmenistanyň Baş Kanuny we kanunlary arkaly düzgünleşdirilýär. Türkmenistan öz çäklerinden daşardaky raýatlaryny goraýar, olara howandarlyk edýär...

10. Türkmenistanyň çägindäki ýer, ýerasty baýlyklary, howa giňişligi, suw hem beýleki tebigy resurslar, deňiz ykdysady zolagy halkyň milli baýlygy we eýeçiligi bolup, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň maddy esasy bolup hyzmat edýär...

11. Türkmenistan ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmegi amala aşyrýar.

12. Türkmenistan öz üniň maliýe syýasatyny, pul ulgamyny özbaşdak kesgitleýär, döwlet bank organlaryny guraýar.

13. Türkmenistan SSR Soýuzyna giren resbuplikalaryň garaşsyzlygyny, olaryň arasynda emele gelen serhetleriniň üýtgewsizligini, olaryň çäkleriniň eldegrilmesizdigini, bölünmezdigini ykrar edýär.

14. Garaşsyz döwlet — dünýä birleşiginiň deň hukukly agzasy hökmünde Türkmenistan öz daşary syýasatyny özbaşdak düzýär we durmuşa geçirýär.

15. Türkmenistan öz üniň harby syýasatyny özbaşdak kesgitleýär, çäginiň bitewiligini, garaşsyzlygyny gorap saklamagy üpjün edýär, ýaragly düzümlerini döredýär.

16. Türkmenistan türkmen halkynyň milli-medeni taýdan täzeden rowaçlanmagy hakda, onuň öz milletlik ähmiýetine düşünjesini artdyrmak hakda, halk däplerini ýaňadan dikeltmek hakda, döwlet dili bolan türkmen diliniň giňden ulanylmagy hakda alada edýär.

Türkmenistan resbuplikanyň çäginde ýaşaýan ähli milletleriň, halkyýetleriň wekilleriniň milli-medeni taýdan erkin ösmek hukuklaryny kepillendirýär.

17. Türkmenistanyň öz döwlet nyşanlary – tugrasy, baýdagy, senasy bolýar.

19. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk gününi ählihalk baýramy diýip yglan etmeli, ony her ýyl 27-nji oktýabrda toýlamaly, şol güni iş güni däl diýip bellemeli.

20. Şu Konstitusion kanun kabul edilen pursadyndan güýje girýär.

**1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry**
**Türkmenistan SSR-niň Ýokary Soweti.**

# II bap

# JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY DURMUŞYŇ ÖZGERDILMEGI

## § 8. Jemgyýetçilik-syýasy durmuşy özgertmegiň zerurlygy

Türkmenistan özbaşdaklyk gazanandan soň, ýurtda syýasy ulgamy we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özgertmek wezipesi öňe çykdy. Geçiş döwri hakdaky taglymata laýyklykda, jemgyýeti özgertmekligiň ewolýusion ýoly saýlanyp alyndy. Şunda, ozaly bilen, türkmen jemgyýetiniň ýagdaýy, halkyň gylyk-häsiýeti, milli özboluşlylygy we aýratynlyklary nazarda tutuldy. Jemgyýeti özgertmekde nämeden ugur alyndy diýen sowala Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazow: «Birinjiden, jemgyýeti özgertmek işiniň döwletiň baştutanlyk roluny oýnamagy bilen ýokardan başlananlygyndan ugur aldyk. Ikinjiden, nesilleriň psihologik taýdan taýýar däldigini nazara almak zerurdy... üçünjiden, biz bu psihologiýanyň aňyrsyndan beýleki bir psihologiýanyň, ýagny milli taýdan öz ähmiýetiňe düşünmek duýgusynyň oýanyp başlanmagy bilen baglanyşykly psihologiýanyň hem görnüp ugrajakdygyndan ugur aldyk» diýip, jogap beripdi.

Jemgyýeti özgertmek, çuň manysynda milleti özgertmegi, ony ruhy-ahlak taýdan täzeden döretmegi aňladýar. Bu milli döwletiň kemala gelmeginde örän möhüm ugur bolup durýar. Şol sebäpli eýýäm garaşsyzlyk alynmagynyň yzysüre, Halk maslahatynda (1992 ý.) Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň başlanýandygy yglan edildi. Oňa jemgyýetçilik guramalary, intelligensiýa wekilleri goşuldylar.

1994-nji ýylyň ýanwarynda Türkmenistanyň Halk maslahatynyň we Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň gurul-

taýynyň bilelikdäki mejlisi boldy. Onda Milli galkynyş hereketiniň düýp manysy we maksady häsiýetlendirildi. Bu hereket Garaşsyz Türkmenistany ýakyn ýyllarda dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmak, onuň halkynyň eşretli, bagtly ýaşamagy ugrundaky ählihalk göreşidir. Ol parahatçylygy, agzybirligi, jebisligi, tutanýerli zähmeti baýdak edinen halkyň öz bagtyna ýetmek ugrundaky mukaddes göreşidir. Bu göreş türkmen halkynyň at-abraýyny, mertebesini arşa götermek üçin alnyp barylýan göreşdir diýlip nygtaldy.

Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň I gurultaýynda hereketiň Milli geňeşi saýlandy. Şol döwre çenli Türkmenistan Kommunistik partiýasy ýatyrylyp, Türkmenistanyň Demokratik partiýasy döredilipdi, Türkmenistan leninçi kommunistik ýaşlar soýuzyna derek Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy, Türkmenistan profsoýuzlaryna derek Kärdeşler arkalaşyklary, Ýaşulular sowetiniň ýerine Ýaşulular maslahaty, Aýallar sowetine derek Zenanlar birleşigi hereket edýärdi. Beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň işi hem täze mazmuna eýe boldy. Milli geňeş «Galkynyş» hereketiniň düzümindäki bu guramalaryň alyp barýan işleriniň esasy ugurlaryny kesgitledi, şolary durmuşa geçirmek üçin degişli çäreleri işläp taýýarlady we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etdi.

1996-njy ýylda Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň II gurultaýy boldy. 2001-nji ýylda III, 2006-njy ýylda IV gurultaýlary bolup geçdi. Ol gurultaýlarda hem Milli geňeşiň jemgyýetçilik guramalarynyň tagallasyny birleşdirmek we ugrukdyrmak barada alyp baran işleriniň jemi jemlenildi, nobatdaky wezipeleri kesgitlenildi. Jemgyýetçilik birleşmeleri bu hereketiň düzüminde sazlaşykly işläp, türkmen jemgyýetiniň jebisleşmegine ýardam etdiler. Olar halkyň gujur-gaýratyny Türkmenistany sosial-ykdysady taýdan ösdürmekligiň möhüm wezipelerini üstünlikli çözmäge gönükdirdiler.

2011-nji ýylyň dekabrynda Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň VII gurultaýy boldy. Gurultaýda eden çykyşynda,

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Umumymilli «Galkynyş» hereketi ýaş, Garaşsyz Türkmen döwletiniň esaslaryny pugtalandyrmakda ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda möhüm orny eýeledi. Ol birleşdiriji güýç hökmünde döwletimiziň we jemgyýetimiziň kemala gelmeginiň hem-de ösüşiniň deslapky tapgyrynda syýasy, durmuş-ykdysady, ruhy ahlak wezipelerini çözmekde uly ýardam berdi. Bu hereketiň bitiren taryhy hyzmaty hem şundan ybaratdyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik birleşmeleri ýeterlik syýasy we jemgyýetçilik tejribesini toplady, indi olara Umumymilli «Galkynyş» hereketi ýaly guramanyň howandarlygynda bolup, ähli jogapkärçiligi bu guramanyň üstüne ýükläp işlemegiň zerurlygy ýok. Ýurdumyzyň ösüşiniň täze tapgyry her bir jemgyýetçilik birleşmesiniň öňünde häzirki döwürde ýüze çykýan ýeňil bolmadyk meseleleri çözmek wezipelerini goýýar. Her bir jemgyýetçilik birleşmesiniň özbaşdak we döwrüň ruhuna laýyk hereket etmegi bilen birlikde, döwletiň we jemgyýetiň öňündäki öz jogapkärçiligini duýmagy möhümdir»[1] diýdi.

Şeýlelikde, Umumymilli «Galkynyş» hereketi öz işini bes etdi. Ýöne oňa çenli, garaşsyz ösüşiň 20 ýylynyň dowamynda ähli jemgyýetçilik guramalary bu hereketiň düzüminde bolup, özara gatnaşykda we hyzmatdaşlykda işlemegiň özboluşly mekdebini geçdiler. «Galkynyş» hereketi olaryň sazlaşykly işini üpjün etdi.

**?**

1. Garaşsyzlyk zamanynda jemgyýeti özgertmekligiň zerurlygyna siz nähili düşünýärsiňiz?
2. Umumymilli «Galkynyş» hereketi haçan döredildi? Onuň maksady nämedi?
3. «Galkynyş» hereketiniň düzümine giren guramalaryň atlaryny aýdyň.
4. Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň işiniň togtadylmagynyň sebäpleri barada gürrüň beriň.

---

[1] *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. V tom – Aşgabat, 2012. – 455-457 s.

## § 9 Jemgyýetçilik-syyasy guramalarynyň we birleşmeleriniň işi

**Türkmenistanyň Demokratik partiýasy**. 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda partiýany esaslandyryş gurultaýy bolup geçdi. Gurultaý TDP-niň Syýasy geňeşini saýlady. Derňew toparyny tassyklady. Partiýanyň Başlyklygyna hem Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazow saýlanyldy. TDP öz Maksatnamasyna hem Tertipnamasyna laýyklykda işleýän parlament kysymly özbaşdak syýasy guramadyr. Ol Türkmenistanyň syýasy ulgamynyň aýrylmaz bölegi bolup, meýletinlik esasynda Demokratik partiýanyň maksatlaryny hem wezipelerini ykrar edýän raýatlary birleşdirýär. Onuň esasy maksady – Türkmenistanyň döwlet gurluşyny pugtalandyrmakdan, ýurtda umumadamzat gymmatlyklaryna esaslanyp, ynsanperwer demokratik jemgyýeti gurmakdan, adamyň hukuklaryny hem-de mynasyp ýaşaýyş şertlerini üpjün etmegi kepillendirmekden ybaratdyr.

1992-nji ýylda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň 56 müňe golaý agzasy bolup, olar 2700-e golaý ilkinji partiýa guramalaryna birleşýärdiler. Partiýa eýýäm ilatyň ähli gatlaklaryny öz içine alypdy, öz hatarlaryna 47 milletiň wekillerini birleşdirýärdi. TDP-niň Syýasy geňeşi ýerlerde syýasy köpçülik işlerini alyp barmaklyga ünsi güýçlendirdi. Diňe bir 1994–1997-nji ýyllarda beýleki jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde seminarlaryň we ylmy-amaly maslahatlaryň 39-sy geçirildi. Şol seminardyr maslahatlarda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen kararlaryň 20-ä golaýy kabul edildi we ilat arasynda degişli düşündiriş işleri alnyp baryldy.

TDP-niň II – IV gurultaýlary Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň gurultaýlary bilen bilelikde geçirildi. TDP-niň Syýasy geňeşiniň, welaýat we şäher komitetleriniň iş amalynda kärhanalarda, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde göçme mejlisleri geçirmek ornaşdyryldy. TDP-niň Aşgabat şäherkomunyň Türkmenistanyň Nebit-gaz senaga-

ty we mineral serişdeler ministrliginde bolan göçme mejlisi işjeňlik ýagdaýynda geçip, onda şol ministrligiň we «Nebitmaş» zawodynyň partiýa guramalarynyň ýurtda amala aşyrylýan sosial-ykdysady özgertmeleriň çäklerinde alyp barýan işlerine garaldy. Aşgabat şäherkomynyň Türkmen halk hojalyk institutynyň rektoratynyň hem-de partiýa guramasynyň ýokary bilimli ykdysady hünärmenleri taýýarlamakda alyp barýan işlerine bagyşlanan göçme mejlisi hem netijeli boldy.

Türkmenistan Demokratik partiýasynyň halkara gatnaşyklary ýola goýuldy. TDP Germaniýanyň Sosial-demokratik partiasy, ABŞ-nyň Demokratik, Türkiýäniň Dogry ýol, Hytaýyň Kommunistik we käbir beýleki ýurtlaryň demokratik partiýalary bilen gatnaşyk açdy, ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi, tejribe alşyldy.

**Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy.** Gurama 1991-nji ýylyň noýabrynda döredilip, oňa beýik Magtymgulynyň ady dakyldy. Ýaşlar guramasynyň Maksatnamasy we Tertipnamasy tassyklanyldy, Merkezi geňeş hem-de Merkezi derňew topary saýlanyldy. Guramanyň welaýat, şäher, etrap komitetleri döredildi. Olaryň ilkinji guramalar bilen kadalaşdyryjy guramaçylyk esaslary kemala geldi.

1994-nji ýylyň oktýabrynda Ýaşlar guramasynyň I gurultaýy boldy. Gurultaýda döwletiň ýaşlar baradaky syýasaty häsiýetlendirildi we ýurduň durmuşynda ýaşlaryň orny kesgitlenildi. «Ýaşlar Watanyň garaşsyzlygyny aýap saklamalydyr, onuň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmalydyr. Ýaşlar guramasy Milli Goşunyň esgerlerini watançylyk ruhunda terbiýelemek hakynda alada etmelidir, onuň goşundaky ýaşlara ägirt uly täsiri bolmalydyr. Türkmen ýaşlary... ökde hünärli işgärler bolup ýetişmelidirler, çünki ýurdumyzyň geljegi şolaryň zähmetine baglydyr» diýlip, gurultaýda nygtaldy.

Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň II (2002 ý.), III (2006 ý.) gurultaýlarynyň kararlary ýaşlaryň arasynda

alnyp barylýan ideýa-terbiýeçilik işleriniň gerimini has-da giňeltdi. Mysal üçin, II gurultaýa çenli guramanyň agzalarynyň sany 600 müňe ýetdi. Ýaşlara bilim we terbiýe bermek, olarda sagdyn ýaşaýyş ýörelgesini kemala getirmek boýunça köp sanly çäreler durmuşa geçirildi. Mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň, esgerleriň arasynda «Ruhnama» kitaby boýunça çeper okaýyşlar guraldy, söhbetdeşlikler, konferensiýalar geçirildi. Guramanyň Merkezi geňeşi tarapyndan ruhy we beden taýdan sagdyn ýaşlary terbiýelemek barada Baş meýilnama taýýarlanyldy. Oňa laýyklykda, welaýatlarda, etraplarda we paýtagtda «Saglygym – baýlygym», «Diňlemeli, okamaly, ýaşamaly», «Maşgalam – baş galam» diýen şygarlar astynda seminarlar, tegelek stollar, sport ýaryşlary, estrada aýdymçylarynyň konsertleri guralyp, olara ýaşlar bilen bir hatarda uruş we zähmet weteranlary, intelligensiýa wekilleri hem gatnaşdylar.

«XXI asyr – neşesiz», «Ýaşlar sagdyn ýaşaýyş ýörelgesi ugrunda», «Dünýäni gowulandyralyň!» diýen şygarlar astynda çagalaryň çeken suratlarynyň, plakatlarynyň gözden geçiriliş bäsleşigi (2002 ý.) ýaş zehinlerde uly gyzyklanma döretdi. Bäşleşigiň jemleri boýunça Aşgabatda çagalaryň 2 müňe golaýynyň çeken suratlarynyň, plakatlarynyň sergisi boldy. Sergide, esasan, Bäşim Nuraly adyndaky çeperçilik mekdebiniň, Çagalar we ýetginjekler köşgüniň gurnaklaryna gatnaşýan çagalaryň taýýarlan işleri görkezildi. Çeperçilik hem mazmun taýdan has kämil suratlary çekenlere Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň ýadygärlik diplomlary gowşuryldy. Ýaşlar guramasy beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň geçirýän syýasy-köpçülik çärelerine hem işeňňir gatnaşýar.

**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary.** Gurama 1993-nji ýylda döredildi, ýöne onuň işi, esasan, I gurultaýdan (1995 ý.) soň ýaýbaňlandyryldy. Kärdeşler arkalaşyklarynyň gurultaýy tarapyndan kabul edilen Maksatnamasyna we Tertipnamasyna laýyklykda, TKA-nyň Milli merkezi, onuň pudaklaýyn edaralary kärhanalarda we guramalarda işgärleriň zähmet baradaky we beýleki hukuklaryny goramak, olar üçin

sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerini döretmek barada iş alyp bardylar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň birnäçe gymmatly başlangyçlary bar. Olar zähmetkeşleriň saglygyny we abadançylygyny nazara alyp, kärhanalarda we edaralarda zähmet hem durmuş şertleriniň jemgyýetçilik gözden geçirilişini guraýarlar. Ilkinji şeýle gözden geçiriliş 1995-nji ýylda bolup, onuň jemleri Döwlet baýdagynyň gününe gabatlanyp jemlenildi. Bu çäräniň maksady zähmetiň guralyşyny gowulandyrmakdan, önümçilikde maýypçylygy we näsaglygy azaltmakdan, degerli durmuş şertlerini döretmek esasynda zähmet öndürijiligini artdyrmakdan we ykdysadyýetde ahyrky ýokary netijeleri gazanmakdan ybaratdyr.

1997-nji ýylda bu çäre dokma senagat, aragatnaşyk, energetika we senagat ministrlikleriniň, nebit-gaz toplumynyň, «Türkmendemirýollary» dolandyryş edarasynyň, «Türkmenpagta» döwlet konserniniň, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň kärhanalarynda hem-de guramalarynda has guramaçylykly geçdi. Onuň netijeleri boýunça «Türkmenpagta» döwlet konserniniň Köneürgençdäki pagta arassalaýjy zawody, «Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkanabatdaky merkezi önümçilik bazasy, Türkmenabadyň ýüpek birleşigi, Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar ýasli-bagy, «Rembyttehnika» önümçilik birleşigi, «Türkmendemirýollary» dolandyryş edarasynyň Mary stansiýasynyň lokomotiw deposy ýeňijiler boldular.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň işine häsiýetli zat: olar ýerli häkimýet, hojalyk dolandyryş edaralary, gös-göni iş berijiler bilen gapma-garşy durman, aragatnaşyk saklamak we hyzmatdaşlyk arkaly hereket edýärler. Köpçülikleýin şertnamalary we ylalaşyklary işläp düzmek, baglaşmak hem-de durmuşa geçirmek düzgüni şeýle özara gatnaşyklaryň aýdyň mysalydyr. Eger 2000-nji ýylda şeýle şertnamadyr ylalaşyklaryň 2,2 müňe golaýy baglaşylan bolsa, 2001-nji ýylda 3,3 müňüsi baglaşyldy. 2002-nji ýylda bolsa, diňe bir Ahal welaýatynda şeýle ylalaşyklaryň 812-si, 2003-nji ýylda

874-si baglaşyldy. Şertnamalar Ruhabat, Ak bugdaý, Tejen etraplarynyň edaralary we guramalary tarapyndan doly berjaý edildi. Munuň özi önümçilikde ýüzlerçe adamyň zähmet şertleriniň gowulanandygynyň, işgärleriň zähmetini goramak çäreleriniň geçirilendigininiň özbolusly beýany boldy.

Kärdeşler arkalaşyklary wagyz-nesihat işine hem uly goşant goşýar. Olaryň tagallasy bilen 2002–2004-nji ýyllarda orta we ýokary okuw mekdeplerinde, ylmy-barlag institutlarynda, edaralarda we kärhanalarda «Ruhnama otaglary» döredildi. Ol bezegli otaglarda jemgyýetçilik syýasy durmuşa degişli kitaplar, plakatlar, döwürleýin metbugat neşirleri goýuldy. Bu otaglar hemişe açyk bolup, partiýa we ýaşlaryň syýasy okuwlary şol ýerde geçirilýärdi.

2006-njy ýylda Kärdeşler arkalaşyklarynyň III gurultaýy bolup geçdi. Şol wagt arkalaşyklar 1,4 *mln* adamy özüne birleşdirýärdi. Arkalaşyklar gujur-gaýratyny önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, zähmetiň goralyşyny gowulandyrmaga, önümçilikde talabalaýyk şertleriň döredilmegini gazanmaga gönükdirýärdiler.

**Ýaşulularyň maslahaty.** Ýaşulularyň maslahaty (geňeşi) – bu halk demokratiýasynyň tapylgysyz bir görnüşidir. Ol Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda iňňän möhüm orun eýeleýär. Ol öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Türkmenler asyrlar boýy has möhüm, derwaýys meseleleri döwrüniň ajysyny-süýjüsini başdan geçiren, parasatly gojalaryň ýygnanyşygynda ara alyp maslahatlaşypdyrlar. Bu ýaşy uly nesliň wekillerine, olaryň ilat arasyndaky at-abraýyna adamlaryň sarpa goýmagyny aňladýan ajaýyp däpdir.

Ýaşulularyň I maslahaty Türkmenistan garaşsyzlygyny almazynyň öň ýanynda (1990 ý.) geçirildi. Respublikanyň ähli ýerinden Aşgabada üýşen aksakal gojalar SSSR-iň dargap barýan şertlerinde ýurtdaky ýagdaý, çözgüdine garaşylýan meseleler, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak baradaky çäreler hakynda jikme-jik gürrüň etdiler. Dana gojalaryň bu düýpli meseleler baradaky pikirle-

ri, teklipleri soňra «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasynyň işlenip düzülmegine esas bolup hyzmat etdi.

Ýaşulularyň II-V maslahatlarynda (1991–1994 ý.) Türkmenistanyň jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýy, Konstitusiýanyň taslamasy, «10 ýyl abadançylyk», «Saglyk» maksatnamalary ýaly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. V maslahatda ilkinji gezek ýaşulularyň bir toparyna «Hormatly il ýaşulusy» diýen hormatly at dakyldy.

1996-njy ýyldan başlap, Ýaşulular maslahaty Halk maslahatynyň, Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň mejlisleri bilen bilelikde geçirildi. Ýylda geçirilen ol bilelikdäki mejlisler «Ählihalk Maslahaty» diýlip atlandyrylyp, olarda hem Türkmenistanyň durmuşyna, içeri we daşary syýasatyna degişli derwaýys meselelere garaldy.

**Uruş weteranlarynyň guramasy.** Gurama 1995-nji ýylda döredildi. Onuň welaýat, şäher, etrap bölümlerinde uruş wetaranlary ýaşlar, esgerler bilen ýygy-ýygydan duşuşýarlar, olar ýaş nesle watançylyk, ahlak terbiýesini bermegi özleriniň iň möhüm borjy hasap edýärler. Gurama weteranlary sosial taýdan goramakda uly iş alyp barýar. Mysal üçin, 1997-nji ýylyň diňe soňky çärýeginde weteranlar guramalaryna arzadyr tekliplериň 308-si gowuşdy, 1800 adamyň bolsa hut özi kabul edilip, arzy diňlenildi we ýüze çykan meseleleriň çözgüdini tapmaga kömek edildi.

Weteranlar guramasy weteranlaryň zähmet, ýaşaýyş jaý baradaky we beýleki hukuklaryny goramak hakda alada edýär. Ol Watan goragynda wepat bolanlaryň mazarlaryny, ýadygärliklerini aýawly saklamagy, olaryň wepat bolan ýerlerini anyklamagy hem öz borjy hasaplap, bu meselelerde Russiýa Federasiýasynyň, Belarus Respublikasynyň, Ukrainanyň weteranlar guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Uruş weteranlarynyň guramasy Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde köp tomluk «Hatyra» (uruş ýyllarynda wepat bolanlar) we «Şöhrat» (uruşdan sag-aman gelenler hakda) kitaplarynyň ýazylmagyna ýakyndan gatnaşdy.

Uruş weteranlarynyň guramasy zähmet weteranlaryny hem ünsden düşürmeýär. Oňa ýaşuly adamlar, maýyplar, ýönekeý pensionerler arzlaryny aýtmaga gelýärler. Guramada her bir adamy dykgat bilen diňleýärler, degerli maslahatlar berýärler. Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen ýeňillikler hakynda islendik mesele boýunça düşündiriş berýärler.

**Zenanlar birleşigi.** Birleşik 1994-nji ýylda döredildi. Zenanlar birleşigi haýyr-yhsan we şepagat işini özüniň raýatlyk hem ynsanlyk borjy hasap edýänleri öz hatarlaryna goşýar. Birleşigiň näsaglara, ýetim çagalara we maýyplara howandarlyk etmek ýaly ynsanperwer işleri kän. Ol ýurtda geçirilýän haýyr-yhsan çärelerine hem işeňňir gatnaşýar. Diňe 1997-nji ýylda Zenanlar birleşigi hemaýatkärlik goldawy hökmünde ýetim çagalara niýetläp 100 *mln* manat pul geçirdi, olar üçin täze ýyl baýramçylygyny gurady. Birleşik bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde aýal-gyzlaryň zähmete we dynç alşa hukuklaryny goramaga, maşgalany, enäniň we çaganyň goraglylygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen ençeme çäreler geçirdi.

2002-nji ýylda Zenanlar birleşiginiň I gurultaýy boldy. Gurultaýda öz hatarlaryna milliona golaý aýal-gyzlary birleşdirýän guramanyň alyp barýan işlerine oňyn baha berildi. Ýurtda aýallar hereketiniň döredijilik güýjüne eýedigi, işjeň hem jebisdigi bellenip geçildi. Zenanlar birleşigi halkara aýallar guramalary bilen gatnaşyklary ýola goýdy. Birleşigiň wekilleri aýallaryň Yslamabatda, Ankarada, Pekinde geçirilen Bütindünýä konferensiýalaryna gatnaşdy.

***

Jemgyýetçilik guramalary Umumymilli «Galkynyş» hereketiniň düzüminde bolsalar-da, olar öz Maksatnamalaryna we Tertipnamalaryna laýyklykda, hersi özüne mahsus görnüşlerde we usullarda ilat arasynda syýasy-köpçülik işlerini alyp bardylar. Jemgyýetçilik guramalary Türkmenistanyň ilatynyň esasy köpçüligini öz içine alyp, türkmen jemgyýetiniň jebislenmegine ýardam etdiler, halkyň güýç-gaýratyny düýpli sosial-ykdysady özgertmeleri amala aşyrmaga gönükdirdiler.

?

1. Türkmenistanyň Demokratik partiýasy haçan esaslandyryldy?
2. Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy haçan döredildi? Siziň mekdebiňizde ýaşlar guramasy nähili iş alyp barýar? Şol işlere siziň şahsy goşandyňyz barmy?
3. Kärdeşler arkalaşyklary haçan döredildi? Olar nähili iş bilen meşgullanýar?
4. Ýaşulularyň maslahatynyň taryhy kökleri barada gürrüň beriň.
5. Umumymilli «Galkynyş» hereketine giren ýene haýsy guramalary bilýärsiňiz? Olaryň işi barada referat ýazyň.

## § 10. Türkmenistan jemgyýetçilik demokratiýasynyň ösüşiniň täze tapgyrynda

Häzirki döwürde ilatyň döredijilik işjeňligini artdyrmak, adamlaryň aň-düşünjesini ýokarlandyrmak örän möhüm wezipe bolup durýar. Ýurtda jemgyýetçilik demokratiýasynyň ösdürilmegi hut şu maksada gönükdirilendir. Çünki jemgyýetçilik-syýasy durmuş näçe aýdyň, erkin bolsa, adamlaryň aňly-düşünjeli işleri şonça-da netijeli bolýar. Demokratiýanyň ösdürilmegi jemgyýetçilik guramalarynyň işinde has aýdyň öz beýanyny tapýar.

**Türkmenistanyň Demokratik partiýasy.** TDP-niň VII gurultaýy (2013 ý.) onuň işinde özboluşly sepgit boldy. Syýasy geňeşiň gurultaýa hasabatynda ilkinji partiýa guramalarynyň 54 müňüsiniň hasabynda partiýa agzalarynyň 190 müňüsiniň, şol sanda 101 müň gullukçynyň, 12 müň ýaşlaryň, zenanlaryň hem 85 müňüsiniň durýandygy bellenip geçildi. Partiýa agzalarynyň aglaba köpüsi intelligensiýa wekilleri bolup, ol ilat arasynda syýasy-köpçülik işlerini giň möçberde alyp barmaga mümkinçilik berýär.

Gurultaýda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow çykyş etdi. Ol: «Ýurdumyzda demokratiýany ösdürmäge, raýat jemgyýetiniň institutlaryny berkitmäge, döwletimiziň hukuk binýadyny pugtalandyrmaga gönükdirilen işler alnyp barylýar. Belent sepgitlere ýetmek

üçin başy başlanan işleri ynamly dowam etmek zerur. Biziň partiýamyzyň esasy maksatlarynyň biri-de demokratik, hukuk, dünýewi döwleti, ösen jemgyýeti gurmakdan ybaratdyr. Demokratiýa – ilkinji nobatda, ähli adamlaryň deňligine we erkinligine esaslanýar. Geljekde-de, ýurdumyzda halk häkimýetiniň wekilçilikli edaralaryny ösdürmek boýunça möhüm işleri durmuşa geçirmegi maksat edinýäris»[1] diýdi.

Prezident öz çykyşynda ýurtda köppartiýaly syýasy ulgamy döretmek meselesine hem degip geçdi. Türkmenistanda «Syýasy partiýalar hakynda» (2012 ý.) kanunyň kabul edilmegi bilen, raýatlaryň kanunçylyga laýyklykda syýasy partiýalary döretmäge bolan hukuklaryny amala aşyrmaga şert döredilendigini aýtdy. «Men kanunlar esasynda şeýle giň mümkinçilikleriň döredilýän, ýurdumyzyň syýasy ulgamynyň kämilleşýän şertlerinde hem-de dürli pikirleri ýöredýän partiýalaryň emele gelýän döwründe hemmeleriň hukuklarynyň deňligini, dürli partiýalaryň işlemekleri üçin deň şertleri üpjün etmek maksady bilen, özümiň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesinde işleýän döwrümde Türkmenistanyň Demokratik partiýasyna agzalygymy togtatmak barada karara geldim. Şeýle hem partiýanyň Başlygy wezipesini öz üstümden aýyrmak barada netijä geldim.

Sebäbi jemgyýetimiziň täze derejelere çykýan döwründe Türkmenistanyň Konstitusiýasyny berjaý etmegiň kepili bolup çykyş edýän Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasy partiýa agza bolmakdan saklanmagy maksada laýyk bolar diýip hasap edýärin. Türkmenistanyň Prezidenti wezipesinden başga-da, men Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hem bolup durýaryn. Harby ulgamyň ýolbaşçylaryna bolsa, ýurdumyzda kanun esasynda syýasy iş bilen meşgullanmak gadagandyr»[2] diýip, Prezident sözüni jemledi.

Demokratik partiýanyň VII gurultaýy Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň pikirini goldady.

---

[1] «Galkynyş» gazeti, 2013-nji ýylyň 21-nji awgusty.
[2] Şol ýerde.

Prezidentiň teklibine görä, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzasy bolup durýan döwründe Hökümetiň beýleki ýolbaşçylary özleriniň partiýa agzalygyny wagtlaýyn togtatdylar. VII gurultaýda TDP-niň birnäçe üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen Maksatnamasynyň täze redaksiýasy we Tertipnamasy tassyklanyldy. TDP-niň Syýasy geňeşi we Merkezi gözegçilik toparynyň düzümi saýlanyldy.

Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Syýasy geňeşi, partiýanyň ýerli komitetleri ilat arasynda giň möçberli ideýa-terbiýeçilik işlerini alyp barýarlar. Olar ýurtda düýpli sosial-ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagyna, döwletiň we jemgyýetiň gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösüşine, halkyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegine uly goşant goşýarlar.

**Senagatçylar we telekeçiler partiýasy.** «Syýasy partiýalar hakyndaky» kanun senagatçylar we telekeçiler birleşigi (STB) tarapyndan has işjeň garşylandy. Ýurduň iň işewür adamlarynyň jemlenen bu birleşigi 2008-nji ýylyň martynda döredilipdi. Eýýäm 2010-njy ýylda STB öz neşirlerini ýola goýdy. Onuň «Rysgal» atly hepdeliginiň sahypalarynda türkmen telekeçiligindäki täzelikler, adygan telekeçiler hakynda oçerkler, öz işine täze başlaýanlar üçin maslahatlar, ýurtda gozgalmaýan emlägiň bazarynyň ösüşi hakyndaky seljeriji materiallar, halkara hyzmatdaşlygy baradaky maglumatlar, mahabat teklipleri çap edilýär. 2011-nji ýylyň ahyrynda STB-niň 2 müňe golaý agzasy bardy. Birleşigiň ýanynda telekeçilik mekdebi açylyp, welaýatlarda onuň şahamçalary işleýärdi.

2012-nji ýylyň tomsunda STB öz partiýasyny hem döretmeklige girişdi. Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň gurultaýyny taýýarlamak boýunça Guramaçylyk komiteti döredildi. 21-nji awgustda Aşgabatda STB-niň Biznes-merkezinde Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň I gurultaýy açyldy. Gurultaýda Senagatçylar we telekeçiler partiýasy (STP) döredildi, partiýanyň Maksatnamasy we

Tertipnamasy tassyklanyldy. Gurultaýda STP-niň Syýasy geňeşi, gözegçilik-derňew topary saýlanyldy.

Senagatçylar we telekeçiler partiýasy ýurduň syýasy durmuşyna işeňňir gatnaşyp başlady. STP ykdysadyýetiň döwlete dahylly däl bölegini çalt depginler bilen ösdürmek, telekeçileri höweslendirmek barada dürli çäreleri geçirýär. Mysal üçin, 2012-nji ýylyň dekabrynda STP-niň Syýasy geňeşiniň guramagynda partiýanyň we birleşigiň agzalarynyň arasynda «Halal baýamak sogaply ýörelge» diýen at bilen wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Çärä gatnaşyp, ak sakgal gojalar, ak saçly eneler telekeçilere halal işlemek we halal baýamak barada, alyjylara we müşderilere medeniýetli hyzmat etmek, döwlet tarapyndan telekeçilere berilýän goldawa arassa, halal zähmet bilen jogap bermek barada özleriniň gymmatly öwüt-ündewlerini berdiler.

**Türkmenistanyň Agrar partiýasy.** 2014-nji ýylyň iýulynda Agrar partiýany döretmek boýunça Guramaçylyk komiteti işläp başlady. Ähli taýýarlyk işleri amal edilensoň, 28-nji sentýabrda Agrar partiýany esaslandyryjy gurultaý çagyryldy. Gurultaýda Türkmenistanyň Agrar partiýasy (TAP) döredildi. TAP-yň Tertipnamasy we Maksatnamasy tassyklanyldy, partiýanyň Merkezi geňeşi, derňew-gözegçi topary saýlanyldy.

Türkmenistanyň Agrar partiýasy öz hatarlaryna agrosenagat toplumynyň işgärlerini birleşdirýär. Ol öz Maksatnamasyna laýyklykda, oba hojalygynda we onuň bilen baglanyşykly senagat kärhanalarynda täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, pudakda önümleriň öndürilişini artdyrmak, obanyň sosial-medeni durmuşyny ýokary götermek boýunça iş alyp barýar.

**Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy.** Jemgyýeti demokratiýalaşdyrmagyň täze tapgyrynda Ýaşlar guramasynyň hem Maksatnamasynyň täze redaksiýasy kabul edildi (2007 ý.). Onda ýaşlaryň arasynda alnyp barylýan ideýa-terbiýeçilik işleriniň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmegiň, many-mazmunyny baýlaşdyrmagyň zerurdygy nygtalýar. Ýaşlar guramasy orta mekdeplerde okuw



**Ýaşlar Saglyk ýolunda**

dersleri boýunça gurnaklary döretmäge, ýaş zehinleriň etrap, şäher, welaýat, ýurt boýunça olimpiadalaryny geçirmäge işeňňir gatnaşsa, ýokary okuw mekdeplerinde aýdym-tans toparlaryny, gyzlar klublaryny döredip, «Talyp gözeli» ýaly bäsleşikleri geçirýär, ýaş ýigitleriň we gyzlaryň döredijilik yhlasyny, ukyp-başarnyklaryny ösdürmäge goltgy berýär.

2012-nji ýylda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň IV gurultaýy boldy. Gurultaýda ýaşlaryň arasynda alnyp barylýan terbiýeçilik işlerine kanagatlanma bildirilip, bedenterbiýä we sporta has giň gerim berilmelidigi nygtaldy. Ýaşlar guramasynyň welaýat, şäher, etrap komitetleri sport jemgyýetleri bilen bilelikde oglanlary we gyzlary bedenterbiýe we sport çärelerine giňden çekýärler. Aşgabatda we welaýatlarda ýaşlaryň «Saglyk ýollaryna» çykmagy guralýar, sportuň dürli görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirilýär. 2014-nji ýylda ýurtda ilkinji gezek köpçülikleýin sportuň biraýlygy geçirildi. Apreliň 1-den 30-na çenli «Saglyk we bagt» şygary astynda geçen bu bedenterbiýe we sport, medeni-sagaldyş çäresine şäherlerde we obalarda




**«Aşgabat» köpugurly stadiony**

ýüz müňlerçe ýaşlar gatnaşdylar. Mysal üçin, Aşgabadyň köpugurly stadionynda onuň jemleýji çäresinde sportuň woleýbol, basketbol, futbol, tennis, ýeňil atletika we beýleki görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirildi. Ýaryşda ýeňijilere baýraklaryň gowşurylmagy estrada aýdymçylarynyň şowhunly konserti bilen utgaşyp gitdi.

2015-nji ýylyň 20-nji martynda «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2015–2020-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy» tassyklanyldy. Maksatnamada ýaşlar baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň örän möhüm ugurlarynyň biridigi nygtalýar. Ony üstünlikli ýerine ýetirmek üçin, hormatly Prezidentimiziň sözleri bilen aýdylanda, «kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, şeýle hem eýeçiligiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalaryň özara bähbitli hem-de netijeli hyzmatdaşlyk etmegini ýola goýmalydyr»[1].

**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary.** 2012-nji ýylda TKA-nyň nobatdaky gurultaýy boldy. Gurultaý kärdeşler arkalaşyklarynyň 2012–2017-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny tassyklady. Maksatnamada bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşýan şertlerinde zähmetkeşleriň hukuklaryny

---

[1] Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary – 2015-nji ýylyň 18-nji sentýabry.



**Sport ýaryşlary**

goramaklyga aýratyn üns çekilýär. Hut şu maksada eýerilip, Türkmenistanyň Mejlisinde «Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda» (2013 ý.) kanun kabul edildi. Ýurtda ilkinji gezek kabul edilen bu kanunda kärdeşler arkalaşyklaryny döretmegiň we olaryň hereket etmeginiň guramaçylyk-hukuk esaslary kesgitlenildi. TKA-nyň Tertipnamasyna laýyklykda, Kärdeşler arkalaşyklarynyň maksady demokratik we hukuk döwleti hökmünde Türkmenistany ösdürmäge ýardam etmekden, türkmen halkynyň milli döwletliliginiň demokratik esaslaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmakdan, onuň milli mirasyny saklamakdan, türkmen halkynyň gymmatlyklaryny we bähbitlerini, döwlet garaşsyzlygyny, hemişelik bitaraplygyny gorap saklamakdan ybaratdyr.

Kanunda Kärdeşler arkalaşyklarynyň hukuklary giňişleýin beýan edilýär. TKA-nyň düzüminde Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Kärdeşler arkalaşyklarynyň bäş welaýat (Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap, Mary)

birleşigi, 14 sany pudaklaýyn guramalary we köp sanly ilkinji guramalary hereket edýär. Olar öz hatarlarynda 1,5 mln adamy birleşdirýärler.

Kanuna laýyklykda, Kärdeşler arkalaşyklary, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda, guramalarda we hakyna tutma zähmeti ulanýan zähmet gatnaşyklarynyň beýleki subýektlerinde öz agzalaryna wekilçilik etmäge, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga, gerek bolan halatynda kazyýete ýüz tutmaga, kazyýetde we beýleki döwlet edaralarynda agzalarynyň kanuny bähbitlerini goramaga, olara hukuk kömegini bermäge, şeýle hem tehniki, hukuk we beýleki gulluklary döretmäge hukuklydyr. Mundan başga-da, Kärdeşler arkalaşyklary Zähmet kodeksiniň (2009-njy ýylda kabul edildi) kadalarynyň berjaý edilişine bellenen tertipde barlagy we jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmaga, hususy zähmet jedellerine seretmäge, köpçülikleýin zähmet jedelleriniň çözülmegine gatnaşmaga, ylalaşyklary we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaga, iş bilen üpjün etmegiň döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamaga gatnaşmaga, iş berijileriň üýtgedilip gurulmagy ýa-da ýatyrylmagy netijesinde işden boşadylýan kärdeşler arkalaşygynyň agzalaryny sosial taýdan goramak boýunça çäreleri teklip etmäge we beýleki birnäçe hukuklara eýedir.

Ýurtda bazar ykdyýadyýetine geçilýän, işsizligiň jemgyýetçilik hadysasy hökmünde äşgär bolýan şertlerinde «Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda» kanunyň kabul edilmegi ýöne ýere däldir. Ol Kärdeşler arkalaşyklaryna halk hojalygynyň ähli pudaklarynda, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda zähmetkeşleriň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga hukuk giňişligini döredýär.

TKA-nyň Milli merkezi, welaýat birleşikleri we pudaklaýyn guramalary bu hukuklara esaslanyp, özlerine mahsus iş usullary bilen, zähmetkeşleriň gujur-gaýratyny ýurtda amala aşyrylýan düýpli sosial-ykdysady özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine gönükdirýärler. Kärdeşler arkalaşyklary kärha-

nalarda we guramalarda zähmet hem durmuş şertleriniň her ýyl jemgyýetçilik gözden geçirilişini guraýarlar. Zähmetiň guralyşyny gowulandyrmakda, önümçilikde maýypçylygyň öňüni almakda we degerli durmuş şertlerini döretmekde tapawutlanan kärhanalara TKA-nyň Milli merkeziniň diplomlary we pul baýraklary gowşurylýar. Kärdeşler arkalaşyklary tarapyndan galla oragy, pagta ýygymy döwürlerinde pul baýraklary döredilýär we ol baýraklar bilen öňdebaryjy gallaçylar, pagtaçylar sylaglanylýar. Olar abadançylyk işleri boýunça etraplar arasynda geçirilýän bäsleşigiň guramaçylarynyň biri bolup çykyş edýärler. 2013-nji ýylda bu bäsleşikde Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etraby öňe saýlandy we *1 mln* amerikan dollary bilen sylaglanyldy.

**Ýaşulularyň maslahaty.** Konstitusiýanyň täze redaksiýasyna laýyklykda Halk maslahaty ýatyralansoň, Ýaşulular maslahatynyň jemgyýetdäki derejesi has-da ýokarlandy. Her ýylda geçirilýän Ýaşulular maslahatynyň işine Türkmenistanyň Prezidenti baştutanlyk edýär. Maslahata paýhasly gojalar bilen bir hatarda Mejlisiň ýolbaşçylary, Hökümetiň



**Ýaşulular maslahaty**

agzalary, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, diplomatlar, welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň häkimleri gatnaşýarlar. Ýaşulular maslahatynda döwlet syýasatynyň derwaýys meselelerine garalýar, olary çözmekligiň ýollary ara alnyp maslahatlaşylýar. 2009-njy ýylda Türkmenabatda geçirilen Ýaşulular maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek baradaky meselä seredildi. Mesele boýunça köp sanly teklipler orta atyldy we olar soňra işlenip düzülen we 2010-njy ýylda kabul edilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutuldy.

Hazaryň kenarynda Awazada geçen Ýaşulular maslahatynda (2012 ý.) ýurtda 2013-2014-nji okuw ýylyndan ählumumy 12 ýyllyk orta bilime geçmek we tölegli okuwlary ornaşdyryp başlamak, şeýle hem himiýa senagatynyň ösüş depginini çaltlandyrmak meselelerine aýratyn orun berildi we degişli teklipler hödürlenildi. Daşoguzda geçen Ýaşulular maslahatynda (2013 ý.) bolsa «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» (2007 ý.) durmuşa geçirmekde gowuşgynsyzlygyň bardygy bellenip, häkimliklere bu ugurdaky işlere örän çynlakaý çemeleşmek tabşyryldy. Maksatnamany ýerine ýetirmekde her sebitde, has takygy, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň «Gäwers» geňeşliginiň, Balkan welaýatynyň Bereket etrabynyň «Gulmaç» geňeşliginiň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň «Täze ýol» geňeşliginiň, Lebap welaýatynyň Birata etrabynyň, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň «Jemgyýet» geňeşliginiň çäklerinde gurluşygyna girişilen bir Täze obanyň nusgalyk bolup hyzmat etmelidigi nygtaldy.

Ýaşulular maslahaty ýurduň durmuşynyň möhüm meseleleri boýunça oňyn çözgütleri tapmaga ýardam edýär. Ol özboluşly Halk münberidir. Ýaşulular maslahatynda öňe sürlen meseleler, tapylan çözgütler uly iliň dykgatyna ýetirilýär we berjaý edilýär.

**Uruş weteranlarynyň guramasy.** Uruş weteranlary, olaryň geçen ýoly, ýatlamalary ýaşlar üçin görelde mekdebidir. Ol mekdebe uly sarpa goýulýar. Weteranlaryň saglygy, hal-ýagdaýy hakda döwlet alada edýär. 2013-nji ýylda Mejlisde kabul edilen «Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksde uruş weteranlarynyň we urşuň yzynda galan eneleriň durmuş taýdan goraglylygyna aýratyn ähmiýet berilýär. Kodeksiň 114-nji madasyna laýyklykda, uruş weteranlarynyň ýurduň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň şypahalarynda ýylda bir gezek bir aý möhlete çenli dynç almagy mugt üpjün edilýär. Şeýle hem uruş weteranlaryna, urşuň maýyplaryna döwletiň dermanhana edaralaryndan dermanlary mugt almaga, protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjün edilmäge, döwletiň ambulatoriýa-saglyk öýleri edaralarynda nobatsyz mugt hyzmat edilmeklerine we nobatsyz hassahana ýerleşdirilmeklerine, mugt şypahana bejerisini almaga hemme mümkinçilikler döredilýär.

Uruş weteranlarynyň rahat ýaşamaklary üçin, olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna ilkinji nobatda düýpli abatlamak, hususy ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin, ýerli gurluşyk materiallaryny ilkinji nobatda almak, ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäçleriň döwletiň ýaşaýyş jaý gorundaky jaýlardan nobatsyz almak ýaly hukuklar berilýär. Urşuň maýyplaryna, olaryň islegine görä, demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda ýylda bir gezek mugt gidip-gelmek hukugy berilýär. Uruş weteranlaryna her ýylyň 9-njy maýyna gabatlap, Ýeňiş baýramçylygy mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan pul sylaglary we sowgatlar gowşurylýar. Urşuň yzynda galan eneler hem ünsden düşürilmeýär. Bu merdana zenanlaryň durmuş ýoly ýokary ahlaklylygyň, watançylygyň we adamkärçiligiň çirksiz nusgasydyr. Kodeks olaryň hem durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýär.

**Zenanlar birleşigi.** 2013-nji ýylda Zenanlar birleşiginiň II gurultaýy boldy. Şol wagt birleşigiň hasabynda aýal-gyzla-

ryň 730 müňe golaýy durýardy. Gurultaý jemgyýeti demokratiýalaşdyrmagyň täze tapgyrynda bu guramanyň işjeňliginiň artýandygyny belledi. Zenanlar birleşigi haýyr-yhsan, şepagat işlerini alyp barýar. Konferensiýalar, bäsleşikler geçirýär, sergiler, sport ýaryşlary hem guralýar. Adatça, bu çäreler Halkara aýallar gününe – 8-nji marta gabatlap giň gerim alýar. Mysal üçin, 2014-nji ýylda fewralyň başynda Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi «Aýal – Älemiň görki» atly bäsleşik yglan etdi. Bäsleşigiň maksady gelin-gyzlaryň çeperligini, el hünärlerine ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmakdan ybaratdy. Bäsleşigiň şertleri boýunça her gatnaşyjy azyndan üç işi kabul ediş toparyna bermeli edildi.

Bäsleşik sungatyň dürli ugurlary: çeper fotografiýa, nakgaşlyk, halyçylyk, keşdeçilik boýunça üç tapgyrda – ilki etraplarda, soňra welaýatlarda, jemleýjisi bolsa paýtagtda geçirildi. Bäsleşige gelin-gyzlaryň müňlerçesi gatnaşdy. Olardan has çeperleri öňe saýlanyp, bäsleşigiň ýeňijileri boldular. Ýeňijilere Bahar baýramçylygynda Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň baýraklary we sowgatlary gowşuryldy. Şeýle çäreler gelin-gyzlaryň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýar, olary nepis hünärlere kämilleşmäge höweslendirýär.

* * *

Türkmen jemgyýetini demokratiýalaşdyrmagyň täze tapgyrynda milli kanunçylyk, şonuň esasynda syýasy ulgam hem kämilleşýär. Jemgyýetçilik guramalarynyň öz maksatnamalaryna laýyklykda özbaşdak iş alyp barmaklary üçin ýol açylýar. Täze partiýalar döreýär. Halk köpçüliginiň syýasy medeniýeti we jemgyýetçilik durmuşynda orny ýokarlanýar.

?

1. Jemgyýetçilik demokratiýasyny ösdürmegiň täze tapgyrynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň düzüminde nähili üýtgeşiklik boldy? Ol hakda gürrüň beriň.
2. Türkmenistanda «Syýasy partiýalar hakyndaky» kanun haçan kabul edildi? Şonuň esasynda ýurtda haýsy täze partiýalar döredildi? Bu barada referat ýazyň.

3. Siziň mekdebiňizde ýaşlar guramasy nähili iş alyp barýar? Siz oňa gatnaşýarsyňyzmy?
4. Kärdeşler arkalaşyklaryna kanun arkaly giň hukuklaryň berilmegine siz nähili düşünýärsiňiz?
5. Ýaşulular maslahatynyň işi barada näme aýdyp bilersiňiz?
6. Uruş weteranlarynyň kanun arkaly durmuş taýdan goraglylygy barada aýdyp beriň.

5. Sargyt № 2165.

# III bap

## TÜRKMENISTANDA YKDYSADY ÖZGERTMELER

### §11. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmäge tarap ugur

Syýasy garaşsyzlyk ýurduň sosial-ykdysady derejesini, dünýä bazaryndaky ýagdaýyny seljermäge mümkinçilik berdi. Seljermäniň netijesinde ýagdaýyň ýeňil däldigi, dünýä bazary hakda aýdylmanda-da,[1] ykdysadyýetiň juda gowşakdygy äsgär boldy. Ozal SSSR-iň çig mal ýapjasy bolan ýurduň öz esasy baýlyklaryna ygtyýary ýokdy. Nebitdir gazyň, kükürtdir ýoduň, pagtadyr garaköli bagananyň şol durşuna diýen ýaly çig mal hökmünde gaýtadan işlenip, Soýuzyň merkezi sebitlerine iberilendigi sebäpli, gutarnykly tapgyrda haryt öndürýän kärhanalar barmak büküp sanaýmalydy. Olar hem könelişen enjamlarda işleýärdi. Halk hojalygyna, ilata gerekli çüýden başlap, ähli harytlar başga ýerlerden getirilýärdi. Elbetde, köp harytlaryň önümçiligini şu ýerde hem ýola goýup bolardy. Ýöne Merkez şeýle bolmagyny islemeýärdi, respublikanyň özüne elgaramalygyny saklamaga çalyşýardy.

SSSR dargansoň, ozalky ykdysady gatnaşyklar bozuldy. Türkmenistana getirilýän harytlar üzül-kesil azaldy. 1991-nji ýylda respublika zerur bolan harytlaryň diňe 10%-ni aldy, döwlet üpjünçilik bazalary boşap, kyn ýagdaý emele geldi. Şeýle şertlerde özbaşdak döwlet hökmünde indi näme etmelidigini kesgitlemelidi.

[1] Sowet döwründe daşary syýasata, şol sanda daşary ykdysady gatnaşyklara, dünýä bazaryna degişli ähli meseleler Moskwada çözülýärdi.

Türkmenistanyň Prezidenti we Hökümeti şu jogapkärli pursatda örän başarnykly iş alyp bardylar. Gysga wagtda geçiş döwri üçin ýurduň ykdysady syýasaty işlenip düzülip, ösüş ýoly kesgitlenildi. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmek, şeýle hem özgertmeleri ilatyň durmuş taýdan goraglylygyna gönükdirmek bellenildi.

Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmekden başga ýol ýokmudy? Elbetde, ýokdy. Çünki adamzat jemgyýeti heniz has kämil ýoly tapyp bilmedi. Sowet ykdysadyýetindäki sosialistik gatnaşyklar hem döwrüň ösýän taraplaryna jogap bermäge ukypsyz bolup çykdy. Ýöne sowet ykdysadyýetinden taryhda sapak galdy. Kapitalistik ykdysadyýet meýilnamalaşdyrmak diýlen zady belmeýärdi. Şol sebäpli ol wagtal-wagtal agyr çökgünlige düşýärdi. Sowet bäşýyllyklarynyň meýilnamalaşdyrylyşyny içgin öwrenip, kapitalizm ykdysadyýeti meýilnamalaşdyrmagy öwrendi we özüniň taglym-ruhy potensialyny artdyrdy. Häzirki wagtda ABŞ, Germaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa ýaly ösen döwletlerde hem ykdysadyýet meýilnamalaşdyrylýar. Meýilnamalaşdyryş olara has agyr çökgünliklerden sowlup geçmäge mümkinçilik berýär.

Ykdysady ösüşiň dünýä tejribesi meýilnamalaşdyryş işiniň gymmat kanunyna daýanmasa, ol näçe kämil bolsa-da, çylşyrymly ykdysady we sosial meseleleri düzgünleşdirip bilmeýändigini görkezýär. Jemgyýetde dürli-dürli maddy bähbitler özara baglanyşykly bolup, olar özleriniň hil hem mukdar häsiýetleri boýunça biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Olary meýilnamada doly göz öňünde tutmak mümkin däl. Şol sebäpli bazary meýilnama bilen çalyşmak nädogry, ýöne bulary oýlanyşykly utgaşdyrmak oňat netije berýär. Türkmenistanda hem hut şeýle nukdaýnazardan ugur alyndy we ykdysadyýeti diňe bir bazar gatnaşyklaryna geçirmän, eýsem meýilnama esasynda ösdürmek makul bilindi.

Türkmenistanyň ilkinji döwlet meýilnamasy – «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasy 1992-nji ýylyň dekabrynda Halk maslahatynda kabul edildi. Onda bazar ykdysadyýetine geçmekligiň türkmen nusgasynyň esasy ýörelgeleri öz

beýanyny tapýar. «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasy käbir GDA döwletleriniň bazar gatnaşyklaryna geçmekde ulanan «şok terapiýasy» (birden çürt-kesik özgertmek) usulyny ret edýär. Bu nusga döwlet eýeçiliginiň dargadylmagyna ýol bermeýär. Ykdysady özgertmelerde eýeçiligiň garyşyk görnüşini döretmäge, has takyky, diňe hususy eýeçilige däl-de, eýeçiligiň dürli görnüşleriniň saklanyp, utgaşykly ösdürilmegine bil baglaýar. Şol bir wagtda ol hususy hojalygyň, ylaýta-da, köp isleg bildirilýän harytlaryň önümçiliginiň we hyzmat infrastrukturasynyň[1] çalt emele gelmegi üçin şert döretmegi göz öňünde tutýar. Ol böküşler etmezden, ykdysadyýeti kem-kemden, ewolýusion ösüş ýoly bilen bazar gatnaşyklaryna geçirmegi maksat edinýär. Ykdysady özgertmäniň türkmen nusgasynyň ýene bir aýratynlygy – ykdysadyýeti ösdürmegi ägirt uly kärhanalaryň gurluşygyna başlamakdan däl-de, ownuk we ortaça telekeçiligi ösdürmekden, telekeçiler gatlagyny döretmekden ybaratdyr.

«10 ýyl abadançylyk» maksatnamasynda ykdysadyýeti ösdürmekde «Açyk gapylar» syýasaty yglan edilýär. «Açyk gapylar» näme? Bu-daşary ýurt maýalaryna, harytlaryna ýol açmakdyr, daşary ýurt maýalaryny bilelikdäki kärhanalary gurmak işine çekmek arkaly milli ykdysadyýeti häzirki zaman tehnologiýasy bilen enjamlaşdyrmak we dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply önümleri öndürmekdir. Şol döwürde şeýle syýasatyň yglan edilmegi zerurlykdy. Sosial-ykdysady meseleleri ýeterlik serişdeler ýok halatynda ýurduň ýeke özi çözüp biljek däldi. Diňe daşary ýurt maýasynyň we tehnologiýasynyň kömegi bilen düýpli ykdysady özgertmelere başlamak mümkindi.

Maksatnamada bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe ýurtda syýasy durnuklylygyň, güýçli häkimýetiň we özgertmelere döwlet gözegçiliginiň gerekdigi barada nygtalýar. Jemgyýetçilik eýeçiliginden hususy eýeçilige geçilende

[1] Infrastruktura – ykdysadyýete we ilata hyzmat edýän, siwilizasiýasynyň derejesini kesgitleýän desgalar: aragatnaşyk gullugy, ýollar, mekdepler, hassahanalar we ş.m.

döwlet hususylaşdyrmagyň we nyrhlaryň jylawuny elde saklamalydyr diýilýär. Bu ýörelgeleriň ägirt uly amaly ähmiýetiniň bolandygy jedelsizdir.

«10 ýyl abadançylyk» maksatnamasynda geçiş döwri üçin on ýyl göz oňünde tutulýardy. Şu döwürde üç sany düýpli meseläni: a) köne ulgamy (döwleti, jemgyýeti) üýtgedip gurmak; b) emele gelýän täze gurluşy durnuklaşdyrmak we ösüp başlamagyny gazanmak; ç) adamlaryň aňyny täzelemek meselelerini çözmelidi. Köne ulgamy üýtgedip gurmak şeýle bir kyn bolmady. Emma täzesini kemala getirmek, ylaýta-da, adamlaryň aňyny täzelemek juda kyn hem çylşyrymly meseleler bolup çykdy. Geçiş döwri üçin, şeýle hem ol meseleleri çözmek üçin has uzak möhletiň gerekdigi äsgär boldy.

Şonuň üçin 1999-njy ýylda «Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry» Milli maksatnamasy kabul edildi. «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasy bilen deňeşdirilende, ol sosial-ykdysady özgertmeleriň geriminiň giňligi we çuňlugy bilen tapawutlanýar. Ýurt Garaşsyzlygyny berkitmegiň we ykdysady howpsuzlygyny gazanmagyň esasy ugurlary hem dogry kesgitlenilýär. Bellenilen ugurlar boýunça işler ýaýbaňlandyryldy. Emma köp wagt geçmänkä, ykdysady ösüşde täze gözýetimler peýda boldy. Maksatnamada göz öňünde tutulmadyk «Türkmen köli», «Aşgabat – Garagum – Daşoguz» demir ýoly ýaly uly gurluşyklar başlandy. Şolar hem nazara alnyp, täze döwlet meýilnamasy – «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy işlenilip düzüldi we kabul edildi (2003 ý.).

Bu maksatnamalar örän möhüm resminamalardyr. Olar biri-birinden kämil, ýurtda amala aşyrylýan we barha gerimi giňelýän hem çuňlaşýan sosial-ykdysady özgertmeleriň ýollary kesgitlenen döwlet meýilnamalarydyr. Olaryň düýp maksady Türkmenistany ilatyň ýaşaýyş we sosial-ykdysady ösüşiň görkezijileri boýunça dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmekdir.

?

1. Sowet döwründe Türkmenistan Soýuzyň merkezi sebitleriniň çig mal ýapjasy bolupdyr diýilýär. Siz oňa nähili düşünýärsiňiz ?
2. Garaşsyz Türkmenistan bada-bat ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna tarap ugur aldy. Başga ýol ýokmudy? Bu hakda gürrüň beriň.
3. «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasy haçan kabul edildi? Onuň esasy ýörelgeleri barada referat ýazyň.
4. «Açyk gapylar» syýasaty näme? Oňa düşünişiňiz barada aýdyp beriň.

## § 12. Ykdysady özgertmeleriň hukuk-kanunçylyk esaslarynyň döredilmegi

Bazar ykdysadyýetine tarap ugur alynmagy degişli hukuk we kanunçylyk esaslarynyň döredilmegini talap etdi. Eýeçiligiň täze görnüşlerini ösdürmegiň we olaryň arasynda bazar gatnaşyklaryny ýola goýmagyň akabasy kärhanalar bilen hojalyk ulgamynyň arasyndaky öňki gatnaşyklaryň çelgilerini we düzümlerini üýtgetdi. Bazar gatnaşyklary özara gatnaşyklaryň täze usullaryny we şertlerini ýüze çykardy. Galyberse-de, halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegi, bilelikdäki kärhanalaryň ýa-da beýleki özbaşdak edaralaryň peýda bolmagy, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen dürli geleşikleriň baglaşylmagy halkara hukugynyň derejesine laýyk gelýän kanunlaryň döredilmegini örän derwaýys meselä öwürdi.

Şeýle ýagdaýda, eýýäm garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakyndaky», «Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky» (1992 ý.), «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakyndaky» (1993 ý.) kanunlar we «Daşary ýurtlaryň inwestisiýalaryny we maýalaryny goramagyň kepilnamalary hakyndaky» (1993 ý.), «Türkmenistanda daşary ykdysady işi düzgünleşdirmek boýunça çäreler hakyndaky» (1994 ý.) kararlar kabul edildi. Ol möhüm hukuk namalarynda bazara geçiş döwründe ýurduň

ykdysady ulgamynyň kanunçylyk esaslary kesgitlenildi. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde ykdysady ulgamyň hukuk giňişligi emele getirildi.

1996-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Daşary ýurt inwestisiýalary boýunça döwlet agentligi döredildi. Agentligiň wezipesi ýurtda inwestisiýa syýasatyny durmuşa geçirmekden, inwestisiýa işini utgaşdyrmakdan we dolandyrmakdan ybaratdyr. Agentlik daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky sosial-ykdysady taslamalaryň ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrýar. Ol halk hojalygyny ösdürmeklige çekilýän daşary ýurt inwestisiýalarynyň möçberini, ugurlaryny kesgitleýär, pudaklaýyn ministrlikler bilen bilelikde ileri tutulýan maýa goýum taslamalaryny emele getirmek boýunça hem iş alyp barýar.

Türkmenistanda yglan edilen «Açyk gapylar» syýasaty, daşary ýurt maýa goýum serişdelerini çekmekligiň kanunçylyk esaslarynyň we bu barada agentligiň döredilmegi milli ykdysadiýeti ösdürmeklige daşary ýurt maýadarlarynyň ünsüni güýçlendirdi. Olar sosial-ykdysady taslamalara bölekleýin maýa goýup ýa-da şeýle taslamalary tutuşlygyna öz serişdeleri bilen üpjün edip başladylar. Mysal üçin, 1999-njy ýylda Türkmenistanda daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky 842 kärhana hasaba alyndy, şolardan 566-sy doly daşary ýurt maýasyndaky, 276-sy bolsa daşary ýurt maýasynyň bölekleýin gatnaşmagyndaky kärhanalardy.

Sosial-ykdysady özgertmelere döwletiň täsirini güýçlendirmek üçin çäreler görüldi. Halkyň milli baýlyklaryny gorap saklamak, haryt-maddy gymmatlyklarynyň döwletara hereketini ugrukdyrmak, ýurtdaky rugsatsyz serişdeleri daşyna çykarmagyň we ýurda zyýan ýetirip biljek beýleki zatlaryň öňüni almak maksady bilen, Türkmenistanyň Hökümetiniň ýanynda Gümrükhana komiteti döredildi (1991 ý.). Döwlet gümrükhanasy we onuň degişli guramalary[1] ýurduň maddy

[1] Türkmenistanyň Döwlet serhedinde gümrükhanalaryň 8-si we gümrük postlarynyň 50-si döredildi. Olar gümrük gözegçiligini amala aşyrýarlar.

we beýleki gymmatlyklarynyň, pul serişdeleriniň daşardan getirilip, daşary çykarylmagyna gözegçilik edýärler. Mysal üçin, 1995–1999-njy ýyllarda Türkmenistanyň serhedinden geçen mahalynda gümrükhana edaralary tarapyndan awtomobilleriň 2,4 *mln*-y, şol sanda 1*mln*-y gidende, 0,3 *mln* bolsa üstaşyr geçirilende gümrük babatda resmileşdirildi. Soňky ýyllarda döwlet serhedinden geçýän awtomobilleriň sany has-da artdy. Döwlet gümrükhanasy gümrük gözegçiligini amala aşyrmak bilen birlikde býujete ep-esli girdeji hem getirýär.

2010-njy ýylda «Gümrük gullugy hakynda» kanun kabul edildi. Kanunda Döwlet gümrükhanasy we onuň ýerlerdäki postlarynyň esasy wezipeleri, hukuklary we borçlary kesgitlenildi. Kanunda gulluk babatda tertibiň bozulmalaryna garşy göreş alyp barmagyň kadalary hem beýan edilýär.

1994-nji ýylda Döwlet haryt-çig mal biržasy döredildi. Bu hem wagtynda görlen möhüm çäre boldy. Birža lomoý bazaryň esasy guramaçysy bolup çykyş edýär. Birža käbir edaradyr düzümleriň konýunktura meýilleriniň we işleriniň öňüni alýar, ýurduň bähbitlerine zyýanly geleşikleri baglaşmak ýaly hadysalaryň öňüne böwet bolýar. Ylalaşyk baglaşýan taraplar ony biržanyň üsti bilen amala aşyrýarlar. Birža döwletiň beýleki ýurtlar bilen söwda dolanyşygynyň artmagyna, onuň maliýe ýagdaýyna we haryt-pul dolanyşygyna oňyn täsir edýär.

Döwlet haryt-çig mal biržasynyň işini ýola goýmakda ösen ýurtlaryň tejribesi hem-de daşary ýurtly işewür adamlar bilen öz işewürlerimiziň bilelikde alyp barýan işleri möhüm orun eýeleýär. Bäsleşige girip biljek önümleriň öndürilişi ýyl-ýyldan artýar. Daşary söwda dolanyşygynda taýýar önümleriň eksporty kem-kemden köpelip, importda bolsa azyk önümleriniň tutýan orny, olaryň öz ýurdumyzda öndürilişiniň artmagy mynasybetli, barha kemelýär. Döwlet haryt-çig mal biržasy bazar şertlerini bada-bat duýýar we nyrhlaryň emele gelşine täsirini ýetirýär. Birža çig mal serişdeleriniň iň amatly nyrhlarda eksport edilmegi barada aladalanýar, bu bolsa dowlet serişdeleriniň tygşytla-

nylmagyna ýardam edip, Döwlet býujetine daşary söwdadan gelýän puluň möçberini artdyrýar. Biržada 2014-nji ýylyň birinji ýarymynda 104 söwda geçirildi. 2013-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, ylalaşyklar 114% köp baglaşyldy. Şu döwürde birža gelýän daşary ýurt pulunyň möçberi 23,5%, umumy girdejiniň ösüş depgini bolsa 148 %-e ýetdi.

Bazar ykdysadyýetinde önümçiligiň standartlaşdyrylmagyna ýa-da onda ölçeg birliginiň etalon derejesinde üpjün edilmegine möhüm orun degişlidir. Türkmenistanda bu iş bilen Standartlar boýunça döwlet komiteti (1991 ý.) meşgullanýar. Ol ýurtda önümçiligiň ähli görnüşlerinde kabul edilen ölçeg birliginiň (etalonyň) saklanyşyna gözegçilik edýär. Häzirki döwürde standartlaşdyrylmak işiniň ähmiýeti has-da artýar. Çünki ýurduň ykdysadyýeti modernizasiýalaşdyrylýar we onuň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmak prosesi bolup geçýär. Şeýle ýagdaýda önümçilikde milli ölçeg birligi dünýä ölçeg birligine gabat gelmelidir. «Ölçegde birligi üpjün etmek hakynda» (2012 ý.) kanun hem kabul edildi. Kanun önümçiligi standartlaşdyrmak işini has talaba laýyk alyp barmaga giň hukuklar berýär.

Bazar ykdysadyýetiniň düzüm bölegi bolan zähmet biržalary hem döredildi (1997 ý.). Zähmet biržalary Aşgabatda we beýleki şäher häkimlikleriniň ýanynda hojalyk hasaplaşygynda işleýär. Olaryň üstüne işçi güýjüniň zerurlygyny we hödürlenilişini düzgünleşdirmek, işlemeýän raýatlary hasaba almak hem-de olaryň işe ýerleşmegine we hünär edinmegine ýardam etmek wezipesi ýüklenildi. Haýsy eýeçilige degişlidigine garamazdan, ministrlikler, guramalar, kärhanalar zähmet biržasyndan ýollanma haty bolan raýatlaryň işe kabul edilmegini üpjün etmäge borçludyr.

Zähmet biržalary tarapyndan kärhanalarda we edaralarda boş iş orunlary bellige alnyp, işçi güýjüniň zerurlygy we hödürlenişi baradaky maglumatlaryň kompýuter toplumy döredilýär. Mysal üçin, Türkmenbaşy şäher häkimliginiň ýanyndaky zähmet biržasy netijeli işleýär. Birža şäherdäki eýeçiligiň ahli görnüşlerindäki kärhanalaryň, hususy we daşary ýurt firmalarynyň 190-dan gowragy bilen ilaty işe ýerleşdirmek

hyzmaty boýunça şertnama baglaşdy. Ol kärhanalar, firmalar özlerindäki boş iş orunlary barada her aýda birža maglumat berýärler. Biržada ol maglumatlar kompýutere salynýar we şolaryň esasynda işe girmek isleýänlere ýollanma berilýär. Işe ýerleşdirmekde ýaşlara, köp çagalylara, maýyplara aýratyn üns berilýär. 2013-nji ýylda şeýle adamlaryň 200-den gowragyna işe ýollanma berildi. Zähmet biržasy boş iş orunlarynyň ýarmarkasyny hem geçirýär. Ýarmarka işe girýänleriň gös-göni kärhanalaryň, firmalaryň wekilleri bilen duşuşyp, gürleşip işe ýerleşmegine mümkinçilik berýär.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty sosial taýdan goramak ministrligi döredildi. Ol ýurtda kemala gelýän zähmet bazarynyň infrastrukturasyna ýardam edýär; ilaty işe ýerleşdirmek bilen bir hatarda onuň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak bilen meşgullanýar. Ministrlikde ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynda we kärhanalarynda iş orunlarynyň ýagdaýy, zähmet migrasiýasynyň ugurlary seljerilýär. Ministrligiň 2014-nji ýylyň fewralyndaky maglumatlaryna görä, ýurduň kärhanalarynda, guramalarynda we eýeçiligiň döwletiňki däl görnüşlerinde 33 müň boş iş orunlary hasaba alyndy. Gurluşygy ýylyň ahyryna tamamlanýan önümçilik we sosial-medeni desgalarynda-da 23,5 müň iş orunlarynyň açylmagyna garaşylýardy.

Ykdysady özgertmeleriň kanunçylyk esaslarynyň döredilmegi, bazar düzümleriniň kemala gelmegi bilen, ýurtda bazar gatnaşyklary pugtalanýar we ösýär.

?

1. Bazar ykdysadyýetine geçmek üçin onuň hukuk giňişliginiň döredilmegine siz nähili düşünýärsiňiz? Şu maksat bilen haýsy kanunlar we kararlar kabul edildi?
2. Döwlet gümrükhanasy haçan döredildi? Onuň işi barada gürrüň beriň.
3. Döwlet haryt-çig mal biržasy haçan döredildi? Onuň wezipesi näme?
4. Standartlar boýunça döwlet komitetiniň işi barada näme aýdyp bilersiňiz?
5. Zähmet biržasy näme? Zähmet bazary näme? Bular hakda referat ýazyň.

## § 13. Maliýe-bank ulgamynyň özgerdilmegi

Bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmeginde, özgertmeleri ilatyň sosial taýdan goraglylygyna gönükdirmekde maliýe-bank ulgamyna uly orun degişlidir. Ýurtda eýeçiligiň täze görnüşlerine geçmek, hususyýetçiligiň we telekeçiligiň erkinligini üpjün etmek, beýleki ýurtlar bilen söwda – ykdysady gatnaşyklary giňeltmek we ösdürmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna goşulmak hem şu ulgamyň düýpgöter özgerdilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda maliýe-bank ulgamynyň özgerdilmegi üýtgedip gurmak döwründe başlanan hem bolsa, ol giň gerim bilen diňe garaşsyzlyk ýyllarynda ýaýbaňlandy. 1992-nji ýylda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Kommersiýa banklary we bank işi hakynda» we beýleki kanunlar kabul edilip, ýurtda maliýe-bank ulgamyny düýpli özgertmegiň hukuk esasy döredildi.

Türkmenistanyň Döwlet banky Merkezi banka öwrüldi. Döwlet plan komiteti (Gosplan) hem-de Maliýe ministrligi ýatyrylyp, olaryň esasynda Ykdysadyýet we maliýe ministrligi[1] döredildi (1993 ý.). Ol döwletiň maliýe serişdeleriniň peýdalanylyşyny guraýar we dolandyrýar. Öňki banklardan Süýşürintgiler, soňra «Halkbank» banky (ýurduň ähli ýerlerinde öz bölümleri bilen) işlemegini dowam edýär. Täze banklar açyldy: «Senagat» (1989 ý.), paýdarlar täjir-



**Türkmenistanyň Merkezi banky**

[1] 2008-nji ýylda bu ministrligiň esasynda Ykdysadyýet we ösüş, Maliýe ministrlikleri döredildi.

çilik, «Türkmenistan» (1990 ý.) döwlet täjirçilik banklary, «Daýhanbank» (1991 ý.) paýdarlar täjirçilik banky, Daşary ykdysady döwlet banky, «Inwestbank» (1992 ý.), «Garagum» halkara paýdarlar banky, «Türkmenbaşy» döwlet-täjirçilik, «Prezidentbank» täjirçilik banklary döredildi. Banklar täze gurlan ajaýyp binalarda, iň täze tehniki enjamlar arkaly iş alyp barýarlar. Ýurtda Germaniýanyň, Türkiýäniň, Eýranyň we käbir beýleki döwletleriň banklarynyň wekilhanalary hem işleýär. Türkmenistanyň banklary dünýäniň 60-a golaý ýurdundaky iň uly banklaryň 150-si bilen aragatnaşygy ýola goýdular. Olar dünýä maliýe bazarlarynda milli ykdysadyýetiň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

Türkmenistanda iki derejeli bank ulgamy kemala geldi we hereket edýär. Onda Merkezi banka aýratyn orun degişlidir. Nagt pullary çykarmak we olary dolanyşykdan aýyrmak hukugy diňe şu banka berildi. Merkezi bank, esasan, dört ugur boýunça: ýurduň pul birliginiň durnuklylygyny üpjün etmek; bahalaryň derejesiniň üýtgewsizligini gazanmak; bank ulgamynyň kadaly işlemegini üpjün etmek; Türkmenistanyň hökümetiniň ykdysady syýasatynyň maliýe serişdeleri bilen üpjünçiligini gazanmak boýunça iş alyp barýar. Ol pul-karz beriş ulgamynyň durnuklylygyny üpjün edýär, karz berijileriň we goýumçylaryň bähbitlerini goraýar, ýurtdaky pul massalarynyň hereketine we dolanyşygyna gözegçilik edýär.



**«Halkbank» döwlet täjirçilik banky**

1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan Türkme-

nistanda milli walýuta – manat dolanyşyga girizildi. Merkezi bank manadyň resmi hümmetini diňe amerikan dollary babatda belledi, beýleki walýutalar babatda bolsa üýtgäp durujy hümmet bellenildi. Ilkinji ýyllaryň kynçylyklaryna we dollar babatda manadyň hümmetiniň ilki başdakydan pese gaçandygyna garamazdan, manat ähli synaglardan geçdi. 2008-nji ýylda manadyň denominasiýasy (puluň hümmetiniň üýtgedilmegi) geçirildi. Manadyň hümmetiniň bäş müň esse (5000-1) artdyrylan nusgalary (1, 5, 10, 20, 50, 100 manat, 1, 2, 5, 10, 20, 50 teňňe) «DE LA RUE» britan kompaniýasy tarapyndan taýýarlanyldy. 2010-njy ýylda gymmaty 1 manat, 2 manat bolan şaýy pullar hem dolanyşyga goýberildi.Ýokary derejede goragly täze türkmen manadynyň hümmeti diňe amerikan dollary babatda kesgitlenildi. Denominasiýa netijesinde pul massasy azaldy, ulanmaga amatly boldy. Manadyň dollar babatdaky hümmetiniň durkuny saklamagy bolsa, ony tölegiň hem toplamagyň ygtybarly serişdesine öwürdi.

Milli bank ulgamynda alnyp barylýan işleriň esasy ugry telekeçileri, ozaly bilenem haryt öndürýän telekeçileri goldamakdyr. Mysal üçin, «Senagat» döwlet täjirçilik banky öz welaýat bölümleri bilen bilelikde önümçilik häsiýetli taslamalary amala aşyrýan telekeçilere karz pul berýär. Karzlaryň möhleti 3 aýdan 2 ýyla çenli, möçberi bolsa taslamanyň 25-30%-ne deň bolup, olar daşary ýurt tehnologik enjamlaryny almaklyga gönükdirilýär. Abadan şäherinde ýüň egirýän husu-



**«Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky**

sy kiçi kärhananyň enjamlaryny oturtmaklyga we sazlamaklyga 200 müň amerikan dollary karz berildi. Kärhanada her iş nobatynda 600 *kg* ýüň ýüplük egrilýär we tebigy boýaglar bilen boýalýar. Bu ýokary hilli ýüplüklerden türkmen el halylary dokalýar. Daşoguzda «Gamma» firmasy «Senagat» bankynyň karz beren 120 müň amerikan dollaryna süýt önümlerini öndürýän hususy kärhanany doly enjamlaşdyrdy. Bankyň karzlarynyň hasabyna şäherdir obalarda ownuk, orta hususy kärhanalar gurulýar, önümçilik giňeldilýär.

Türkmenistanyň bank ulgamynda bir bitewi halkara elektron ulgamy hyzmat edýär. Bankara töleg hasaplaşyklary çalt amala aşyrylýar. 2006-njy ýylda «Türkmenistan» DTB tarapyndan «Türkmen KARD» elektron töleg ulgamy, «Senagat» PTB tarapyndan «Ýanardag» elektron nagt pul geçirimler ulgamy işe girizildi. Bu ulgamlar bank hyzmatyny çaltlandyrdy we ilat arasynda meşhurlyga eýe boldy. Banklarda plastik kartlar boýunça nagt pul däl hasaplaşyklar geçirilip başlandy. Mysal üçin, «Türkmenistan» DTB «Türkmenýurt», Daşary ykdysady bankda «Millikart», Merkezi bankda «Altyn asyr» plastik kart ulgamlary hereket edýär. Welaýatlarda hem plastik kartlar boýunça nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin bankomatlaryň we töleg terminallarynyň giň ulgamy döredilýär. Olar boýunça zähmet haky, talyp haklary tölenýär, ýaşaýyş jaý we jemagat hyzmatlary, bölek söwda, awtoulag we aragatnaşyk (howa we demir ýol kassalary, poçta bölümleri) hyzmatlary we ş.m. üçin nagt däl hasaplaşyklar geçirilýär.

Maliýe-bank ulgamynda salgyt syýasatynyň kämilleşdirilmegine uly üns berilýär. «Peýda üçin salgyt hakynda», «Goşmaça baha üçin salgyt hakynda» (1993 ý.) we beýleki kabul edilen kanunlarda ýurduň çäklerinde hereket edýän salgytlaryň we býujete hökmany salgyt tölegleriniň görnüşleri we möçberleri kesgitlenildi. Ýere, mal saklaýana salynýan salgytlar ýatyryldy. 2000-nji ýylda ýerli salgytlaryň we ýygymlaryň sany 17-den

5-e[1] çenli kemeldildi. Daýhan birleşikleri we beýleki oba hojalyk kärhanalary bolsa ähli salgytlardan boşadyldy.

Emma salgytlaryň şu kemeldilen görnüşini hem durmuşyň götermeýändigi ýüze çykdy: hususy haryt öndürijiler ýönekeý telekeçilige (alyp-satarlyga) geçip başladylar. Şeýle ýagdaýda «Salgytlar hakynda» (2005 ý.) täze kanun kabul edilip, oňa laýyklykda öňki salgytlar ýatyryldy we ýeke-täk salgyt galdyryldy; onuň hem möçberi alynýan girdejiniň 2%-i bilen çäklendirildi. Munuň özi hususy kärhanalar üçin uly ýeňillikdir. Kanun telekeçileriň haryt önümçiligine yhlasyny artdyrýar we bazarlaryň haryt üpjünçiligine itergi berýär.

2008-nji ýylda dünýäniň köp döwletlerinde maliýe we ykdysady çökgünlik başlandy. Ol çökgünlik dünýä maliýe-ykdysady ulgamy bilen baglanyşykly bolan Türkmenistana hem ýaramaz täsirini ýetirip ugrady. Şol sebäpli ýurtda Durnuklaşdyryş gaznasy döredildi (2008 ý.). Gazna ileri tutulýan uly halk hojalyk taslamalaryny maliýeleşdirmäge we ykdysadyýetiň pudaklaryna daşky faktoryň ýaramaz täsirini peseltmäge mümkinçilik berýär. 2011-nji ýylda Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň esasynda Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky döredildi. Bu bankyň esasy wezipesi ykdysadyýetiň pudaklaryny modernizasiýalaşdyrmak we ösdürmek boýunça iri taslamalary maliýeleşdirmekden we olary bäsleşige ukyply harytlary öndürmäge höweslendirmekden ybaratdyr. «Rysgal» paýdarlar-täjirçilik banky hem şol ýyl döredildi. Onuň esasy paýdary Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşigidir.

Türkmenistanyň maliýe-bank ulgamyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň maksatnamasy işlenip düzüldi we kabul edildi (2011 ý.). Maksatnamada ýurduň banklarynda öňde baryjy usullary we iň täze tehnologiýalary ulanyp, nagt däl hasaplaşyklaryň häzirki zaman ulgamynyň ornaşdyrylmgyna, elektron töleg ulgamynyň kämilleşdirilmegine we onuň howpsuzlygynyň üpjün edilmegine uly ähmiýet berilýär. Dünýäde bu ugurda «Master Card» (ABŞ) uly tejribe toplan kompani-

[1] Ol salgytlary-da hususy haryt öndürijilere salmak bellenildi.

ýa hasaplanylýar. Türkmenistanyň Daşary ykdysady banky hem onuň bilen ylalaşyk baglaşdy (2014 ý.). Ylalaşyga laýyklykda, Türkmenistanda «Master Card» halkara töleg ulgamy ornaşdyryldy. Bu plastik kartlar ulanmaga örän amatly. Olar ýanyňa pul götermän, gije-gündiziň islendik wagty, alnan haryt ýa-da hyzmat üçin hasaplaşyk geçirmäge mümkinçilik berýär. Kartlar goraglylyk taýdan hem tapawutlanýar. Kart kimiň adyna çykarylan bolsa, ony diňe şol ulanyp bilýär. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşykda VISA kartlary hem ornaşdyrylýar. Bu kartlar aslynda dünýäde giň ýaýran walýutadyr. Kartyň içinde türkmen manadynyň bardygyna garamazdan, onuň bilen daşary ýurtlarda-da şol ýurduň pul birliginde töleg töläp bolýar. VISA kartynyň dört görnüşi bar: VISA Elektron, VISA Classic, VISA Business, VISA Gold. Şolaryň arasynda iň elýeterli halkara karty VISA Elektrondyr. Onuň bilen dünýäniň islendik nokadynda bankomat arkaly nagt pul serişdesini almak mümkindir.

Türkmenistanda maliýe syýasaty oýlanyşykly alnyp barylýar. Milli bank ulgamy kämilleşdirilýär. Ol diňe bir ykdysadyýetiň durnukly ösmegi däl, ilatyň gündelik durmuşy üçinem örän möhüm serişdä öwrülýär. Bu ulgamda wagtynda görlen çäreler maliýe durnuklylygyny üpjün edip, ýurduň içinde-de, daşary ýurtly partnýorlar bilen-de göz öňünde tutulan bank operasiýalaryny doly ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

?

1. Türkmenistanda maliýe-bank ulgamyny özgertmek baradaky kanunlar haçan kabul edildi?
2. Maliýe-bank ulgamynda Merkezi banka aýratyn orun degişli edilmegine siz nähili düşünýärsiňiz?
3. Täze banklar açyldy. Olar haýsylar? Banklar, esasan, telekeçileri, ilkinji nobatda bolsa haryt öndürýän telekeçileri goldamaklyga gönükdirildi. Näme üçin?
4. Ýurtda milli walýuta-manat haçan dolanyşyga girizildi? Manadyň denominasiýasy näme? Ol haçan geçirildi?
5. Salgyt syýasatynyň kämilleşdirilişi barada referat ýazyň.

6. Türkmenistanda Durnuklaşdyryş gaznasy haçan döredildi? Onuň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
7. Banklarda elektron töleg, elektron nagt pul geçirimler we ş. m. ulgamlar hereket edýär. Siz ol ulgamlary ulanyp gördüňizmi?

## § 14. Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň täze tapgyry üçin Milli maksatnamalaryň kabul edilmegi

2007-nji ýylda ýurdumyzyň ösüşinde täze tapgyr başlandy. Syýasy garaşsyzlygy pugtalandyrmagyň bähbitlerinden ugur alnyp, sosial-ykdysady özgertmeleriň barşy, bazar gatnaşyklarynyň kemala gelşi we ösüşi düýpli seljerildi. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda oba hojalygynda bugdaý, pagta öndürmekde we käbir beýleki pudaklarda göz öňünde tutulan badyhowa sepgitlere täzeden seredildi. Ykdysady özgertmeleriň hukuk we kanunçylyk esaslary, maliýe-bank, salgyt-býujet ulgamlary boýunça ozalky kabul edilen kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Ykdysadyýeti düýpli ylmy esasda meýilnamalaşdyrmaklyga üns güýçlendi.

Aşgabatda Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş instituty açyldy. Institut ykdysadyýetde bolup geçýän özgerişlikleri toplumlaýyn seljermek, sosial-ykdysady özgertmeleriň ileri tutulýan ugurlaryny anyklamak, ykdysady ösüş boýunça ýakyn we uzak geljege ylmy-ykdysady çaklamalary taýýarlamak, teklipleri işläp düzmek bilen meşgullanýar. Şolaryň esasynda döwletiň pul-karz, salgyt-býujet, bank syýasatyny kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň strategiýa taýdan ähmiýeti barha artýan pudaklaryny we olara gönükdirilýän serişdeleri kesgitlemek boýunça işler alnyp barylýar. Institutda ýurdy, welaýatlary durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekligiň maksatnamalary işlenip düzülýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda kabul eden kararyna laýyklykda, «Türkmenistanyň

6. Sargyt № 2165.

durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» tassyklanyldy. Maksatnamany 3 tapgyrda ýerine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Birinji tapgyrda ýa-da ýakyn möhletde (2011–2015-nji ýyllar) ykdysadyýetiň pudaklarynyň düzümini kämilleşdirmek, onuň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, milletiň ruhy we fiziki potensialyny netijeli peýdalanmak; ikinji tapgyrda ýa-da orta möhletde (2016–2020-nji ýyllar) bazar ykdysadyýetiniň ösen institutlaryny (düzümlerini) döretmek, hususy eýeçiligi has giňeltmek, ykdysadyýete ylmy, tehnikany we innowasiýalary ornaşdyrmak, ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagyny çaltlandyrmak we kämilleşdirmek; üçünji tapgyrda ýa-da uzak möhletde (2021–2030-njy ýyllar) bolsa bazar ykdysadyýetli Türkmenistany dünýäniň öňde baryjy döwletleriniň hatarynda ösdürmek bellenilýär.

Umuman, Milli maksatnamanyň ýakyn we orta möhletlerdäki tapgyrlarynda ýurduň ykdysadyýetiniň gurluşy we diwersifikasiýasy, ýagny köpgörnüşliligi düýpli özgerdilýär, önümçilik tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrylýar, täze pudaklar döredilýär, ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna doly geçilýär. Bu möhüm ugurlardaky işler halkyň ýaşaýyş derejesiniň birsyhly ýokarlandyrylmagy bilen utgaşykly alnyp barylýar. Milli maksatnamanyň üçünji tapgyrynda bolsa dünýä ykdysadyýetine goşulyşan Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady ýagdaýy bilen baglanyşykly ýüze çykyp biljek tendensiýalar çaklanylýar we ähtimal nazary garaýyşlar beýan edilýär. Şu jähtden, Milli maksatnama, başgaça aýdylanda, Strategik meýilnama, sözüň doly manysynda, geljege nazar salmak, ýurduň ýakyn we uzak geljekdäki keşbini has öňünden görmäge synanyşykdyr. Elbetde, ol dogma däldir. Onuň ýerine ýetirilişi ýylsaýyn seljerilmäge we gerek bolsa, ýurduň içerki we daşarky ýagdaýlaryndan ugur alnyp, düzedişler girizilmäge degişlidir.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» ýakyn, orta we uzak geljekde ýetilmeli menzilleriň umumy çelgileridir. Şol

menzilleriň hersinde jikme-jik edilmeli işler barada bolsa aýratyn meýilnamalar kabul edildi. 2010-njy ýylyň awgustynda «Türkmenistanyň 2011–2015-nji ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy» tassyklanyldy. Şu meýilnamanyň esasy ugurlaryny welaýatlarda has doly we göwnejaý ýerine ýetirmek maksady bilen, garaşsyzlyk ýyllarynda ilkinji gezek:

– «Ahal welaýatynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy»;

– «Balkan welaýatynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy»;

– «Daşoguz welaýatynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy»;

– «Lebap welaýatynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy»;

– «Mary welaýatynyň 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasy» işlenip düzüldi we tassyklanyldy (2012, iýul).

Welaýatlar boýunça meýilnamalar işlenip düzülende her sebitiň ykdysadyýetiniň ýagdaýy ylmy taýdan seljerilip, sosial, demografik, tebigy-howa şertleri nazarda tutuldy. Meýilnamalarda «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» (2007-nji ýylyň dekabrynda kabul edildi) 2012–2016-njy ýyllar üçin her sebitde bellenen çäreler hem hasaba alyndy. Welaýatlar boýunça meýilnamalar ýerli aýratynlyklaryň has doly we anyk seljermesi bilen tapawutlanýar. Olar sebit syýasatynyň kämilleşdirilmegine hem ýardam edýär.

Ýurdumyzyň ösüşiniň täze tapgyrynda halk hojalygynyň aýry-aýry pudaklaryny meýilnamalaşdyrmaklygyň hem amala berk ornaşandygyny bellemelidir. Pudaklardan ilkinji bolup meýilnamalaşdyrylan nebit-gaz senagatydyr. Bu pudagy 2030-njy ýyla çenli öçdürmekligiň maksatnamasy 2006-njy

ýylda kabul edildi. Soňky ýyllarda başga-da köp pudaklar boýunça meýilnamalar işlenip düzüldi we kabul edildi;

– «Türkmenistanyň elektroenergetika pudagyny 2013–2020-njy ýyllarda ösdürmekligiň konsepsiýasy»;

– Türkmenistanda dokma senagatyny we söwdany 2012–2016-njy ýyllarda ösdürmekligiň maksatnamasy»;

– «Türkmenistanyň oba hojalyk pudagyny 2012–2016-njy ýyllarda ösdürmekligiň maksatnamasy»;

– «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny 2012–2030-njy ýyllarda ösdürmekligiň Milli maksatnamasy»;

– «Türkmenistanda 2014–2019-njy ýyllarda döwlet ähmiýetli awtomobil ýollaryny gurmaklygyň maksatnamasy» we başgalar.

Pudaklaýyn meýilnamalar hem örän möhüm resminamalardyr. Olar her pudagyň ösüş aýratynlyklaryny nazarda tutmaga mümkinçilik berýär. Aýry-aýry pudaklaryň meýilnamalary baradaky gürrüňe biraz soňra, degişli paragraflarda ýene dolanarys. Şu ýerde bolsa diňe oba hojalyk baradaky maksatnama taýýarlananda göz öňünde tutulan ugurlara ünsi çekýäris:

– Obada özgertmeler bazar gatnaşyklaryny ösdürmek, daýhan birleşiklerinde içerki hojalyk gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmak, daýhan birleşiklerini we hususy kömekçi hojalyklary ösdürmek arkaly amala aşyrylmalydyr;

– Obada telekeçiligi giňden ornaşdyrmaly. Oba hojalyk önümlerini öndürmek, taýýarlamak we gaýtadan işlemek, saklamak, daşamak we ýerlemek boýunça kiçi we orta hususy kärhanalary döretmek zerurdyr;

– Obada kärhanalary gurmak üçin uly bolmadyk möçberdäki karzlaryň berilmegini ýola goýmaly, munuň üçin bu ýerde bank ulgamyny kämilleşdirmelidir;

– Oba hojalyk pudagynyň düşewüntliligini ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň, tutuş biosferanyň binýady bolup durýan topragyň hasyllylygyny artdyrmagyň hasabyna üpjün etmeli, şunda her bir welaýatyň ýerleşiş we toprak-howa aýratynlyklaryndan ugur almalydyr. Mysal

üçin, Daşoguz welaýatynyň demirgazyk etraplarynda gowaça däl-de, däneli ekinleri ösdürip ýetişdirmek, Balkan welaýatynda maldarçylygy ösdürmek ykdysady taýdan bähbitlidir;

— Obada himiýa ulgamyny döretmeli, ony netijeli peýdalanmak üçin degişli işgärleri – hünärmen agrohimiýaçylary taýýarlamaly. Şonuň ýaly-da dökünleriň we ösümlikleri goraýan himiki serişdeleriň saklanylyşyny gowulandyrmak zerurdyr;

— Daýhan birleşikleriniň mümkinçiliklerini hemmetaraplaýyn açmak üçin, olaryň özbaşdaklygyny giňeltmek, işiň ahyrky netijesine bolan gyzyklanmasyny we jogapkärçiligini ýokarlandyrmak gerek. Daýhan birleşiklerine ýerliksiz görkezme bermegiň islendik görnüşleri bes edilmelidir. Olaryň içerki hojalyk işlerine degişli meseleleri özbaşdak çözmäge we hojalygara gatnaşyklaryň görnüşlerini kesgitlemäge hukugy bolmalydyr.

Görnüşi ýaly, Maksatnama obada bazar gatnaşyklarynyň ösüşini çaltlandyrmaklyga gönükdirilýär. Maksatnamada oba hojalygynyň gaýragoýulmasyz meseleleriniň çözgüdine toplumlaýyn çemeleşýär. Bu onuň güýçli tarapydyr. Häzirki döwürde ol üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Milli maksatnamalar, meýilnamalar türkmen halkynyň taryhy ykbalynda ägirt uly ähmiýete eýedir. Olar Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň hiç kime meňzemeýän milli ýolunyň dowamat dowamydyr.

?

1. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» haçan tassyklanyldy? Maksatnamany näçe tapgyrda durmuşa geçirmek bellenilýär? Ol tapgyrlarda ýerine ýetirilmeli işler barada referat ýazyň.
2. Welaýatlar boýunça meýilnamalar haçan tassyklanyldy? Ol meýilnamalaryň ähmiýetine siz nähili düşünýärsiniz?
3. Meýilnamalar pudaklar boýunça hem işlenip düzülýär. Siz haýsy pudaklar boýunça düzülen meýilnamalary bilýärsiňiz? Pudaklaýyn meýilnamalaryň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

# § 15. Döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylmagy

Hojalygy ýöretmegiň dünýa tejribesi eýeçiligiň dürli görnüşlerine esaslanýan ykdysadyýetiň, has takygy, garyşyk ykdysadyýetiň bäsleşige, erkin bahalaryň emele gelmegine ukyplydygyny, şahsy göreldeleriň döremegine we ösmegine has oňaýlydygyny äşgär görkezýär. Garyşyk ykdysadyýeti kemala getirmek eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmek bilen bagly bolup durýar. Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak hakynda kabul edilen kanunda (1993 ý.) «eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak» diýen düşünjaniň manysyna kesgitleme berilýär. Ol hojalygy dolandyryş ygtyýarlarynyň we wezipeleriniň kärhanalar derejesine berilmegini, döwlet eýeçiliginiň başga eýeçilik görnüşlerine, ýagny bellibir köpçüligiň ygtyýaryndaky kärhanalara, paýdar jemgyýetlerine, kooperatiwlere, döwlet eýeçiliginde durmaýan beýleki kärhanalara öwrülmegini aňladýar.




**Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçilik merkezi**

Türkmenistanda eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmagyň we hususylaşdyrmagyň döwlet eýeçiligindäki emläkleri kärendesine bermek, döwlet emlägini zähmetkeşler birleşigininiň agzalarynyň satyn almagy esasynda döwlet eýeçiligini toparlaýyn eýeçilige öwürmek, döwlet kärhanalaryny paýdarlar jemgyýetlerine öwürmek, döwlet eýeçiligindäki emläkleri raýatlaryň eýeçiligine satmak ýaly görnüşleri ulanylýar. Hususylaşdyrylan döwlet eýeçiliginiň täze eýesi kärhananyň iş ugruny, iş ýerlerini, çykarylýan önümiň görnüşlerini hem-de onuň möçberini azaltmazlyga, ekologik taýdan howpsuzlyk we daşky gurşawy goramak baradaky çäreleri durmuşa geçirmäge, durmuş hajatlary üçin niýetlenen hem-de önümçiligiň kömekçi desgalaryny saklamaga borçludyr.

Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak 1993-nji ýylyň aýaklarynda ykdysady özgertmeleriň çäklerinde başlandy. Şondan soňra geçen on alty ýylda (2010-njy ýyla çenli) ýurtda döwlet eýeçiligindäki desgalaryň 2127-si, şol sanda ilata durmuş hyzmatlaryny edýän kärhanalaryň 1284-si, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň 718-si, senagat desgalarynyň 48-si, gurluşyk kärhanalarynyň 9-sy, tamamlanmadyk gurluşyk desgalarynyň 5-si, beýleki desgalaryň hem 63-si hususylaşdyryldy. Döwlet býujetine 8054 mlrd manat pul gelip gowuşdy. Hususylaşdyrylan kärhanalaryň aglabasy oňat işleýär, olaryň öndürýän önümi artýar; işleýän işgärleriň sany öňküligine galyp, aýlyk haklary 2 esse köpeldi.

Döwlet kärhanalaryny paýdarlaşdyrmak işiniň gerimi giňeýär. Ol ykdysadyýetiň köpugurly häsiýete eýe bolmagyna ýardam edýär. 2010-njy ýylyň başyna çenli ýurtda paýdarlar jemgyýetleriniň 272-si, şol sanda senagatda we oba hojalygynda 77-si, söwdada we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda 47-si, beýleki pudaklarda hem 71-si hasaba alyndy. Ykdysadyýetiň döwlete degişli bolmadyk böleginiň kärhanalarynyň artmagy bilen, olaryň öndürýän önümleriniň mukdary, ýurtdaky jemi öndürilýän içerki önüme goşýan goşantlary hem köpelýär. Olaryň döwlet býujetine

gelip gowuşýan salgyt serişdeleriniň paýy-da artýar. Ol 2010-njy ýylda 20%-e barabar boldy.

2013-nji ýylyň ýanwarynda «Türkmenistanda kärhanalary we döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmagyň 2013–2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy» tassyklanyldy. Şol ýylyň dekabrynda «Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda» täze kanun kabul edildi. Kanunda häzirki döwürde döwlet emlägini hususylaşdyrmagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslary bellenilýär. Kanun Türkmenistanda telekeçiligiň ösdürilmegine, maýa goýumlarynyň çekilmegine hem-de netijeli sosial häsiýetli bazar ykdysadyýetiniň kemala gelmegi üçin şertleriň döredilmegine gönükdirilýär.

Kanuna laýyklykda, diňe döwletiň eýeçiligi bolup durýan emläkler hususylaşdyrylmaýar. Olar, esasan, şulardyr: ýerasty baýlyklar, tokaý gaznasy, suw resurslary, howa giňişligi, territorial suwlaryň we deňiz ykdysady zolagynyň resurslary, döwlet tarapyndan goralýan ýa-da aýratyn görnüşde peýdalanylýan tebigy çäkler, Türkmenistanyň taryhy we medeni mirasynyň obýektleri hem-de döwletiň bilim berýän edaralarynyň, ylmy-barlag institutlarynyň, Ylymlar akademiýasynyň we pudaklaýyn akademiýalaryň emlägi, bir bitewi energetika ulgamy, umumy peýdalanylýan ulag ulgamlary we beýlekiler degişlidir. Bu babatda kanunda anyk görkezilendir.

Häzirki döwürde hususylaşdyrmak işi köpçülikleýin häsiýete eýe bolýar. Iri senagat kärhanalary hem hususylaşdyrylýar. Paýdarlar jemgyýetleriniň sany artýar. Milli kompaniýalar, maýa gaznalary, gymmat bahaly kagyzlar bazary döredilýär. «Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakynda» (2013, iýun) kanunyň kabul edilmegi, şeýle hem ýaşaýyş jaý biržasynyň işläp başlamagy (2014 ý.) bilen, ýaşaýyş jaý bazarynyň döremegine-de ýol açyldy.

Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmak – şol gaznanyň ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyr-

magyň subýektleriniň eýeçiligine muzdsuz ýa-da muzdly berilmegidir. Kanunyň 13-nji maddasyna laýyklykda, ýaşaýyş jaýlarynyň muzdsuz hususylaşdyrylmagyna döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ulanylan möhleti on bäş ýyldan az bolmadyk ýaşaýyş jaýynda kireýne almak-bermek şertnamasy boýunça on ýyldan köp (döwlet we jemgyýetçilik hajatlary onda ýaşalan möhleti, şeýle hem ýaşaýyş jaýy çalşylan halatynda onda ýaşalan möhleti göz öňünde tutmak bilen) hemişelik ýaşaýan ýaşaýyş jaýlaryny kireýne alyjylaryň hukuklary bardyr. Kanunyň 7-nji maddasyna laýyklykda, ýaşaýyş jaýy, ýaşaýyş jaýynyň bir bölegi, köp öýli ýaşaýyş jaýynyň bir bölegi, köp öýli ýaşaýyş jaýyndaky öý, öýüň bir bölegi, hususylaşdyrmagyň obýektleri bolup durýarlar.

Ýaşaýyş jaýlaryny hususylaşdyrmak:

– hususylaşdyrmagyň subýektleriniň eýeçiligine göni (salgyly) muzdsuz berilmegi;

– hususylaşdyrmagyň subýektleri tarapyndan ýaşaýyş jaýlarynyň satyn alynmagy;

– hususylaşdyrmagyň subýektleri tarapyndan ýaşaýyş jaýlarynyň bäsleşikli söwdada satyn alynmagy görnüşlerinde amala aşyrylýar. Kanunda ýaşaýyş jaýlaryny elli göterim ýeňillikli ýa-da doly bahasyny töläp satyn almak arkaly hususylaşdyrmagyň tertibi hem düzgünleşdirilýär.

Hususylaşdyrylan ýaşaýyş jaýynyň eýesiniň maşgala agzalarynyň we ondaky ýaşaýyş meýdanyna hukugy bolan, ýaşaýyş jaýyny hususylaşdyrmaga razylyk beren adamlaryň bu ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmak hukugy saklanyp galýar. Garyndaşlyk gatnaşyklary bilen baglanyşykly bolmadyk iki we şondan köp maşgala ýaşaýan hususylaşdyrylan ýaşaýyş jaýlarynyň eýeleriniň ýaşaýyş jaýynda ýaşamagy bilen bagly olaryň durmuş we beýleki hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin niýetlenen kömekçi jaýlaryndan peýdalanmaklyga hukuklary deňdir. Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň raýatlara hususylaşdyrmak arkaly berilmegi ýaşaýyş jaý bazarynyň ösmegine, şeýle hem raýatlaryň eýeçilik

hukugy bilen bagly ykdysady ýagdaýynyň gowulanmagyna ýardam edýär.

Hususylaşdyrmak işi dowam edýär. Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegi ösýär we pugtalanýar. Türkmenistanda geçirilen ilat ýazuwy (2012 ý.) jemgyýetiň täze gatlaklara bölünýändigini görkezýär. Telekeçileriň milli gatlagy döreýär. Olar ýurtda esasy hususy haryt öndürijilerdir. Telekeçileriň öndürýän önümleri hil taýdanam, göze ýakymlylyk taýdanam barha kämilleşýär. Telekeçilik halk hojalygynyň ähli pudaklaryny gurşap alyp, örän çalt depginler bilen ösýär. 2008–2013-nji ýyllarda hususy kärhanalaryň ýerine ýetiren gurluşyk işleriniň möçberi 300 esse, oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmekde – 9 esse, senagat önümlerini öndürmekde – 8 esse artdy. Şu ýyllarda Senagatçylar we telekeçiler birleşigi hususy kärhanalarda 54 müň adamy iş ýerleri bilen üpjün etdi. 2013-nji ýylda STB-niň kärhanalary senagat önümlerini, 2012-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 140%, oba hojalyk we azyk önümlerini – 200% köp öndürdi, gurluşyk işlerini – 205% artyk ýerine ýetirdi. Umuman, indi halk hojalygynyň ösüşini telekeçilerden üzňe göz öňüne getirmek mümkin däldir. Olar ýurtda täze jemgyýetçilik gurluşynyň daýanjyna öwrülýär.

?

1. Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak işi haçan başlandy? «Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak» diýen düşünjä kesgitleme beriň.
2. Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmagyň we hususylaşdyrmagyň nähili görnüşleri bar? Bu barada gürrüň beriň.
3. Türkmenistanda 1993–2009-njy ýyllarda hususylaşdyrylan kärhanalar hakda referat ýazyň.
4. «Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda» täze kanun haçan kabul edildi?
5. «Döwlet ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlarynyň hususylaşdyrylmagy hakyndaky» kanun haçan kabul edildi? Bu kanun ýaşaýyş jaý bazarynyň kemala gelmegine ýol açýar diýilýär. Siz oňa nähili düşünýärsiňiz?
6. Ýurtda telekiçiler gatlagynyň döreýşi we olaryň alyp barýan işleri barada näme aýdyp bilersiňiz?

## § 16. Senagatyň ösdürilmegi

Garaşsyzlyk ýurtda sosial-ykdysady özgertmelere çemeleşmäni düýpli üýtgeden hadysa boldy. Onuň täsiri bilen işlenilip düzülen ykdysady syýasat tebigy we ykdysady baýlyklary halkyň eşreti üçin peýdalanmaga gönükdirildi. Ýurt öz tebigy baýlyklaryna eýe gözi bilen garap, olary rejeli ulanmaga başlady.

Türkmenistan tebigy baýlyklaryň egsilmez hazynasydyr. Onuň çäklerinde dürli magdanlaryň we magdan däl baýlyklaryň uly gorlarynyň üsti açyldy. Ol baýlyklar ýurtda senagat pudaklaryny çalt depginler bilen ösdürmäge şert döredýär.

**Nebitgaz senagaty.** Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bu ileri tutulýan pudak bolup, ony ösdürmeklige ägirt uly ähmiýet berilýär. Eýýäm 1993-nji ýylda nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli konsepsiýasy işlenip düzüldi. Onda geologiýa-gözleg işlerini güýçlendirmek, nebiti-gazy çykarmak, gaýtadan işlemek, daşamak we eksport etmek boýunça çäreler bellenildi. Ol çäreleri durmuşa geçirmek boýunça «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy, «Türkmennebit» we «Türkmengaz» döwlet konsernleri uly işleri ýaýbaňlandyrdylar.

Nebitgaz toplumyny ösdürmeklige daşary ýurt kompaniýalary giňden çekilýär. Olar bilen hyzmatdaşlykda bilelikdäki kärhanalar döredilýär, täze ýataklar özleşdirilýär, öndürilen önümleriň eksport edilişi artýar.

1995-nji ýyldan bäri Aşgabatda «Nebit we gaz» halkara sergisi guralýar. Sergide nebitgaz toplumynda dünýä boýunça gazanylan öňdebaryjy tejribe görkezilýär, duşuşyklar geçirilýär we nebitgaz telekeçiliginden bähbit gözleýän kompaniýalaryň arasynda geleşikler baglaşylýar. Türkmenistanda nebitgaz ýataklaryny özleşdirmäge «Itoçi» (Ýaponiýa), «Petronas» (Malaýziýa), «Sersel» (Fransiýa), «Dragon Oýl» (Birleşen Arap Emirlikleri – – Beýik Britaniýa), «Itera» (Russiýa Federasiýasy) ýaly kompaniýalar has işjeň gatnaşýarlar.

2006-njy ýylda «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy» kabul edildi. Maksatnamada nebitiň we gazyň çykarylyşyny üzül-kesil artdyrmak, olaryň ygtybarly gorlaryny üpjün etmek üçin geologiýa-gözleg hem-de çuň burawlaýyş işlerini güýçlendirmek bellenildi. Çuň burawlaýyş işlerinde «Sersel» kompaniýasynyň enjamlary ulanylyp başlandy. Ol enjamlar öňkülere garanda iki esse çuň, has takygy, 6-7 müň metre çenli aşaky gatlaklary burawlamaga mümkinçilik berýär. Netijede, nebit ýataklary ýurduň diňe günbatarynda däl, eýsem günortasynda – Günorta Ýolötende, Ýylaklyda (Baharly), gündogarynda – Ýaşyldepede hem tapyldy. Geologiýa - gözleg işleri ýurduň demirgazygynda – Garabogaz sebitinde hem alnyp barylýar.

Geologiýa gözleginiň maglumatlaryna (2010 ý.) görä, Türkmenistanda nebitiň gorlary 20,8 *mlrd t*, gazyň gorlary bolsa 24,6 *trln* kub m-e barabardyr. Şonça ýangyç serişdelerinden nebitiň 12 *mlrd t-sy* gazyň hem 6,2 *trln kub m*-i Hazar deňziniň türkmen böleginde ýerleşýär. Bu ýerde «Petronas», «Dragon Oýl», «Itera» we käbir beýleki daşary ýurt kompaniýalary, türkmen tarapy bilen şertna-



**Türkmenbaşy adyndaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy**

malaýyn ylalaşyk esasynda, nebit we gaz çykarmak bilen meşgullanýarlar.

Nebit-gazly ýataklary özleşdirmegiň esasy şerti uglewodorod çig malyny hemmetaraplaýyn peýdalanmakdan ybaratdyr, çünki birentek ýataklarda tebigy gazyň düzüminde senagatda ulanylýan etan, propan, butan, kükürt we geliý bar. Şonuň üçin nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy




**Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý gazgeçirijisi**



ýyla çenli döwür üçin maksatnamasynda, pudagyň öňünde diňe bir nebitgaz ýatakly ýerleri gözlemek we özleşdirmek däl, eýsem alynýan çig maly bütinleý gaýtadan işlemek wezipesi hem goýulýar.

Bu iş ýurtda giň gerim bilen alnyp barylýar. Türkmenbaşy şäherindäki (ozalky Krasnowodsk ) nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy (TNGIZT) onuň aýdyň mysalydyr. Ikinji jahan urşy döwründe Tuapseden göçürilip getirilen bu zawod örän könelip, onda gaýtadan işlemegiň tapgyrlaýyn tehnologiýasy hem ahyryna ýetirilmändi. Zawod diňe ýangyç öndürýärdi. Türkmenistan hatda çalgy ýaglaryny-da başga ýerlerden getirýärdi. 1997–2001-nji ýyllarda, daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda, TNGIZT-niň durky täzelendi. Dogrusy, bu ýerde sebitde iň iri häzirki zaman nebit-himiýa toplumy guruldy. Gurluşygyna 1,6 *mlrd* amerikan dollary harçlanan toplumda katolitik-riforming, ýokary hilli benzin, dizel ýangyjy, çalgy ýaglary, suwuklandyrylan gaz öndürilýän desgalar işe girizildi. Soňky ýyllarda toplumda polipropilen plýonkasy, nebit koksy öndürilýän desgalar, elektrostansiýa, deňiz suwuny süýjediji we başga-da birentek desgalar guruldy. Kämil tehnologik enjamlary bolan zawodlar toplumynda her günde 1,7 mln amerikan dollaryna barabar möçberde dünýä ölçeglerine laýyk gelýän önümleriň 20-den gowrak görnüşi öndürilýär.

Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawod (SNGIZ) geçen asyryň 70–80-nji ýyllarynda gurlup, Týumeniň (Günbatar Sibir) nebitini gaýtadan işlemäge niýetlenipdi. 2005-nji ýyllda zawodyň durkuny täzelemeklige girişildi we oňa 1 mlrd amerikan dollary goýuldy. Zawod indi nebiti Amyderýanyň sag kenaryndaky Ýaşyldepe we Günorta Ýolöten ýataklaryndan alýar. SNGIZ-de ozalky önümçilik ulgamlary döwrebaplaşdyrylyp, täze desgalar hem gurulýar. Zawodda ýokary hilli benzin, dizel ýangyjy, suwuklandyrylan gaz, mazut çykarylýar. Gaz kondensatyny gaýtadan işleýän desga guruldy. Onda dury önümler öndürilýär. Ozal

nebit gaýtadan işlenende bölünip çykýan gazy ýakýardylar. Indi şol ugurdaş gazy gaýtadan işläp, polietilen almak üçin desga guruldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda gazy gaýtadan işleýän pudak hem döredildi. TNGIZT-niň hem SNGIZ-niň düzümindäki suwuklandyrylan gaz öndürýän kuwwatly desgalar barada aýtmanymyzda-da, tebigy gaz känlerinde suwuk gaz öndürýän ýörite toplumlar guruldy. 1998–2005-nji ýyllarda Naýypda suwuk gaz öndürýän üç desga-toplum işe girizildi. Soňra şeýle toplumlar Bagajada, Ýaşyldepede guruldy. 2014-nji ýylda Derweze etrabynyň Owadandepe geňeşliginde tebigy gazdan benzin öndürýän zawodyň gurluşygy başlandy. Bahasy 1,7 *mlrd* amerikan dollary bolan bu zawody «Kawa-Saki» (ýapon) we «Ronesans» (türk) kompaniýalarynyň konsersiumy gurýar. Zawodda ýylda ýokary hilli (A-92 belgili) 600 müň t benzin öndürmek bellenilýär.

1998-nji ýylda «Körpeje – Gurtguýy» (Eýran) gazgeçirijisi gurlup, ulanylmaga berildi. 2010-njy ýylda Eýrana ikinji gazgeçiriji «Döwletabat – Sarahs – Hangeran» hem guruldy. Bu gazgeçirijileriň umumy kuwwaty ýylda 20 *mlrd kub m-e* barabardyr.

2006-njy ýylda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda gazgeçirijisini gurmak baradaky ylalaşyga gol çekildi. Ylalaşyga görä, türkmen tarapy tebigy gazyň bellenen möçberini öz döwlet serhedinde üpjün etmäge, Hytaý tarapy bolsa ony satyn almaga borçlanýar. Amyderýanyň sag kenaryndaky Bagtyýarlyk (Samandepe) käninden başlanyp, 7000 km-e uzalyp gidýän «Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý» gazgeçirijisiniň birinji sapagy 2009-njy ýylda işe girildi. Soňky ýyllarda onuň ikinji, üçünji sapaklary guruldy. Häzirki wagtda dördünji sapagy[1] gurulýar. Ony hem 2018-nji ýylda işe girizmek bellenilýär.

2008-nji ýylda dünýäde örän baý gaz ýataklarynyň biri – Galkynyş (Günorta Ýölöten, Osman, Ýaşlar) senagat

[1] Türkmenistan – Özbegistan – Täjigistan – Gyrgyzystan – Hytaý gazgeçirijisi.

taýdan özleşdirilip başlandy. Oňa Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Günorta Koreýanyň kompaniýalary gatnaşýarlar.

Gaz känini özleşdirmegiň birinji nobatdakysyna 10 *mlrd* amerikan dollary harçlanyldy we onda tebigy gazy arassalap, harytlyk gaz öndürýän zawodlar toplumy guruldy. 2014-nji ýylda «Galkynyş» gaz käni işe girizilip, «Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý» gazgeçirijisine sapyldy. Häzir gaz känini özleşdirmegiň ikinji nobatdakysynda umumy bahasy 12 mlrd amerikan dollary bolan gurluşyklar alnyp barylýar. 2014-nji ýylda Hytaý 30 *mlrd kub m* türkmen gazyny aldy. Gazgeçirijä berilýän «mawy ýangyjyň» mukdaryny 2016-njy ýylda 40 *mlrd kub m*-e, 2021-nji ýylda bolsa 65 mlrd kub m-e ýetirip, soňra her ýylda şonça mukdardaky gazy Hytaýa tarap akdyrmak bellenilýär.

Türkmenistan nebitgaz toplumynda iri taslamalary özbaşdak amala aşyrmaga hem girişýär. 2010-njy ýylda «Şatlyk –1» kompressor stansiýasyndan «Belek – 1» kompressor stansiýasyna çenli uzalyp gidýän (770 km) «Gündogar – Günbatar» gazgeçirijisiniň gurluşygyna badalga berildi. Bahasy 2 *mlrd.* amerikan dollaryna, kuwwaty ýylda 30 *mlrd kub m*-e barabar bolan bu desga «Türkmengaz», «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konsernleri tarapyndan gurulýar. Gurluşygy 2015-nji ýylda tamamlamak bellenilýär. «Gündogar – Günbatar» gazgeçirijisi ýurduň tebigy gaza baý gündogar sebitini merkezi we günbatar sebitleri bilen birikdirer. Iş ýüzünde gazgeçiriji halka emele gelip, «mawy ýangyjy» islendik tarapa akdyrmaga mümkinçilik dörär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň walýuta girdejileriniň 3/4 bölegine golaýyny nebitgaz toplumy berýär. Pudagyň özi maýa goýumlaryny we maddy serişdeleri köp talap etse-de, zähmeti köp talap etmeýär. Çünki onda önümçilik iň täze tehnologiýalara daýanýar. Göräýmäge, ykdysady özgertmeler pudaga galtaşmadyk ýaly bolsa-da, ol eýýäm täze haryt-pul gatnaşyklarynyň düzgüninde iş alyp barýar, sebäbi şeýle düzgünde işleýän daşary ýurt kompaniýalary

bazar ykdysadyýeti şertlerinde hereket edýärler. Şoňa görä nebitgaz toplumynda olar bilen hyzmatdaşlyk bazar gatnaşyklary esasynda amala aşyrylýar.

**Himiýa senagaty.** Türkmenistanda himiýa senagatyny ösdürmek üçin çig mal baýlyklarynyň ägirt uly gorlary bar. Ýurduň günbatar-demirgazygynda himiýa çig malynyň örän köp görnüşleriniň täsin utgaşan hazynasy Garabogaz aýlagydyr. Bu ýerde mirabilit (natriý sulfaty), bişofit, epsomit, magniý, stronsiý, rubidiý, bor, brom we başga-da ençeme gymmatly minerallar bar. 1980-nji ýylda aýlagy deňizden bölüp aýyrmak bilen ýol berlen gödek ýalňyşlyk düzedilýär. SSSR dargap, ykdysady gatnaşyklary gowşan we önümçiligi pese gaçan «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi hem kem-kemden çökgünlikden çykýar. 1999-njy ýylda birleşikde bary-ýogy 10 müň tonna natriý sulfaty öndürildi. Soňra önümçilik ösüp başlap, 2004-nji ýylda diňe eksport edilen natriý sulfatynyň, bişofitiň, epsomitiň we beýleki himiýa önümleriniň möçberi 31,3 müň tonna barabar boldy. Bu önümler senagat pudaklarynyň 25-den gowragynda, şol sanda kosmos tehnikasynda, awia-awtomobil gurluşygynda giňden ulanylýar. Şol sebäpli olar dünýä bazarynda örän geçginli harytlardyr. Garabogazyň himiýa resurslary bilen ýapon, koreý, türk kompaniýalary içgin gyzyklanýarlar. Sulfat natriý, sintetik ýuwujy poroşok öndürýän kärhanalar gurmak bellenilýär.

Ýodly-bromly suwlar, esasan, Balkanabat, Hazar (ozalky Çeleken) sebitlerinde köpdür. «Hazar» himiýa, «Balkanabat» ýod-brom zawodlarynda täze kuwwatlyklar işe girizildi. Täze «Bereket» ýod-brom zawody guruldy (2008 ý.). 2006–2008-nji ýyllarda ýoduň öndürilişi 320 tonna bolanlygyndan 500 tonna ýetdi. Öndürilýän ýoduň bir bölegi «Guwlyduz» kombinatyna nahar duzuny ýodlaşdyrmaga iberilip, galan köp bölegi eksport edilýär. Hazaryň tehniki uglerod (gurum) zawodynyň önümleri tutuşlygyna daşary ýurtlara iberilýär. Ýod, gurum dünýä bazarynda ýokary bahadan satylýar.

7. Sargyt № 2165.



**Mary welaýatynyň Karbomid zawody**




**Balkan welaýatynyň sement zawody**

Türkmenistanyň gündogarynda gazylyp alynýan magdanlaryň deňi-taýy bolmadyk ojagy Magdanly (ozalky Gowurdak) – Köýtendag sebitidir. Bu ýerde gips bilen angidridiň, daş hem kaliý duzlarynyň, kükürt bilen selestiniň ägirt uly gorlary bar. Geologiýa gözlegleriniň netijesinde reňkli metallurgiýany ös-

dürmek üçin gerek bolan polimetal magdan ýataklary hem tapyldy. 2009-njy ýylda sebitde örän iri Garlyk dag-magdan toplumynyň gurluşygy başlandy. Gurluşyk OAO «Belgorhimprom» tarapyndan alnyp barylýar. Toplumy iki nobatda gurmak bellenilýär. 100 *ga* meýdanda 70 desgany öz içine alýan gurluşygyň birinji nobatdakysyna 1 *mlrd* amerikan dollaryna golaý serişde goýuldy. Toplumyň kuwwaty 1,4 *mln* tonna kaliý dökünlerine barabar birinji nobatdakysy işe girizilensoň (2015 ý.), onuň ikinji nobatdakysyny gurup, kuwwatyny 4 *mln* tonna ýetirmek we kaliý dökünleriniň köp bölegini daşary ýurtlara eksport etmek göz önünde tutulýar.

Biziň ýurdumyz mineral boýaglary öndürmek üçin zerur bolan çig mallara hem baýdyr. Köýtendagda, Günbatar Köpetdagda, Boýadagda şeýle minerallardan ýarozitiň, limonitiň, gematitiň çykýan ýerleri bar. Mysal üçin, Boýadagda her dürli (gyzyl, çal, sary, gök, ýaşyl, mele, goňur, ýiti gök we ş. m.) reňkli minerallar bolup, olara seretseň daga haly ýazylan ýaly bolup görünýär. Boýadag tebigy reňkleriň egsilmez çeşmesidir. Geljekde onuň özleşdirilmegi halyçylyk we käbir beýleki pudaklar üçin zerurlykdyr.

Mineral dökünler Türkmenabadyň himiýa, Marynyň azot zawodlarynda öndürilýärdi. Olarda täze kuwwatlyklar işe girizildi. 2001-nji ýylda kärhanalarda azot öndürilişi 177 müň tonna, fosfat öndürilişi hem 144 müň tonna ýetirildi. 2014-nji ýylda Türkmenabadyň himiýa zawodynda ýylda 500 müň tonna kükürt kislotasyny öndürýän sehiň gurluşygyna başlanyldy. 2001–2005-nji ýyllarda Tejende karbomid zawody guruldy. Zawodda çig mal hökmünde tebigy gaz ulanylýar we ýylda 350 müň *t* karbomid öndürilýär.

2011-nji ýylda Maryda ýapon, türk kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ammiak we karbomid zawodlarynyň gurluşygy başlandy. Karbomid azot dökünlerinden iň ýokumlysy hasaplanýar. Ammiak bolsa azot dökünlerini öndürmekde, şeýle hem medisinada giň ulanylýan himiýa önümidir. Bu himiýa zawodlarynyň gurluşygyna 1,1 *mlrd* amerikan dollary möçberinde serişde goýuldy. 2014-nji ýylda ol zawodlar

işe girizildi. Olaryň kuwwaty ýylda 400 müň *t* ammiaga we 640 müň *t* karbomide barabardyr.

2014-nji ýylda Gyýanlyda gazhimiýa toplumynyň gurluşygyna girişildi. Ýapon we koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Hazaryň kenarynda döredilýän bu ägirt uly desganyň gurluşygyna 3,5 *mlrd* amerikan dollary goýuldy. Toplumda deňizden çykarylýan gazy gaýtadan işläp, ýylda 368 müň t polietilen we 81 müň tonna polipropilen öndürmeklik bellenilýär. 2014-nji ýylda Garabogazda hem tebigy gazy gaýtadan isläp, karbomid öndürýän zawodyň gurluşygyna girişildi. Bahasy 1,6 *mlrd* amerikan dollary bolan bu gurluşyk tamamlananda, zawodda ýylda 1,155 müň tonna karbomid öndüriler. Şeýle zawodlaryň gurulmagy tebigy gazyň gaýtadan işlenişiniň çuňlaşýandygyny, ondan alynýan önümleriň görnüşleriniň artýandygyny görkezýär.

Görnüşi ýaly, tebigy gaz örän gymmatly himiki çig maldyr. Gaz arassalananda-da onuň düzüminden köp sanly himiki önümler alynýar. Mysal üçin, «Galkynyş» gaz käniniň diňe birinji nobatdakysynyň gaz arassalaýjy zawodlarynda ýylda 2 *mln* tonna golaý granulirlenen kükürt we gaz kondensaty alynýar. Gaz arassalaýjy zawodlar «Bagtyýarlyk» we käbir beýleki iri gaz ýataklarynda hem işleýär. Galyberse, daşary ýurt kompaniýalarynyň terjibesi gazdan köp pudaklarda giňden ulanylýan formaldegid, formaldegid-karbomid smolasy, metiltrerbutil spirti, polimetilmetakrilat (organiki aýna), etilasitat, asetilsellýuloza, uksus kislotasy ýaly önümleri alyp bolýandygyny görkezýär. Diýmek, tebigy gazyň öndürilişiniň artmagy ondan alynýan himiki önümleriň hem artmagyna şert döredýär. Umuman, himiýa senagatynyň öňünde ägirt uly mümkinçilikler açylýar.

**Elektroenergetika.** Bu pudak ýurduň sosial-ykdysady ugurlarynda tehniki progresiň düýp özeni bolup durýar. Elektrik energiýasy diňe önümçilikde däl, halkyň ýaşaýyş-durmuşynda hem örän möhüm orun eýeleýär.

1992-nji ýylda «Kuwwat» (soňra «Türkmenenergo») döwlet elektroenergiýa korporasiýasy döredildi. Korporasiýa Aşgabadyň «Türkmenkabel», «Türkmendemirçigmal-

galyndy» önümçilik birleşmelerini, elektrotehnika zawodyny, Marynyň demirmetal kärhanasyny, «Lebapenergo» önümçilik birleşmesiniň elektrikbloklary zawodyny, «Elektroapparat» kärhanasyny, elektroenergetika enjamlaryny gurnaýjy kärhanalary öz içine alýar. Döwlet korporasiýasy elektrik stansiýalarynyň we ulgamlaryň taslamasyny düzmek, olary gurmak, ulanmak, bejeriş işlerini geçirmek bilen meşgullanyp, halk hojalygyny kabel önümleri, elekrtotehnika we maşyngurluşygy önümleri bilen üpjün edýär. Korporasiýanyň kärhanalarynda ilatyň sarp edýän harytlarynyň hem 300-den gowrak görnüşleriniň önümçiligi ýola goýuldy.

Döwlet korporasiýasy ýurtda ýeke-täk elekrtoulgam döretmek boýunça iş alyp bardy. 1996-njy ýylda ulgamda ýetmeýän halka – Seýdi – Daşoguz[1] elektrik geçirijisi gurlup, işe girizildi. Korporasiýa «Jeneral Electric» amerikan kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda, ýurtda kuwwatly gazturbinaly elektrik stansiýalaryny gurup başlady. Durky täzelenen Abadan hem Balkanabat DES-lerinde gazturbinalaryň bäşisi oturdyldy. 2003-nji ýylda Türkmenbaşy şäherinde, 2006-njy ýylda bolsa Aşgabatda gazturbinaly täze DES-ler işe girizildi.

Soňky ýyllarda Daşoguzda, Awazada, Aşgabatda DES-ler gurlup, ulanylmaga berildi. Pudakda iň iri – Mary DES-iniň durky täzelenýär. Elektrostansiýalaryň durkuny täzelemek, täzelerini gurmak bilen bir hatarda, hereket edýän podstansiýalary, elektrik geçirijileri döwrebaplaşdyrmak işi hem güýçli depginde alnyp barylýar.

2013-nji ýylda ýurtda elektrik stansiýalarynyň 10-sy bolup, olarda 32 turbina, şol sanda 15-si gaz, 14-si bug, 3-si suw turbina işleýärdi. Olaryň umumy kuwwaty 4500 megabata golaýdyr. Şonça mukdardaky elektrik energiýasy ýurduň öz hajatlaryny doly kanagatlandyrýar we goňşy ýurtlara-da çykarylyp başlanýar.

[1] Ozal Daşoguz welaýaty elektrik energiýasyny Özbegistandan (Tahiýataş DES-den) alýardy.

«Türkmenistanda elektroenergetika pudagyny 2013–2020-nji ýyllarda ösdürmegiň konsepsiýasynda» paýtagtda we welaýatlarda täze DES-leriň 10-dan gowragyny gurmak we ýurtda öndürilýän elektrik energiýasynyň mukdaryny birnäçe esse artdyrmak bellenilýär. Konsepsiýada daşary ýurtlara çykarylýan elektrik energiýasynyň mukdaryny hem üzül-kesil artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Tükmenistanyň elektrik energiýasyny ilki bilen Eýranyň (1999 ý.) we Owganystanyň (2002 ý.) demirgazyk welaýatlary aldylar. Türkmen elektrik energiýasy Eýranyň üsti bilen Türkiýä bardy (2003 ý.). 2007-nji ýylda bu döwletlere 2 *mlrd kwt* sagat elektrik energiýasy berildi. Şol ýyl türkmen elektrik energiýasyny Täjigistan hem alyp başlady. Geljekde elektrik energiýasyny Gyrgyzystana, Pakistana-da eksport etmek göz öňünde tutulýar.

**Agyr senagat.** Aşgabatda ilkinji agyr senagat kärhanasy – nebit maşyn gurluşygy («Nebitmaş») zawody 1960-njy ýylda işläp başlady. Şol ýyl «Türkmenkabel», elektrotehnika zawodlary hem işe girizildi. «Nebitmaşda» gradirenler (gyzgyn suw sowatmak üçin senagatda ulanylýan ulgam), wentilýatorlar, beýleki kärhanalarda kabel, elektrotehnika önümleri öndürilýärdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda pydagyň kärhanalary önümçilik ugruny üýtgetdiler. Olar esasy önümler bilen bir hatarda, halkyň sarp edýän önümlerini hem öndürmäge gönükdirildi. Mysal üçin, 1998-nji ýylda «Nebitmaş» kärende kärhanasy-






**Owadandepe. Metallurgiýa zawody**

na öwrüldi. Onda nebitgaz, elektroenergetika senagaty we beýleki pudaklar üçin nebit önümlerini sorup gaba guýujy, nebitgaz awtomatik ýyladyjy enjamlary, ýokary woltly elektrik geçirijiler üçin daýançlary, sisternalary, elektrik plitalary, köçeleriň polat turba elektrik yşyklandyryjylaryny, gaz plitalarynyň korpuslaryny, ýolagçy otly wagonlary üçin ýyladyjy gazanlary, ýaşaýyş jaýlaryny we edaralary awtomatik ýylatmak üçin gazanlary (minikotelnileri) öndürmek ýola goýuldy. Zawodda ilatyň köp isleg bildirýän harytlarynyň hem 100-e golaý görnüşi çykarylýar. Aşgabadyň «Azykmaş», «Demir», gaz enjamlary, Türkmenabadyň «Agromaş», Marynyň maşyn gurluşyk zawodlarynda gaz plitalary, azyk senagatynda, oba hojalygynda ulanylýan enjamlar, ätiýaçlyk şaýlary, dürli görnüşli sorujylar (nasoslar) bilen bir hatarda, hojalykda ulanylýan köp harytlary öndürmeklik ýola goýuldy. Umuman, pudagyň kärhanalarynda halkyň köp isleg bildirýän harytlarynyň 300-den gowrak görnüşi öndürilýär.

Daşoguzda turba zawody guruldy (1998 ý.). Kärhanada kiçiräk diametrli hem-de güýçli bolmadyk basyşa çydamly plastmassa turbalar öndürilýär. Onuň kuwwaty ýylda 40 müň *t* turba we 20 müň *t* proffilere barabardyr. Ruhabat etrabynda hem turba zawody guruldy (2006 ý.). Iň kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilen bu kärhanada diametri 1000 mm-e çenli bolan polietilen, polipropilen, aýna süýümli we polat sim goşulan termoplastik turbalar, damjalaýyn suwaryş üçin şlangalar we turbajyklar öndürilýär. Ol turbalary kebşirlemek, seplemek (swarkasyz) aňsat. Olar dürli pudaklarda, şol sanda jemagat hojalygynda giň ulanylýar. Zawodyň kuwwaty ýylda 10 müň pagon *km* turba we 15 müň pagon *km* şlangalary, turbajyklary öndürmäge ýetýär.

2005–2009-njy ýyllarda Ruhabat etrabynda metallurgiýa zawody guruldy. Türk kompaniýalarynyň konsorsiumy tarapyndan Owadandepede gurlan bu kärhananyň kuwwaty ýylda 60 müň *t* metal we 160 müň *t* taýýar önümleri (armaturlar, şwellerler, burçlar we ş.m.) öndürmeklige ba-

rabardyr. Bu önümler gurluşykda örän gerekli bolup, ozal başga ýurtlardan getirilýärdi.

Gysgaça aýdylanda, ýurtda agyr senagat ösüp başlaýar. Ol walýuta serişdelerini tygşytlamagyň we ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny çalt depginler bilen ösdürmegiň ygtybarly esasydyr.

**Ýeňil senagat.** Bu pudakda, esasan, halkyň sarp edýän önümleri öndürilýär. Ýeňil senagatda dokma, tikinçilik, ýüpek, gön-aýakgap pudaklary we başga-da käbir pudaklar ösdürilýär. Dokma pudagyny ösdürmeklige has uly ähmiýet berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda şu pudaga 1,6 *mlrd* amerikan dollary möçberinde serişde goýuldy. Daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Aşgabatda «Türkmenbaşy dokma toplumy», Ruhabat etrabynda jins, dokma toplumlary, Serdar şäherinde, Gökdepede we Baýramalyda dokma toplumlary gurlup, ulanylmaga berildi. Täze tehnologiýalar bilen üpjün edilen toplumlaryň hersinde 4-5, hatda 6 fabrik bolup, olarda önümçillik gutarnykly häsiýete eýedir. Başgaça aýdylanda, toplumlara




**Türkmenbaşy dokma toplumy**



**Aşgabat dokma toplumy**

gelýän pagta taýýar önümler – matalar, egin-eşikler bolup çykýar.

2000-nji ýylda işe girizilen Türkmenbaşy dokma toplumynda 6 fabrik bolup, olarda 3300 adam zähmet çekýär. Toplumda nah matanyň 25 görnüşi (paplin, setin we ş.m.), taýýar önümler – erkekler üçim içki geýimler, köýnekler, ýorgan-düşek daşlyklary, trikotaž önümleri öndürilýär. Ýylda 80 mln amerikan dollaryna barabar möçberde öndürilýän önümler eksporta niýetlenen hem bolsa, harytlaryň bir bölegi ýerli bazara hem çykarylýar. Toplumda önümçilik ekologiýa taýdan arassadyr. Ol şäheriň çäginde ýerleşýändigine garamazdan, töwerek-daşa zyýansyzdyr. Bu ýerde arassalaýjy desgalaryň giden toplumy guruldy. 2006-njy ýylda paýtagtda ýene bir dokma toplumy işläp başlady.

Türkmenistanda çaklaňrak (200–500 adam işleýän) dokma kärhanalarynyň hem onlarçasy guruldy. Gökdepe, Sakarçäge, Türkmengala, Baharly, Kaka, Wekilbazar, Halaç etraplarynda, Tejen, Serdar, Daşoguz şäherlerinde pagta egriji ýüplük fabrikleri gurlup, müňlerçe iş orunlary döredildi. Mysal üçin, Halajyň ýüplük fabriginde 200-e golaý adam işleýär. Ozal daýhançylyk bilen meşgullanan gelin-gyzlar, ýigitler çylşyrymly enjamlary işletmegi öwrendiler we yhlasly zähmet çekýärler.

Ýeňil senagatyň ýüpek pudagy düýpli özgerdi. Aşgabadyň we Türkmenabadyň ýüpek kelepleýji fabrikleriniň durky

täzelenip (2004 ý.), olarda önümçilik awtomatlaşdyryldy we kompýuterleşdirildi. Ýüpekçileriň öndürijilikli işlemekleri üçin ähli şertler döredildi. Kärhanalarda halkara ölçeglerine laýyk gelýän örän inçe hem berk ýüpek ýüplükler çykarylýar. Ruhabat etrabynda panbarhat fabrigi guruldy (2008 ý.). Fabrikde türkmen gelin-gyzlarynyň arzyly matasy panbarhatyň ýylda 1 *mln* pagon *m*-i öndürilýär.

Dokma pudagy senagatda ileri tutulýan pudaklaryň birine öwrüldi. 2030-njy ýyla çenli pagtaçylyk etraplarynyň hemmesinde diýen ýaly dokma kärhanalaryny gurmak bellenilýär. Häzirki wagtda dokma senagatynyň 75 kärhanasynda, şol sanda dokma toplumlarynyň, ýüplük we dokma fabrikleriniň 32-sinde, tikin fabrikleriniň 3-sinde, ýüpek kärhanalarynyň 7-sinde 30 müňe golaý adam zähmet çekýär. Pudakda ýylda 177 müň t dürli ölçegdäki ýüplükler, 186 müň inedördül m nah matalar, 11 müň *t* trikotaş polotnolary, 7,2 müň *t* sütükli matalar, 80 *mln* sany trikotaş we tikinçilik önümleri öndürilýär. Bu önümleriň 70-80%-i Ýewropa ýurtlaryna, Hytaýa, ABŞ-a, Kanada eksport edilýär.

**Azyk senagaty.** Ýeňil senagat ýaly, azyk senagaty hem sarp ediş bazaryna hyzmat edýär. Onda ýag çykarýan, çörek-makaron, süýji-köke, et-süýt öndürýän we käbir beýleki pudaklar ösdürilýär. Olar öňki döwürde senagat pudaklary hökmünde emele gelenem bolsalar, tehnologiýa taýdan gowşakdy. Öndürilýän önümleriň hili pesdi. Ilata




**Ruhabat etrabyndaky «Ahal» ýag zawody**



**Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabyndaky häzirki zaman elewatory**

gerekli azyk önümleriniň köp bölegi beýleki ýerlerden getirilýärdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda azyk üpjünçiligi ykdysady howpsuzlygyň örän möhüm bölegi hökmünde öňe sürlüp, onuň senagat bilen baglanyşykly ugry çalt depginler bilen ösdürildi. 1992–1996-njy ýyllarda azyk senagatyny ösdürmeklige 500 mln amerikan dollary möçberinde serişde goýuldy. Şol serişdeleriň hasabyna öňki kärhanalaryň ençemesiniň durky täzelenip, täze kärhanalaryň 120-si guruldy. Şolaryň arasynda Marynyň gant zawody hem bar. Ol 1998-nji ýylda işe girizildi. «Maryşeker» paýdarlar jemgyýeti döredilip, Garagum, Baýramaly, Sakarçäge we käbir beýleki etraplarda kärendeçiler bilen şertnama esasynda gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmek ýola goýuldy. Mysal üçin, 2006-njy ýylda kärendeçilerden kabul edilen şugundyr 195,4 müň *t*, öndürilen gant bolsa 6560 *t* barabar boldy.

Süýt-ýag önümçiligine täze tehnologiýa ornaşdyryldy. Garabekewülde, Köýtendagda, Gazojakda, Sarahsda kiçi

süýt zawodlary, Aşgabatda süýt toplumy (1999 ý.) guruldy. Serdarabat, Halaç, Farap, Sakar, Kaka etraplarynda peýnir we mesge ýagyny öndürýän sehler, Köneürgençde ýag  zawody (1996 ý.), Serdar şäherinde kiçi ýag zawody (2000 ý.), Ruhabat etrabynda «Ahal» ýag zawody (2010 ý.) işe girizildi. Baýramalynyň, Türkmenabadyň, Daşoguzyň ýag zawodlarynyň bölekleýin durky täzelendi. Bu kärhanalarda öndürilýän «Ak maýa», «Abiwerd», «Ýaýla» peýnirleri, «Türkmenabat», «Ak pamyk» ösümlik ýaglary, «Lezzet», «Altyn asyr» salat ýaglary, mesge, margarin, goýaldylan süýt, gatyk önümleri ilat arasynda islegli harytlara öwrüldi.

Et, kolbasa önümçilik kuwwatlyklary artdyryldy. Sakarda, Halaçda, Hojambazda, Garabekewülde, Serdarabatda, Tejende kolbasa sehleri, Aşgabatda kolbasa öndürýän kiçi zawod (2001 ý.) guruldy. Abadan (öňki Büzmeýin) şäherinde «Bereketli» hususy kärhanasy açyldy (2010 ý.). Eti ýokary tehnologiki usulda we halkara ülňülerine laýyk gelýän gowy hilde gaýtadan işleýän bu kärhanada 30-dan gowrak önüm öndürilýär. «Bereketlide» öndürilen gaýnadylan we kakadylan şöhlatlar, türkmen gowurmasy, buženina we beýlekiler ilatyň uly isleg bildirýän önümleridir.

Azyk senagatynda doňdurma, sok, alkogolsyz içgiler öndürýän kuwwatlyklar döredildi. Maryda doňdurma öndürýän kiçi zawod (2000 ý.), Aşgabatda doňdurma zawody işe girizildi (2001 ý.). Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan köp sanly suw zawodlarynda şerbetler, alkogolsyz içgiler hem öndürilýär. Mysal üçin, Aşgabadyň «Arçabil» suw zawodynda «Limonad», «Tarhun», «Alma», «Garaly», «Armyt» şerbetleriniň çykarylyşy ýyl-ýyldan artýar.

Un üweýän, makaron öndürýän pudak iş ýüzünde täzeden döredildi. Onda ilkinji häzirki zaman tehnologiýasy bilen üpjün edilen kärhana 1994-nji ýylda Aşgabatda işe girizildi. Soňra Tejende un üweýän fabrik, Köneürgençde, Balkanabatda, Baharlyda, Kakada, Änewde un üweýän

toplumlar (degirmen, elewator), Türkmengalada makaron fabrigi guruldy. Pudakda gurluşyklaryň depgini soňky ýyllarda-da gowşamady. 2013-nji ýylda welaýatlarda umumy sygymy 250 müň t bugdaý saklanýan we ýylda 230 müň *t* çörek önümlerini öndürýän kärhanalar işe girizildi. 2014-nji ýylda bolsa umumy sygymy 360 müň t bugdaýa barabar bolan 8 sany (Boldumsaz, Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky, Garaşsyzlyk, Beyik Türkmenbaşy, Altyn sähra, Garagum, Tejen, Babadaýhan etraplarynda) häzirki zaman elewatorlary ulanylylmaga berildi. Bu kärhanalarda gallanyň ähtibarly saklanylmagyny üpjün etmek bilen bir hatarda, ilata gündelik zerur bolan önümler hem öndürilýär.

Öňki döwürde gök-bakja, kartoşka, miwe saklanýan 3-4 ga meýdany bolan, sowadyjy enjamlar bilen üpjün edilen ammarlar azlyk edýärdi. Yssy howada bu azyk önümlerini saklamak kyndy, ýitgi köp bolýardy. Paýtagtda we welaýat merkezlerinde uly göwrümli ammarlaryň 30-dan gowragy guruldy. Häzirki zaman elewatorlarynyň, ammarlarynyň işläp durmagy ýylyň bütin dowamynda ilaty un, gök, kartoşka, miwe we beýleki önümler bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Azyk senagatynda edilen işler az däl. Şäherlerde we etraplarda döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, ownuk we orta hususy kärhanalar döredilýär. Kärhanalarda et, kolbasa, süýt, çörek, doňdurma, agyz suwy, miwe şiresi, gant, konserwa, çakyr önümleri, duz ýaly önümleriň 350-den gowrak görnüşleri öndürilýär. Şolardan 200-e golaýy ozal ýurtda öndürilmeýän azyk harytlarydyr.

**Gurluşyk materiallary senagaty.** Türkmenistan gurluşyk materiallaryna örän baýdyr. Hek daşlary, çäge, toýun, çagyl ýurduň hemme ýerlerinde bar. Daglyk ýerlerinde karbonat jynslarynyň (dolomit, hek daşlary, mergelleriň), keramzitiň (oda çydamly toýunlaryň), mermer onikisleriniň, agat, ýaşma, gök selestin ýaly gymmat bahaly bezeg daşlarynyň uly gorlary tapyldy. Umuman, ýurtda gurluşyk ma-





**Ruhabat etrabynyň Owadandepe obasyndaky Gazbeton zawody**

teriallarynyň 30-dan gowrak görnüşi bolup, olar uly ýollaryň golaýynda ýerleşýär.

Şeýle uly mümkinçilikleriň bardygyna garamazdan, öňki döwürde Türkmenistanda gurluşyk pudagy ykdysadyýetiň ösüşinden has yza galýardy. Gurluşyk materiallarynyň ýetmezligi zerarly desgalaryň gurluşygy bökdelýärdi. Çünki düýpli gurluşygyň we gurluşyk materiallaryny öndürmegiň ösüş depgini deň meýilnamalaşdyrylýardy. Iş ýüzünde bolsa, gurluşyk materiallarynyň öndüriliş depgini düýpli gurluşygyň depgininden 1,5-2 esse artyk bolmalydy. Onsoňam gurluşyk materiallary kärhanalary, köplenç, Ahal, Balkan welaýatlarynda gurlup, materiallary beýleki welaýatlara daşamaly bolýardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan pudagy meýilnamalaşdyrmakda bu tagaşyksyzlyklar göz öňünde tutulyp başlandy. Öňden işläp gelýän Aşgabadyň, Türkmenabadyň iri panelli jaýgurluşyk kombinatlarynda, Marynyň, Daşoguzyň, Türkmenbaşynyň gurluşyk materiallary zawodlarynda we beýleki kärhanalarda öndürilýän önümleriň möçberi artdy, hili ýokarlandy. Daşoguzda demirbeton önümleri, keramzit zawodlary, timarlaýyş plitalaryny öndürýän daş kesiji zawod (1994 ý.), Maryda timarlaýyş plitalaryny öndürýän zawod (1994 ý.), Aşgabatda plastmassa gapylary we penjireleri öndürýän fabrik,

Balkanabatda farfor zawody (1996 ý.), Jebelde çerepisa zawody (2001 ý.) guruldy. Şäherlerde, şäherçelerde kerpiç zawodlary işläp başlady.

Düýpli gurluşygy giň gerimde alyp barmak, aýratynam, sement öndürilişine baglydyr. Bu gurluşyk materialy ozal diňe Abadanyň sement zawodynda öndürilýärdi. Ol zawod Keletä (Baharly etraby) göçürildi, bölekleýin durky täzelenip işe girizildi (2005 ý.). Zawodda ýylda 1 *mln t* ýokary hilli (400, 500, 600 belgili) sement öndürilýär. 2010–2013-nji ýyllarda Jebelde we Garlykda hem sement zawodlary guruldy. Olaryň hem hersinde 1 *mln t* sement öndürilýär. Sement öndürmek üçin çig mal (hek, toýun, gips, kwars çägesi) zawodlaryň öz töwereginden alynýar. Mysal üçin, Garlyk sement zawodynda has ýokary hilli berkligi bilen tapawutlanýan portland-sement öndürilýär. Ol seýsmiki raýonlarda gurulýan köp gatly jaýlarda we beýleki desgalarda ulanylýar. Gurluşykda zerur bolan gips, hek Türkmenbaşynyň magdan däl gurluşyk materiallary zawodynda öndürilýär. Kärhana bu önümler bilen tutuş ýurdy diýen ýaly üpjün edýär.

2004–2006-njy ýyllarda Ruhabat etrabynda mermer hem granit daşlary öndürýän zawod guruldy. Owadandepede 6 ga meýdanda ýerleşýän zawody «Buig» fransuz kompaniýasy gurdy. Iň kämil daş kesiji, timarlaýjy enjamlar Italiýadan getirildi. Kärhanada daşlardan emele gelýän palçyklar gaýtadan işlenip, her dürli bezeg plitalary ýasalýar. Kärhananyň kuwwaty ýylda 205 müň inedördül *m* mermer we granit daşlaryna barabardyr. Owadandepede gazbeton zawody hem gurlup, işe girizildi (2010 ý.). Zawodda ýylda 200 müň kub *m* gazbeton bloklary öndürilýär. Gazbeton–ýeňil, işläp geçmäge amatly, ýylylyk saklaýjy, halkara standartlaryna laýyk gelýän material. 30 *sm* gazbeton berkligi boýunça 75-90 *sm* keramzite ýa-da 1,5 *m* örülen kerpije deň hasaplanylýar. Gazbeton bloklary iri desgalaryň gurluşygynda giňden ulanylýar.

Häzirki döwürde gurluşyk materiallarynyň önümçiligi ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň birine öwrüldi. Ol gur-

luşyk gurnama önümçiligi we oňa hyzmat ulgamy bilen bir-likde, gurluşyk toplumyny emele getirdi. Gurluşyk halk hojalygynyň esasy pudaklary boýunça ýöriteleşdirilýär. Onda dürli maksatly ymaratlary gurmaga binýat döredilýär we ösdürilýär.

Gurluşyk toplumyna daşary ýurt kompaniýalary çekilýär, olaryň kömegi bilen pudakda ösen tehnologiýalar , dünýä tejribesi ornaşdyrylýar. Gurluşygyň depgini ýyl-ýyldan artýar. 2010-njy ýylda ýurtda senagat we sosial-medeni häsiýetli 120 desga gurlan bolsa, 2013-nji ýylda 400 desga gurlup, ulanylmaga berildi. 2010-njy ýylda desgalaryň gurluşygyna 4,8 *mlrd* amerikan dollary, 2013-nji ýylda bolsa üç esse köp –13 *mlrd* amerikan dollary harçlanyldy. Gurluşygyň ýokary depginde alnyp barylmagy toplumyň sazlaşykly hereketiniň netijesidir.

## §17 Oba hojalygynyň özgerdilmegi

Ýer-suw baýlygy halkyň esasy hazynasydyr. Oba hojalygyny ösdürmegiň möhüm şerti – şu baýlygy netijeli peýdalanmakdan ybaratdyr. Ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň baş ugurlarynyň biri azyk garaşsyzlygy bolup, şunda oba hojalygyna aýratyn orun degişlidir. Senagatyň oba hojalyk çig maly bilen üpjünçiligi hem şu pudagyň ösüşine baglydyr.

1993-nji ýylda Türkmenistanyň oba hojalyk işgärleriniň maslahaty bolup, onda pudagyň ýagdaýy düýpli seljerildi, ýer hakynda, suw hakynda, ünsden düşürilen tohumçylyk, däneçilik hakynda, ýitip ýok bolup barýan atçylyk, düýedarçylyk hakynda pikir alşyldy, teklipler orta atyldy. Netijede, maslahatda «Täze oba» syýasaty yglan edildi. Bu syýasatyň düýp maksady oba hojalygynyň täze nusgasyny ornaşdyrmak, ýagny jemgyýetçilik önümçiliginde kolhoz-sowhozlara derek daýhan birleşiklerini döretmek, hususy daýhan hojalyklaryna, mülkdarlara ýol açmak, şunlukda gatyşyk hojalyk ulgamyny emele getirip, hususy we jemgyýetçilik hojalyklarynyň arasynda bäsleşik bolar ýaly şert döretmekden ybaratdyr.

«Täze oba» syýasaty daýhany hakyky daýhan, maldary hakyky maldar etmeklige, olary ýere, suwa, mala eýeçilik gözi bilen garaýan, öz öndüren önümlerine erki ýetýän derejä götermeklige gönükdirilendir. Bu syýasat yglan edilende, «Türkmenistanda ýere eýeçilik etmek we ondan peýdalanmak hukugy hakynda» kararam kabul edildi. Ýer özgertmesini geçirmek boýunça topar döredilip, ýeri şahsy eýeçiligine we uzak möhletleýin kärendesine bermäge ygtyýar edildi. Ýurtda hususy ýer eýeçiligine geçmegiň ýolunda düýpli özgerişler başlandy. 1994-nji ýylda 54 hojalyk üýtgedip gurlup, şolaryň tejribesinde täze hojalyklary döretmegiň ýollary anyklaşdyryldy. 1995-nji ýylda kolhoz-sowhozlar ýatyrylyp, daýhan birleşikleri döredildi.

Obada hususy eýeler we telekeçiler gatlagynyň emele gelmegine ýol açyldy. Daýhan birleşiklerine berkidilen ýerleriň hemmesi, şol sanda medeni zolakdaky ýerler hem daýhanlara kärendesine berildi. Ýere oňat seredip, oňat hasyl alýan kärendeçä ýeri miras geçmek hukugy esasynda, eýeçilige bermek düzgüni girizildi. 1997-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurtda sürümli ýerleriň 3/4 bölegi ýa-da 1412 müň ga daýhan birleşiklerinde kärendesine berildi. Maldarçylyk pudagynda gara mallaryň 84%-i, dowarlaryň hem 74% -i kärendesine berlip, olara ot-iým ýetişdirilýän we mal bakylýan ýerler hem berkidildi.

Oba hojalygyny beýleki pudaklar bilen utgaşdyrmak, ekerançylary we maldarlary senagat, ulag, hyzmat ediş pudaklary bilen sazlaşykly baglanyşdyrmak maksady bilen, döwlet konsernleri («Türkmenpagta», «Türkmenatlary»), paýdarlar jemgyýetleri («Türkmenobahyzmat», «Türkmenobasuwhyzmat», «Türkmenmallary») we birleşikler («Türkmengalla önümleri», Azyk senagaty birleşigi) ulgamy döredildi. Ulgama «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky hem girýär. Ol kärendeçiler we daýhan hojalyklary bilen ýerlerde özara hasaplaşyk geçirýär. Işi döwlet tarapyndan sazlaşdyrylýan konsernlerdir birleşikler ulgamynyň esasy wezipesi oba hojalyk önümlerini öndürmek, saklamak, gaýtadan işlemek we

8. Sargyt № 2165.

ýerleşdirmekdir. Ulgamda oba hojalyk önümçiligini sebitler boýunça ýöriteleşdirmek barada-da iş alnyp barylmalydyr. Bu ugurda alymlar şeýle teklipleri öňe sürýärler:

Balkan welaýatynda maldarçylygy, däneçiligi (şol sanda düme), miwe we subtropik ekinleri;

Ahalda – gök bakjaçylygy, däneçiligi (şol sanda düme), ak we ýüpek pagtaçylygy, gant şugundyrçylygy, maldarçylygy şeýle-de ýüpekçiligi, miweçiligi hem üzümçiligi;

Maryda – ýüpek pagtaçylygy, däneçiligi, gant şugundyrçylygy, ýüpekçiligi, gökçüligi, gündogar etraplarynda maldarçylygy, miweçiligi hem üzümçiligi;

Lebapda – däneçiligi, ak pagtaçylygy, şalyçylygy, ýüpekçiligi, ot-iýmlik we ýagly ekinleri (jöwen, mekgejöwen, künji), buýançylygy, günorta etraplarynda maldarçylygy;

Daşoguzda – tiz yetişýän ak pagtaçylygy, şaly, künji, jöwen ýaly ekinleri, sähralarynda maldarçylygy ösdürmek ykdysady taýdan has bähbitlidir.

**Ekerançylyk**. Bu pudagy ösdürmek suw, tehnika, dökünler bilen üpjünçilige baglydyr. Suw hojalyk gurluşygy giň



**«Altyn asyr» Türkmen köli**

möçberli iş. Ol iki ugur: öňki kanallary arassalamak, howdanlary giňeltmek, täze kanallary, howdanlary gurmak boýunça alnyp barylýar. Öňki döwürde gurlan Garagum kanalyny (oňa häzir Garagum derýasy hem diýilýär) arassalamak, akymyny artdyrmak boýunça işleriň gerimi barha giňelýär. Garagum kanaly ýurduň günortasynda Başsakadan Berekede çenli 1100 *km*-e uzap gidýär we Mary, Ahal, Balkan welaýatlarynyň ekerançylyk meýdanlaryny suwa ýakýar. Ýurduň demirgazygynda Türkmen (Düýeboýun) kanaly hem guruldy. Ol suwy Amyderýanyň Türkmenistanyň çäklerinden geçýän ýerinden – Düýeboýun bendinden alýar. Kanalyň birinji nobatdakysy (Düýeboýun – Şabat aralygy, 179 *km*) 1982–1999-njy ýyllarda guruldy. Soňky ýyllarda onuň ikinji nobatdakysy (Şabat – Gylyçbaý – Jumabaý Saka, 75 *km*) gurlup, Daşoguz welaýatynyň suwaryş ulgamy suw bilen üpjün edildi. 2003– – 2006-njy ýyllarda Amyderýanyň çep kenarynda Atamyrat kanaly guruldy. Kanal Halaçdan Serdarabada çenli (70 *km*) uzap, Lebap welaýatynyň çep kenar etraplarynyň ençemesini suw bilen üpjün edýär.

Garagum derýasynyň ugrunda «Garaşsyzlygyň XV ýyllygy» (Zeýit), Hanhowuz, Köpetdag suw howdanlary guruldy. Bu howdanlar hem, edil derýanyň özi ýaly, ägirt uly ähmiýetli gidrotehniki desgalardyr. Başsakanyň golaýyndaky «Garaşsyzlygyň XV ýyllygy» suw howdany Amyderýanyň suwuny durlap, derýa akdyrýan desgalar toplumydyr. Toplumda sekuntda 400 kub m suw geçirmäge ukyply gatlalar, sag hem çep kenar gaçylar, *baş* bent, suwy howdana getirýän we howdandan çykarýan kanallar, howdanyň töwereginde özleşdirilýän ýerlere suw çykarmak üçin kuwwatly nasos stansiýasy guruldy. Orta Aziýada iň uly hasaplanýan bu howdanda 1.300 *mln kub. m* suw saklanýar. Onuň sygymyny giňeltmek işleri dowam edýär. Hanhowuz (800 *mln kub m* ), Köpetdag (220 *mln kub m*) suw howdanlarynyň hem sygymy giňeldilýär. Tejen derýasynyň boýunda goňşy Eýran bilen bilelikde «Dostluk» suw howdany guruldy (2005 ý.). Kanallar we suw howdanlary

boz ýerleriň täze-täze massiwlerini özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Suwarymly ekerançylygyň giňelmegi drenaž-kollektor ulgamynyň ösdürilmegini hem talap edýär. Çünki suw sähel bisarpa tutulsa, ýerler şorlaşmak bilen bolýar. Öňki döwürde Daşoguz, Lebap, Mary welaýatlarynyň ekerançylyk ýerleriniň 60%-e golaýyny şor basyp, hasyllylyk pese gaçypdy. Şorlaşma hatda Köpetdag eteklerine baryp ýetip, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak örän möhüm wezipe bolup durýardy. Şeýle ýagdaýda, 2000-nji ýylda ägirt uly desganyň – «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygyna başlandy. Köli ýurduň günbatarynda Gaplaňgyryň golaýyndaky uly tebigy çöketlikde – Garaşorda emele getirmek, onuň üçiň ähli welaýatlardaky şor suwlary kollektorlar arkaly bu ýere akdyrmak göz öňünde tutuldy. Baş kollektor Lebap welaýatyndaky Ketteşordan başlanyp, Üňüz aňyrsyndaky Garagumdan, Merkezi Garagumdan Garaşora tarap 720 *km* uzap gidýär. Ol başlanýan ýerinde Çepkenar kollektorlarynyň suwuny alyp, soňra ýolda günortadan Murgap kollektorynyň, Şor, Garawekil, Tejen merkezi, Kaka, Ak Bugdaý, Ruhabat, Gökdepe kollektorlarynyň suwuny hem alyp, Garaşora ýetiberende bolsa, demirgazykdan Uzboýuň hanasy boýunça gelýän Daşoguz kollektory (432 *km* ) bilen goşulyp, uly derýa bolup, emeli köle guýýar.

2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy boldy. Dabara Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy. Ol gurluşykçylary bu zähmet ýeňşi bilen gutlady we kölüň ikinji tapgyrynyň gurluşygyna, ýagny onuň jemi uzynlygy 2600 km-den gowrak kollektorlarynyň hanasyny giňeltmek, çuňaltmak, kenarlaryny berkitmek, ýollar we köprüler gurmak , şor suwlary arassalap, ikinji gezek peýdalanmagyň hasabyna täze ýerleri özleşdirmek işlerine badalga berdi. Gurluşyk doly tamamlanylanda, kollektorlardan Garaşora ýylda 10 *kub km* suw akar. Eger-

de häzir ýurdumyzyň ähli suw howdanlarynda 3 *kub km* suwuň bardygyny ýatlasak, onda Türkmen kölüniň näderejede uly boljakdygy öz-özünden düşnüklidir. Bu ägirt uly desga Garagumuň, tutuş ýurduň keşbini özgerdýär. Çölüň ortasyndan gündogardan günbatara uzaboýuna geçýän Baş kollektoryň, oňa ilerden, gaýradan goşulýan kollektorlaryň boýunda täze oazisler, obalar, şäherçeler döreýär.

Asyryň gyrluşygy adyny alan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň tejribesi bilen BMG-niň Daşky gurşaw maksatnamasy (ÝUNEP) içgin gyzyklanýar. Çünki onuň ägirt uly ekologik ähmiýeti-de bar. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, şemal gum gerişlerini (depelerini) ýylda Merkezi Garagumda 4-6 *m*-e, Günbatar Türkmenistanda 16 *m*-e çenli «göçürýär». Kölüň kollektorlary bolsa çölde ýüz müňlerçe gektar meýdanlary suwlulandyrýar, göçüp ýören çägeleri berkidýär. Türkmen köli daşky gurşawy goramakda, suwy rejeli peýdalanmakda, ýerleriň ekologiýasyny kadalaşdyrmakda dünýä ýurtlary üçin nusgadyr.

Oba hojalygynyň traktorlar, kombaýnlar bilen üpçünçiligi ýokarlanýar. Dogrusy, öňki döwürde-de pudakda tehnika az däldi. Emma kolhoz-sowhozlaryň ýatyrylan ýyllarynda hojalyklardaky müňlerçe traktorlaryň, kombaýnlaryň ol-bu pudaga geçirilmeli diýlip, satylyp-sowlup dargadylmagynyň öňüni almak başartmady. Soňky görlen çäreler bellibir derejede ýagdaýy kadalaşdyrmaga ýardam etdi. Daýhan birleşiklerindäki galan tehnikany saklamak we olara tehniki hyzmaty ýola goýmak maksady bilen, «Türkmenobahyzmatyň» etrap birleşikleri döredildi. Şolar tarapyndan daýhan birleşiklerine, kärendiçilere, daýhan hojalyklaryna edilýän tehniki hyzmatyň görnüşleri we möçberleri kadalaşdyryldy. Oba hojalyk tehnikasyny öndürýän amerikan «Jon Dir», «Keýs» kompaniýalary, Minskiniň traktor zawody bilen aragatnaşyk ýola goýuldy. Olardan bugdaý orýan, pagta ýygýan kombaýnlary, sürüm, bejergi traktorlary satyn alynýar.

2007-nji ýylda «Türkmenobahyzmatyň» etrap birleşiklerinde amerikan kompaniýalarynyň sürüm traktorlarynyň 1900-si, bugdaý orýan kombaýnlaryň 1500-si, pagta ýygýan maşynlaryň 520-si, «MTZ-80x» bejergi traktorlarynyň 6000-si, «Belarus – 1221» sürüm traktorlarynyň 630-sy bardy. Birleşiklerde başga-da kultiwatorlar, geriş çekijiler, diskeli baranalar, bugdaý we gowaça ekijiler, ýer tekizleýjiler, derman pürküjiler we beýleki oba hojalyk gurallary işledilýärdi. Soňky ýyllarda daşary ýurt tehnikalary, ylaýta-da, «Belarus», traktorlary has köp mukdarda satyn alynýar. Traktorlary, kombaýnlary abatlamak, mehanizatorlaryň hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça hem işler alnyp barylýar. Ýöne entek pudakda tehnikalaryň ýetmezliginiň duýulýandygyny bellemelidir.

Ekarançylygyň mineral dökünler bilen üpjünçiligi düýpli özgerýär. Mineral dökünleri (azot, fosfat) Türkmenabadyň himiýa, Marynyň azot zawodlarynda öndürilse-de, daýhan birleşklerinde dökün ýetmezçiligi duýulýardy. Tejeniň karbomid, Marynyň ammiak we karbomid zawodlarynyň işe girizilmegi bilen ýagdaý gowulaşdy. Garlygyň kaliý dökünlerini öndürýän zawody işläp başlansoň (2015 ý.), ýagdaý has-da gowulaşar. Pudagyň mineral dökünlerine bolan islegi doly kanagatlandyrylar, kaliy dökünleriniň bir bölegi daşary ýurtlara eksport hem ediler.

Suw, tehnika, dökünler bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy ekerançylyk pudaklarynyň öňünde uly mümkinçilikler açýar. 2007-nji ýylda kabul edilen «Daýhan birleşikleri hakyndaky», «Daýhan hojalygy hakyndaky» kanunlar şol mümkinçilikleri netijeli peýdalanmaga gönükdirilýär. Kanunlar obada hojalygy ýöretmegiň iki usulynyň daýhan birleşikleriniň (600 sany) we daýhan (fermer) hojalyklarynyň (1700) hem goraglylygyny kepillendirýär. Daýhan birleşiklerinde eýeçilik toparlaýyn, daýhan hojalyklary bolsa hususy eýeleriňkidir. Döwlet bularyň ikisinem goldaýar, olara sagdyn bäsleşmäge şert döredýär. Bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşýan şertlerinde bu örän möhümdir.

Daýhan (fermer) hojalyklary özbaşdak iş ýöredýärler. Olar obada hususyýetçiler gatlagyny emele getirýär. Ol gatlak ösýär we pugtalanýar. Ýöne häzirki wagtda oba hojalyk önümleriniň esasy bölegi daýhan birleşiklerinde öndürilýär. Döwlet olara howandarlyk edýär: daýhan birleşikleriniň önümçilik harajatlarynyň ýarysyny öz üstüne alýar. Kärendeçileriň höwesli işlemekleri üçin bugdaýyň, şalynyň, piläniň döwlet satyn alyş nyrhlary birsyhly ýokarlandyrylýar. Daýhan birleşiklerinde şahsy (maşgala) kärendeçiler bilen bir hatarda toparlaýyn kärendeçilik ösýär. Kärendeçiler daýhan birleşikleri (olar bolsa taýýarlaýyş guramalary) bilen şertnama baglaşýarlar. Döwlet tabşyrygy, esasan, pagta, bugdaý, pile barada ulanylyp, galan köp önümler üçin satyn alnyş nyrhlary erkin hem iki taraplaýyn ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Daýhanlar goşulan baha üçin hem-de eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigine garamazdan, alynýan peýda üçin salgytdan boşadylandyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda suwarymly ekarançylyk meýdanlary 2 esse giňelip, 2,4 *mln ga* ýetdi. Ozal ekerançylykda esasy üns pagtaçylyga berilýärdi. Indi gallaçylyga, gök-bakjaçylyk, subtropiki we beýleki ekerançylyk pudaklary güýçli depginler bilen ösüp başlaýar. Mysal üçin, 1991–2010-njy ýyllarda bugdaý ekilýän meýdanlar 115 müň ga bolanlygyndan 860 *müň ga*, ýyglan bugdaý hasyly 205,6 müň *t* bolanlygyndan 1.500 müň *t* ýetdi. Şol ýyllarda gowaça meýdanlary ep-esli kemelip, ýygnalýan pagtanyň mukdary pese gaçanam bolsa, kem-kemden bu pudak hem özüni «dürsedi». 2010-njy ýylda 600 müň *ga* meýdana gowaça ekilip, ondan 1.300 müň *t* pagta ýygnaldy. Şol ýyl şalynyň, künjiniň, gant şugundyrynyň, gök-bakja ekinleriniň hem ýokary hasyly alyndy. Soňky ýyllarda ekerançylyk pudaklary durnukly ösýär. Ýurdumyz öz bugdaýy, şalysy bilen özüni üpjün edýär. 2011-nji ýyldan başlap, Türkmenistan bugdaý hasylynyň bellibir bölegini daşary ýurtlara eksport hem edýär.

**Maldarçylyk.** Garaşsyzlyk bu pudagy hem galkyndyrdy. Ilat mal salgydyndan boşadyldy. Ownuk we iri şahly maldar-




**Daşoguz welaýatynyň S.A. Nyýazow etrabyndaky maldarçylyk toplumy**

çylykda kärendeçilige geçildi. Mysal üçin, dowardarçylykda kärendeçi çopanlara ene goýunlardan alynýan guzularyň ýarysy zähmet haky hökmünde berlip başlandy. Çopançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanmak örän düşewüntli käre öwrüldi.

Tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň ilata mugt berilmegi Garagumuň gyrymsy agaçlarynyň, ot-çöpleriniň çapylyp-orlup aýrylmak zerurlygyny aradan aýyrýar. Çölüň sazakly-selinli, ýylakly-gülälekli öri meýdanlary dikeldilýär. Medeni zolakda ekin dolanyşygynda ýorunja meýdanlarynyň giňeldilmegi, kärendeçi gallaçylara bugdaý kepeginiň, pagtaçylara gowaça çigidinden çykýan künjaranyň, şulhanyň berilmegi hem maldarçylygyň ot-iým üpjünçiligine ýardam edýär. Mallaryň baş sany ýyl-ýyldan artýar. Hususy eýeçilikdäki mallar, jemgyýetçilik eýeçiligindäkä garanda, has çalt köpelýär. 1991–2010-njy ýyllarda dowarlaryň (garaköli, saryja goýunlary ) sany 5.699 müňden 16.700 müňe çenli, gara mallaryň sany 899 müňden 2.200 müňe çenli artdy. Şol ýyllarda düýeleriň sany birnäçe esse artyp, 122,4 müňe ýetdi.

Türkmenistanda maldarçylyk we guşçulyk önümlerini öndürmekligiň senagat esasy döredilýär. 2013-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow etrabynda maldarçylyk toplumy guruldy. Toplumda 500 sany tohum sygyr saklanylýar. Ýylda 2 müň *t* süýt, 120 *t* et gaýtadan işlenilip, et-süýt önümleriniň



**Bereket etrabyndaky guş toplumy**

20-den gowrak görnüşi öndürilýär. 2014-nji ýylda şeýle toplum Ahal welaýatynyň «Abadan» daýhan birleşiginde işläp başlady. Maldarçylyk toplumlary beýleki welaýatlarda hem gurulýar.

Ýurtda ilkinji hususy «Guş toplumy» Baharly etrabynda açyldy (2008 ý.). Sünçe obasynda gurlan bu toplumda her biri 500 towuk üçin niýetlenen jaýlaryň 6-sy, 25 müň jüýjelik jaýlaryň 12-si, inkubator, kombikorm zawody, taýýarlaýyş we toplaýyş zawody bolup, olar «Pohell» (Belgiýa) firmasynyň enjamlary bilen enjamlaşdyryldy. Önümçilikde ähli işler: guşlara iýim, suw bermek, ýataklary arassalamak we ş.m. awtomatlaşdyryldy. Hatda jaýlaryň wentilýasiýa penjireleri hem kompýuteriň gözegçiliginde bolup, bellenen wagtlarda açylyp ýapylýar. Inkubatorda her üç günden 40 müň jüýje çykarylýar. Kombikorm zawodyna ot-iýmler toplumyň öz ekerançylyk meýdanlaryndan (2 müň *ga*) gelýär. Zawodda otlar kerçelip, witaminler hem protoin goşundylary bilen baýlaşdyrylyp garylýar we guşlara berilýär. Guşlaryň saglygy berk gözegçilik astynda saklanylýar. Sanitariýa kadalary doly berjaý edilýär. Toplumda 40 gramlyk jüýje 40 günde 2 *kg*-a çenli agralýar we taýýarlaýyş zawodyna geçirilýär. Ol ýerde towuklar arassalanyp, sowadylyp gaplanýar we bada-bat söwda dükanlaryna ugradylýar. «Guş toplumy» ýylda 1,8 *mln* towuk idetmäge, 3 müň *t* towuk etini we 6,5 *mln* ýumurtga öndürmäge niýetlenendir. Toplumyň öz parky (refrižeratorlary, ptisewozlary,

kombikormowozlary, samoswallary, traktorlary), Aşgabatda firma dükanlary bar. 2010-njy ýylda Baharly etrabynda Garry Nohuryň golaýynda ýene bir hususy «Guş toplumy» işläp başlady. 2014-nji ýylda «Guş toplumlary» Bereket, Baýramaly etraplarynda-da gurlup, önüm öndürip ugrady.

Maldarçylyk we guşçulyk toplumlarynda etiň, süýdüň, ýumurtganyň öndürilişi ýyl-ýyldan artýar. Şunda telekeçileriň ornunyň barha ýokarlanýandygyny bellemelidir. 2008–2013-nji ýyllarda telekeçilik kärhanalarynda etiň öndürilişi 13 esse artyp, 2074 *t*, broýler towuk etiniň öndürilişi 5 esse köpelip, 6359 t ýetdi. Şol ýyllarda süýt we süýt önümleriniň öndürilişi 57 esse artyp, 18, 8 müň *t* ýetdi. Görnüşi ýaly, maldarçylyk ösüş ýoluna düşýär, mallaryň baş sany artýar, pudagyň senagat esasy döredilýär. Ilatyň maldarçylyk önümlerine bolan islegleri kanagatlandyrylyp, azyk garaşsyzlygynyň möhüm talaplary berjaý edilýär.

?

1. «Täze oba» syýasaty haçan yglan edildi? Ol syýasatyň düýp maksady näme?
2. Haýsy ýylda kolhoz-sowhozlar ýatyrylyp, daýhan birleşikleri döredildi? Şonda oba hojalyk tehnikasy barada nähili ýalňyşlyga ýol berildi?
3. Kärendeçilik barada näme bilýärsiňiz?
4. Oba hojalygyny beýleki pudaklar bilen utgaşdyrmak maksady bilen döredilen konsernler, paýdarlar jemgyýetleri we birleşikler barada gürrüň beriň.
5. Ýurtda suw gurluşyk işleri nähili alnyp barylýar? «Altyn asyr» Türkmen kölüni, onuň baş kollektoryny, Daşoguz kollektoryny, günortadan uzaýan kollektorlaryny kartada görkeziň.
6. «Daýhan birleşikleri hakynda», «Daýhan hojalygy hakynda» kanunlar haçan kabul edildi? Ol kanunlaryň ähmiýeti barada näme aýdyp bilersiňiz?
7. Ekerançylyk pudaklarynyň düzüminde bolup geçen düýpli öwrülişige siz nähili düşünýärsiňiz?
8. Maldarçylygyň ösüşi barada referat ýazyň. Maldarçylyk önümlerini öndürmekligiň senagat esasynyň döredilişi barada aýdyp beriň.

## §18. Ulag we aragatnaşyk

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçmek işi ulag ulgamyny ösdürmek bilen utgaşykly alnyp barylýar. Ykdysady mümkinçilikleri göwnejaý peýdalanmak üçin şu ulgamyň ösdürilmegi zerurlykdyr. Şol sebäpli ulag ulgamy ykdysadyýetiň möhüm bölegi hasaplanylýar. Ulaglar halk hojalygynyň kadaly işlemegine ýardam edýär.

**Demir ýollar.** Demir ýollara ýurduň gan damarlary diýilmegi ýöne ýere däldir. Çünki olar sebitleri hojalyk-ykdysady taýdan birleşdirýär, jebisleşdirýär. Şol sebäpli ýurt garaşsyzlygynyň ilkinji aýynda özbaşdak Türkmen demir ýoly döredildi we täze demir ýollary gurmagyň tehniki-ykdysady esaslandyrmalaryny taýýarlamaklyga girişildi. Eýýäm 1991-nji ýylyň aýagynda Tejen – Sarahs – Maşat (Eýran) demir ýolunyň gurluşygy başlandy. Ýoluň 132 *km*-ni Türk-



**Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň prezidentleriniň gatnaşmagynda Demirgazyk – Günorta demir ýolunyň işe girizilmegi**




**Türkmenistan – Gazagystan – Eýran demir ýoly**

menistan, 170 *km*-ni hem Eýran gurdy. Bu ýol Transaziýa demir ýolunyň ýetmeýän bölegidi. Tejen – Sarahs – Maşat demir ýolunyň gurluşygynyň tamamlanmagy (1996 ý.) bilen, Pekinden (Hytaý) Stambula (Türkiýe) 10 müň *km*-e uzalyp gidýän Transaziýa demir ýoly işläp başlady. Taryhyň gatlaryna siňip giden Beýik Ýüpek ýoly polat düşeklerde täzeden dikeldildi. Orta Aziýa döwletleri, şol sanda Türkmenistan üçin dünýä bazarlaryna çykalga açyldy.

1992-nji ýylda gurluşygyna başlanan Türkmenabat – Atamyrat demir ýoly (214 *km*), 1999-njy ýylda işe girizildi. 2009-njy ýylda Atamyrat – Kerkiçi aralygynda Amyderýanyň üstünden gurulýan demir ýol köprüsi hem ulanylmaga berildi. Bu gurluşyklar Lebap welaýatynyň ençeme etraplaryny, şol sanda senagatly Köýtendag – Magdanly sebitini ýurduň beýleki sebitleri bilen baglanyşdyryp, ilatyň barýş-gelşini, ýük äkidip-getirmäni ýeňilleşdirdi. 2000–2006-njy ýyllarda Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýoly (540 *km*) guruldy. Ýoluň ugrunda gumuň içinde 17 stansiýa gurlup, olarda ýaşaýyş jaýlary, durmuş-medeni mak-

satly binalar peýda boldy. Bu demir ýol ýurduň merkezini demirgazyk sebiti bilen baglanyşdyrdy.

2007-nji ýylda Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň we Eýranyň bilelikdäki tagallalary bilen Demirgazyk– – Günorta ulag geçelgesini döretmeklige girişildi. Geçelge Sankt-Peterburgdan başlanyp, Moskwanyň we Astrahanyň üsti bilen, Hazaryň gündogar kenary arkaly Pars aýlagyna çykýar. Geçelgede ulaglaryň ähli görnüşleri hereket etmelidir. Onda Demirgazyk – Günorta demir ýoluna aýratyn uly ähmiýet berilýär. Bu ýoluň ýetmeýän bölegi: Uzen (Gazagystan) – Gyzylgaýa – Bereket – Etrek – Gürgen (Eýran) aralygydy. Ol 900 *km* bolup, şonuň 700 *km*-ni Türkmenistan, 146 *km*-ni Gazagystan, galan bölegini Eýran gurdy. Demir ýol geografiki relýef taýdan örän çylşyrymly ýerlerden geçýär. Mysal üçin, ýoluň Türkmenistanyň üstünden geçýän ýerlerinde ululy-kiçili 235 köpri, sil suwlary üçin 100-e golaý ötükler guruldy. Demir ýol stansiýalarynyň we razýezdleriniň hem 28-si gurlup, demirýolçularyň we olaryň maşgalalarynyň ýaşamagy, işlemegi üçin amatly şertler döredildi. Ýoluň Bereket – Gyzylgaýa – Uzen aralygynyň 2013-nji, Bereket – Etrek – Gürgen aralygynyň 2014-nji ýylda ulanylmaga berilmegi bilen, Demirgazyk – Günorta geçelgesi işläp başlaýar. Ol demirgazyk ýurtlary üçin Günorta, günorta ýurtlary üçin Demirgazyga göni geçelge bolup, bu aralykdaky öňki demir ýol ugruny 600 *km* gysgaldýar. Demirgazyk – Günorta geçelgesiniň ykdysady bähbitleri uludyr. Ol hasam Türkmenistan üçin bähbitlidir. Ýoluň geçýän ugry, ozalky «adam aýagy basmadyk» ýerler ilatlaşýar, Garabogaz – Gyzylgaýa sebitiniň ymgyr kän ýerasty baýlyklaryny özleşdirmäge mümkinçilikler açylýar.

Türkmenistanyň öz içinde demir ýollary halka salmak maksady bilen Gazojak – Şasenem – Daşoguz demir ýoluny (212 *km*) gurmak bellenilýär. Öňden işläp gelýän demir ýollaryň durky täzelenýär. Aşgabat – Bereket – Türkmenbaşy (540 *km*), Aşgabat – Mary – Türkmenabat (580 *km*), Türkmenabat – Zergär – Atamyrat – Amyderýa (235 *km*), Tallymerjen – Amyder-

ýa – Kelif (190 *km*) ýollarynda bu ugurda işler alnyp barylýar. 2012-nji ýylda Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan demir ýolunyň gurluşygy başlandy. Ýoluň Atamyrat – Ymamnazar aralygy (85 *km*) gurlup, Owganystan we Täjigistandan geçýän ýerleri gurulýar.

Türkmen demir ýolunyň lokomatiw we wagon parky täzelenýär. 2008–2013-nji ýyllarda Hytaýdan lokomatiwleriň 90-sy, ýolagçy wagonlarynyň 271-si satyn alyndy. Wagonlar ýolagçylar üçin amatly, içi tämiz, bezegem üýtgeşik. Demir ýollarda ýolagçylar rahat gatnaýar, täze-täze ugurlar boýunça gatnawlar ýola goýulýar.

**Awtomobil ýollary.** Awtomobil ulagy ýolagçy gatnawynda, ýük daşamakda-da ulagyň iň amatly hem köpçülikleýin görnüşi hasaplanylýar. Awtomobiller ürgün çägelik ýa-da beýik daglyk ýerler bolaýmasa, ýurtda adamlaryň ýaşaýan ähli ýerlerinde ulanylýar. Şol sebäpli awtomobil ýollarynyň gurluşygyna barha giň gerim berilýär. Aşgabatda we beýleki şäherlerde ýollar abadanlaşdyrylýar, täze şa ýollary gurulýar. Paýtagtyň daşynda halkara ölçeglerine laýyk gelýän aýlaw ýoly (200 *km*) guruldy.

2009-njy ýylda awtomobil ýollarynyň çatryklarynda täze desgalar – estakada köprüleri gurlup başlandy. Sankt-Peterburg şäheriniň «Возрождение» önümçilik birleşigi tarapyndan Aşgabatda we Awazada estakada köprüleriniň birnäçesi guruldy. Estakada köprüleri ýollary ýokary galdyryp, pes-




**Aşgabat halkara awtoterminaly**

li-beýikli şahalar arkaly dykynlary açmaga we hereketi kadalaşdyrmaga kömek edýär.

«Türkmenistanda 2014–2019-njy ýyllarda döwlet ähmiýetli awtomobil ýollaryny gurmaklygyň maksatnamasynda» bu ugurdaky işleri çaltlaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Maksatnamada halkara ölçeglerine[1] laýyk gelýän Türkmenbaşy – Farap, Aşgabat – Daşoguz ýollaryny gurmaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ýollary 3 tapgyrda: birinji tapgyrda Aşgabat – Türkmenbaşy, ikinji tapgyrda Aşgabat – Farap, üçünji tapgyrda Aşgabat – Daşoguz ýollaryny gurmak bellenilýär. 2014-nji ýylda Aşgabat – Türkmenbaşy (564 *km*) ýolunyň gurluşygy başlandy. Maksatnama laýyklykda, ýakyn 6 ýylda bu ýollaryň hemmesiniň gurluşygy tamamlanyp, TRASEKA (Ýewropa – Kawkaz – Aziýa) we Demirgazyk – Günorta ulag geçelgeleriniň ykdysady potensialynyň has-da artmagyna ýardam etmelidir.

Maksatnamada Türkmenbaşy – Gazagystanyň serhedi, Türkmenabat – Daşoguz, Mary – Serhedabat ýollaryny gurmak, beýlekileriň durkuny täzelemek bellenilýär. 2013-nji ýylda Amyderýanyň üstünde gurlan iki sany awtomobil köprüsi (Atamyrat – Kerkiçi, Seýdi – Eljik aralygynda) ulanylmaga berildi. Şol ýyl Türkmenabat – Farap aralygynda derýanyň üstünden demir ýol hem awtomobil köprüleriniň gurluşygyna başlanyldy. Uzynlygy 1415 *m* bolan bu köprüleriň gurluşygyny 2016-njy ýylda tamamlamak bellenilýär.

Ýurduň awtobus parky täzelenýär. Paýtagt ýa-da welaýat merkezleri hakda aýdylmanda-da, şäherler bilen etraplaryň, obalaryň arasynda hem awtobus gatnawlary ýola goýulýar. Diňe bir 2008-nji ýylda welaýatlaryň hersine 150 sany «PAZ» kysymly awtobus berildi. Mysal üçin, Lebap welaýatynda şol awtobuslar Türkmenabat bilen ähli etrap

---

[1] Awtomobil ýollary boýunça halkara ölçegleri – ýoluň ini 30 m-den (ikitaraplaýyn hereketiň her tarapy 15 m-den az bolman, onda gözegçi-geçiriji, tehniki hyzmat punktlary, ýangyç guýujy stansiýalar, kempingler, restoranlar sazlaşykly işläp, ýolagçylara medeniýetli hyzmat edilmelidir.

merkezleriniň, şeýle hem käbir şäherçeleriniň, obalaryň (Burdalyk, Gabakly, Üç kerwen we başgalar) arasynda gatnaw ugurlaryny açmaga mümkinçilik berdi. Welaýatlaryň awtobus parkynyň üsti yzygiderli doldurylýar.

2014-nji ýylda Aşgabatda Halkara awtoterminaly açyldy. Bu ýerden ähli welaýat merkezlerine we başga-da ençeme şäherlere ýolagçy awtobuslary gatnaýar. Awtoterminallar welaýatlarda hem gurulýar. Paýtagt bilen welaýatlaryň, welaýatlar bilen etraplaryň aralygyndaky düzgünleşdirilen awtobus gatnawlary kadaly ýagdaýa öwrülýär. Ýakyn wagtlarda Halkara awtoterminaldan Eýrana, Owganystana, Gazagystana, Özbegistana, Ermenistana we Türkiýä hem awtobus gatnawlaryny ýola goýmak bellenilýär.

**Howa ýollary.** Türkmenistanda howa ýollarynyň infrastrukturasyny ösdürmäge, dünýäniň öňde baryjy ýurtlarynda öndürilýän iň kämil uçarlary satyn almaga uly ähmiýet berilýär. Çünki ýurt halkara ýollarynyň, şol sanda howa ýollarynyň hem çatrygynda ýerleşýär. Eýýäm 1993-nji ýylda Türkmenistan Halkara raýatlyk awiasiýasy guramasynyň (IKAO) agzalygyna kabul edildi. 1994-nji ýylda Aşgabatda Halkara howa menzili açyldy. Türkmen uçarlarynyň diňe ýurduň içinde däl, halkara howa ýollaryndaky gatnawlary ýyl-ýyldan artýar.

2009-njy ýylda Maryda, 2010-njy ýylda Türkmenbaşyda halkara howa menzilleri guruldy. 2013-nji ýylyň ýanwarynda Aşgabatda täze Halkara howa menziliniň gurluşygy başlandy. Sagatda 1600 ýolagça hyzmat etmäge niýetlenen bu howa menzilinde 3 terminal: ýolagçy, VIP, ýük terminallary gurulýar. 2014-nji ýylyň martynda ýolagçy terminaly işe girizildi. Beýleki terminallaryň gurluşygy güýçli depginde dowam edýär. Häzirki wagtda Türkmenabatda täze howa menzili gurulýar, Doşoguz, Balkanabat howa menzilleriniň durky täzelenýär. Welaýat merkezlerindäki howa menzillerinde dürli uçarlary kabul etmäge ukyply täze uçuş-gonuş zolaklary gurulýar.

«Türkmenistanda 2012–2030-njy ýyllarda raýat awiasiýasyny ösdürmekligiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda,

ýakyn ýyllarda Atamyrat şäherinde, Magdanlyda, Köneürgençde, Gazojakda, Hazarda, Garabogazda, Esenguluda, Sarahsda, Galaýmorda howa menzillerini dikeltmek boýunça işler alnyp barylýar. Türkmenistan öz uçar parkyny, esasan, «Boing» amerikan korparasiýasynyň uçarlary bilen üpjün edýär. Häzir uçar parkynda «Boing» uçarlarynyň 20-den gowragy bar. Şolaryň arasynda 305, 550 orunlyk uçarlar hem bolup, olar halkara howa ýollary üçin niýetlenilýär. Ýerli gatnawlar üçin fransuz kompaniýasynyň 50,100 orunlyk uçarlary hem satyn alynýar.

Häzirki wagtda «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugynyň uçarlary, ýurduň içindäki ugurlar bilen bir hatarda, dünýäniň onlarça şäherlerine, şol sanda Abu-Dabi, Amritsar, Almaty, Bangkok, Birmingem, Deli, Dubaý, London, Moskwa, Milan, Minsk, Pekin, Pariž, Stambul, Sankt-Peterburg, Frankfurt we beýlekilere yzygiderli gatnaýarlar. 2030-njy ýyla çenli «Boing» uçarlarynyň sanyny 43-e ýetirmek we dünýäniň ýene-de ençeme şäherlerine howa ýollaryny açmak bellenilýär.



**Awaza derýasynyň köprüsi**

9. Sargyt № 2165.



**Türkmenbaşy. «Çarlak» ýolagçy gämisiniň suwa goýberilmegi**

**Deňiz hem derýa ýollary.** Türkmenistanyň bütin günbatar kenaryny Hazar deňzi gurşaýar. Şonuň üsti bilen Eýrana, Azerbaýjana, Russiýa Federasiýasyna, Gazagystana çykyp bolýar. Türkmenbaşy şäheri ýurdumyzyň deňiz derwezesidir. Ol demir, gara, howa ýollarynyň hem möhüm çatrygydyr. TRASEKA we Demirgazyk-Günorta ulag geçelgeleriniň işläp başlamagy (degişlilikde 1996-njy we 2014-nji ýyllarda) bilen, Türkmenbaşy deňiz portunyň üstünden geçýän ýükleriň möçberi ençeme esse köpeldi. Deňiz portunyň halkara ähmiýeti artdy.

2020-nji ýyla çenli Türkmenbaşy halkara deňiz portuny, şeýle hem Türkmen deňiz söwda flotuny ösdürmekligiň Baş meýilnamasy işlenip düzüldi (2013 ý.). Meýilnama laýyklykda, 2013-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türkmenbaşy halkara deňiz portunyň gurluşygyna badalga berildi.

«Gap Inşat» türk kompaniýasy tarapyndan gurulýan bu toplum 1.200 müň inedördül *m* meýdany tutýar. Toplumda parom, ýolagçy, konteýner terminallary, şeýle hem gämi abatlaýyş we gämigurluşyk zawodlary gurulýar. Bu terminallaryň we zawodlaryň hersiniň ýanynda goşmaça ençeme desgalar hem bina edilýär. Mysal üçin, ýolagçy terminalynda myhmanhana, söwda we dynç alyş merkezleri gurulýar. Gämigurluşyk zawody hakda aýdylanda, iş ýüzünde, milli ykdysadyýetde täze pudak döredilýär. Zawod işe girizilensoň, onda uzynlygy 160 *m-e*, ýükgöterijiligi 7 müň *t* ýetýän uly gämileriň ýylda 4-6 sanysyny gurmak meýilnamalaşdyrylýar.

Meýilnama laýyklykda, Türkmen deňiz söwda floty hem döredilýär. Söwda flotunda uly göwrümli nebit daşaýan gämileriň 5-si bardy. 2013-nji ýylda oňa ýene Russiýa Federasiýasynda ýasalan 2 gämi («Alaja», «Kenar») gelip gowuşdy.

Türkmenbaşy halkara deňiz portunda umman klasly ýolagçy gämisi «Balkan» we başga-da ençeme gämiler bar. Paromlar hereket edýär. 2014-nji ýylda port Horwatiýada ýasalan paromlaryň hem 2-sini aldy. Portuň özünde-de gämi gurluşyk zawodynyň ilkinji önümi – «Çarlak» ýolagçy gämisi suwa goýberildi.

Hazaryň türkmen kenarynda halk hojalyk ýüklerini eksport etmäge ýöriteleşdirilen çaklaňrak portlar hem bar. Alaja we Ufra portlarynda nebit, Gyýanlyda suwuklandyrylan gaz, Guwlymaýakda duz, Garabogazda natriý sulfaty, bişofit, epsomit ýüklenilýär. Ekerem portunda içerki ýükler daşalýar. Ýerli ýükler derýa gämilerinde hem daşalýar. Amyderýada, Garagum kanalynda hem Başsaka – Hanhowuz aralygynda gämi gatnaýar.

**Aragatnaşyk.** Häzirki zaman dünýäsi ylmyň we tehnikanyň ösen hem örän çalt ösýän dünýäsidir. Oňa postindustrial (senagatlaşmakdan soňky), globalizasiýa (ählumumy goşulyşmak) döwri, maglumatlar dünýäsi, maglumatlar jemgyýeti hem diýilýär. Bu jemgyýet öňkülerden düýpli tapawutlanýar. Senagatlaşmakdan öňki jemgyýetde esasy önümçilik serişdesi muskully gollar, senagatlaşmak döwründe

maşyn tehnikasy bolan bolsa, senagatlaşmakdan soňky – postindustrial jemgyýetde esasy serişde bilim, ylym, intellektdir. Bu jemgyýetiň maksady öndürilýän maddy nygmatlaryň mukdar taýdan artmagy däl-de, hil taýdan ýokarlanmagy, giň manyda – ýaşaýşyň hil derejesiniň ýokarlanmagydyr.

Postindustrial jemgyýetde bilim, ylym esasy öndüriji güýje öwrülýär. Önümçilik tehnologiýasy görlüp-eşidilmedik derejede ösýär. Bu ugurda çuňňur öwrülişik bolup geçýär. Ösen ýurtlarda ol öwrülişigiň her 10-12 ýyldan täze tapgyry, başgaça aýdylanda, tehnologiýanyň ösüşiniň täze tolkuny ýaýraýar. Şeýle şertlerde aragatnaşyk serişdeleriniň ýurdy ösdürmekde näderejede zerurdygy öz-özünden düşnüklidir.

Türkmenistan garaşsyzlyk gazanyp, daşary ýurtlara ilkinji saparlar amala aşyrylanda, aragatnaşyk pudagynda ýer bilen gök ýaly tapawut bardygyna göz ýetirildi. Ol ýurtlarda önümçilige kompýuterler ornaşdyrylyp, elektron aragatnaşygy ýola goýulýarka, bu ýerde entek önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmak wezipesem doly çözülmändi. Aragatnaşykda awtomatik telefon stansiýalary (ATS) bilen iş alnyp barylýardy.

Türkmenistanyň aragatnaşyk ulgamyny ösdürmeklige telekommunikasiýalar serişdelerini öndürmekde meşhur nemes kompaniýalary «Siemens», «Alcatel» we başgalar çekildi. 1992-nji ýylda Aşgabatda ilkinji sanly awtomatik telefon stan-




**Aşgabatdaky «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk kärhanasy**

siýasy guruldy. SATS-ler welaýatlarda hem guruldy. Şäherlerde we obalarda telefon nokatlarynyň sany çalt artyp başlady.

1996–1998-nji ýyllarda Transaziýa – Ýewropa aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamy guruldy. Hytaýyň Urumçy şäherinden Germaniýanyň Frankfurt şäherine çenli 27 müň *km* uzalyp gidýän bu täsin aragatnaşyk ulgamynyň Farap-Bajgiran aralygy (708 *km*) Türkmenistanyň üstünden geçýär. Ulgamy gurmaga gatnaşan «Huaweý Tehnologijes» (Hytaý) kompaniýasy bilen ylalaşyk baglaşylyp, ýurtdaky demir ýollar bilen ugurdaş gidýän aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamlary guruldy. Ýurtda jemi uzynlygy 3 *müň* km golaý bolan aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamlary telekommunikasiýa desgalarynyň sazlaşykly işlemegine, şäherara we halkara kanallarynyň açylmagyna, aragatnaşyk hyzmatlarynyň hiliniň kämilleşdirilmegine mümkinçilik berýär.

2005-nji ýylda «Türkmentelekom» döwlet elektrik aragatnaşyk kompaniýasy, «Siemens» nemes kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda, öýjükli aragatnaşyk (ykjam telefonlar) ulgamyny ornaşdyryp başlady. «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk kärhanasy döredildi. Öýjükli aragatnaşyk ulgamy tiz wagtda ýurduň hemme ýerlerini gurşap aldy. Onda 2007-nji ýylda 35 müň belgi (abonent) bolan bolsa, häzirki wagtda olaryň sany 4 *mln*-a ýetdi. Abonentler bilen aragatnaşyk hyzmatlary üçin hasaplaşyklaryň ulgamy kämilleşdirilýär, deslapky töleg kartlary hem dolanyşyga girizilýär.

Häzirki döwürde durmuşda aragatnaşygyň elektron ulgamy – Internet giň gerim alýar. Ol dünýä maglumatlar giňişligine çykmaga we gyzyklandyrýan maglumatlary tapmaga mümkinçilik berýär. Internetiň halkara ulgamynyň aragatnaşyk halkasy Aşgabatda (1998 ý.), soňra welaýat merkezlerinde-de açyldy. Guramalar, edaralar, orta we ýokary okuw mekdepleri Internet ulgamy bilen baglanyşdyrylyp başlandy. Dünýä jemgyýetçiligi ýurdumyzyň durmuşy bilen tanşar ýaly, Internetde «Türkmenistan: Altyn asyr» maglumatlar saýty döredildi (2003 ý.). Ol saýtda, esasan, «Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary» gazetiniň elektron sahypasy yzygiderli berilýär. 2012-nji ýylda «Нейтральный

Туркменистан» gazetiniň, 2013-nji ýylda «Miras» žurnalynyň elektron sahypalary Internete berlip başlandy. 2013-nji ýylda Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty we Türkmen döwlet habarlar gullugy tarapyndan Internetde («Medeniýet» web-saýtda) «Wirtual kitaphana» döredildi. Onda türkmen taryhyna, edebi mirasyna degişli gadym arap-pars çeşmeleriniň türkmen diline geçirilip neşir edilenlerinden onlarçasynyň elektron wariantlary ýerleşdirilýär. Elektron sahypalarynyň, elektron kitaplarynyň Internete berilmegi örän möhüm işdir. Çünki Internet müşderileri Türkmenistanyň geçmişi, şu güni, baý medeni-ruhy mirasy barada haýsydyr bir başga çeşmeler arkaly däl-de, gös-göni şu çeşmeler arkaly maglumat alýarlar. Ol maglumatlaryň işewür adamlarda, alymlarda gyzyklanma döredýändigi şübhesizdir.

2014-nji ýylyň maýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Milli kosmos agentligini döretmek hakyndaky karara gol çekdi. Fransuz «Thales» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanyň milli emeli hemrasy – «TürkmenÄlem 52° E» döredildi. Ol 2015-nji ýylyň 28-nji aprelinde Kanaweral burnundan (ABŞ, Florida ştaty) uçurylyp, Ýeriň golaýyndaky orbita çykaryldy. «TürkmenÄlem 52° E» Türkmenistanyň çäginde ýerden 36 müň *km* ýokarda bir nokatda «asylyp» durup, Ýeriň aýlanyş ugry bilen ugurdaş hereket edýär. Onuň bort radioapparaturalary ýerden radiosignallary kabul edip, güýçlendirip, ýene ýerdäki radiostansiýalara berýär.

Milli emeli hemranyň döredilmegi ýurduň durmuşynda ägirt uly wakadyr. Ol telekommunikasiýa ulgamlaryny çalt ösdürmäge, sosial-ykdysady maksatnamalary berjaý etmäge itergi berýär; uglewodorod we beýleki ýerasty baýlyklarynyň täze ýataklaryny agtarmak usullarynyň mümkinçiliklerini giňeldýär. Bularyň daşyndan Türkmenistanyň amatly geografik ýerleşişi, onuň sebitde iri halkara maglumatlar merkezi, Günbatar bilen Gündogaryň arasyndaky möhüm maglumatlar köprüsi bolmagy üçin şert döredýär.

* * *



**Türkmenistanyň milli emeli hemrasy «Türkmen Älem 52° E»**

Garaşsyzlyk ýurduň ykdysadyýetini ösdürmeklige täzeçe çemeleşmäge ýol açdy. Ykdysadyýet toplumlaýyn ösdürilýär. Onuň ähli pudaklary düýpli özgerýär. Ykdysady özgertmeleri amala aşyrmaga, önümçilik we aragatnaşyk pudaklaryny modernizasiýalaşdyrmaga daşary ýurt inwestorlary, tehnologiýalary çekilýär. Mysal üçin, 2012-nji ýylda Türkmenistanda dünýäniň 70 döwletinden bolan kompaniýalaryň şahamçalarynyň ýa-da kärhanalaryň wekilçilikleriniň 950-si hasaba alyndy. Şol ýyl senagatda, gurluşykda, hyzmat ugurlarynda daşary ýurt ýa-da bilelikdäki kärhanalaryň 670-si işleýärdi. Türkmen ykdysadyýeti daşary ýurt inwestorlaryny içgin gyzyklandyrýar. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasynyň maglumatlaryna görä, 2012-nji ýylda Türkmenistan daşary ýurt maýalaryny gös-göni çekmegiň indeksi boýunça döwletleriň birinji onlugyna girdi. Inwestisiýalar, täze tehnologiýalar ykdysadyýetiň industrial keşbini düýpli özgertmäge, onda bäsleşige ukyply önümleriň öndürilişini barha artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda ykdysady özgertmeler oýlanyşykly ewolýusion häsiýetli bolup, bazar gatnaşyklaryna kem-kemden geçilmegi, galyberse-de, özgertmeleleriň halkyň bähbidine, onuň sosial taýdan goraglylygyna gönükdirilen bolmagy ykdysadyýeti ösdürmegiň türkmen nusgasynyň artykmaçlyklaryny görkezýär. Bu ugurda gymmatly taryhy tejribe toplanýar. Türkmenistan özüne mahsus ösüş ýolunda geçiş döwrüniň jemleýji tapgyryna ynamly gadam basýar.

?

1. Türkmenistanyň kartasynda täze gurlan demir ýollaryny görkeziň.
2. Ýurtda birnäçe awtomobil ýollarynyň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar. Olar haýsylar?
3. Türkmenistan bilen beýleki ýurtlaryň arasynda howa ýollarynyň açylyşy barada gürrün beriň.
4. Türkmen deňiz söwda floty döredilýär. Bu barada näme aýdyp bilersiňiz?
5. Siz Internetden peýdalanyp bilýärmisiňiz?
6. Türkmenistanda Milli kosmos agentligi haçan döredildi?
7. Milli emeli aragatnaşyk hemrasy uçuryldy. Siz onuň ähmiýetine düşünýärmisiňiz? Bu barada referat ýazyň.

## MÖHÜM WAKALARYŇ SENELERI

### 1990-njy ýyl

*5-nji mart* – Türkmenistanyň Ýaşulularynyň I maslahatynyň geçirilmegi.

*24-nji maý* – Türkmenistanda «Dil hakyndaky» kanunyň kabul edilmegi.

*22-nji awgust* – Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamanyň kabul edilmegi.

### 1991-nji ýyl

*18-21-nji maý* – Aşgabatda Dünýä türkmenleriniň I konferensiýasynyň geçirilmegi. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň döredilmegi.

*23-nji oktýabr* – Seýdi şäherinde nebiti gaýtadan işleýän zawodyň işe girizilmegi.

*26-njy oktýabr* – Türkmenistanyň garaşsyzlygy baradaky mesele boýunça ählihalk sala salşygynyň geçirilmegi.

*27-nji oktýabr* – Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahatynyň geçirilmegi. Garaşsyz Türkmenistan demokratik döwletiniň jar edilmegi.

*4-nji noýabr* – Türkmenistanyň Hökümetiniň ýanynda Gümrükhana komitetiniň döredilmegi.

*11-nji noýabr* – Türkmen demir ýolunyň döredilmegi.

## 1992-nji ýyl

| | |
|---|---|
| ***27-nji ýanwar –*** | Türkmenistanyň Milli Ýaragly Güýçleriniň döredilmegi. |
| ***5-nji fewral –*** | Türkmenistanyň Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |
| ***19-njy fewral –*** | Türkmenistanyň Döwlet Baýdagy, Gerbi hakyndaky kanunlaryň kabul edilmegi. |
| ***2-nji mart –*** | Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |
| ***4-nji maý –*** | Türkmenistanyň Milli döwlet awiakompaniýasynyň (soňra «Türkmenhowaýollary») döredilmegi. |
| ***18-nji maý –*** | Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi. |
| ***5-nji awgust –*** | Türkmenistanyň Deňiz-derýa gämiçiliginiň döredilmegi. |
| ***11-nji awgust –*** | Türkmenistanyň Serhet goşunlarynyň döredilmegi. |
| ***28-nji noýabr –*** | Türkmenistanyň Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi. |
| ***14-nji dekabr –*** | Türkmenistanyň Halk maslahatynda «10 ýyl abadançylyk» maksatnamasynyň kabul edilmegi. |

## 1993-nji ýyl

*2-nji fewral* – Türkmenistanyň oba hojalyk işgärleriniň maslahatynda «Täze oba» syýasatynyň yglan edilmegi.

*17-nji maý* – Türkmenabatda nah mata fabriginiň işe girizilmegi.

*8-nji oktýabr* – Krasnowodsk şäheriniň Türkmenbaşy şäheri diýlip atlandyrylmagy.

*1-nji noýabr* – Türkmenistanyň milli walýutasynyň – manadyň dolanyşyga girizilmegi.

*11-nji dekabr* – «Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki desgalary döwlet eýeçiliginden aýyrmak we hususylaşdyrmak boýunça çäreler hakyndaky» kararyň kabul edilmegi.

## 1994-nji ýyl

*3-nji mart* – Türkmengala etrabynda ýüplük egriji fabrigiň işe girizilmegi.

*17-nji maý* – Tejen etrabynda ýüplük egriji fabrigiň işe girizilmegi.

*28-nji iýul* – Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň döredilmegi.

*24-nji oktýabr* – Aşgabadyň golaýyndaky Gypjak obasynda Çagalar iýmiti zawodynyň işe girizilmegi.

*25-nji oktýabr* – Aşgabatda Halkara howa menziliniň, «Ak altyn» myhmanhanasynyň, un we makaron öndürýän toplumyň açylmagy.

## 1995-nji ýyl

***22-nji fewral*** – Gökdepede ýüplük egirýän, mata dokaýan fabrikleriň işe girizilmegi.

***15-nji iýun*** – Türkmenistanda kolhozlaryň we sowhozlaryň ýatyrylmagy. Daýhan birleşikleriniň döredilmegi.

***16-njy iýun*** – Aşgabatda «Grant Türkmen» myhmanhanasynyň açylmagy.

***17-nji awgust*** – Ruhabat etrabynda jinsi mata öndürýän toplumyň işe girizilmegi.

***13-nji oktýabr*** – Aşgabatda ýurduň telekeçileriniň öndürýän önümleriniň ilkinji sergisiniň açylmagy.

***31-nji oktýabr*** – Baharly we Gökdepe etraplarynda dokma fabrikleriniň işe girizilmegi.

## 1996-njy ýyl

***6-7-nji mart*** – Medisina pamygyny öndürýän fabrigiň işe girizilmegi.

***18-20-nji mart*** – Aşgabatda «Nebit we gaz–96» ady bilen ilkinji halkara sergisiniň geçirilmegi.

***5-nji maý*** – Köneürgenç şäherinde ýag zawodynyň işe girizilmegi.

***13-nji maý*** – Tejen – Sarahs – Maşat demir ýolunyň açylmagy.

***31-nji oktýabr*** – Türkmenistanda milli pasportlaryň girizilýändiginiň yglan edilmegi.

## 1997-nji ýyl

*17-nji ýanwar* – Türkmenistanda ilkinji ýer eýelerine şahadatnamalaryň gowşurylmagy.

*24-nji ýanwar* – 2020-nji ýyla çenli Aşgabadyň keşbini özgertmegiň Baş meýilnamasynyň tassyklanylmagy.

*4-nji aprel* – Kaka etrabynda nah ýüplük fabriginiň işe girizilmegi.

*12-nji iýun* – Türkmenistanyň Halkara maliýe korporasiýasynyň agzalygyna kabul edilmegi.

*1-nji iýul* – Türkmenistanda zähmet biržalarynyň döredilmegi.

*10-njy iýul* – Tagtabazar etrabynda pagta egirýän fabrigiň işe girizilmegi.

*25-nji oktýabr* – Aşgabadyň golaýyndaky Gypjak obasynda dokma toplumynyň işe girizilmegi.

*29-njy dekabr* – Körpeje – Gurtguýy (Eýran) gazgeçirijisiniň işe girizilmegi.

## 1998-nji ýyl

*12-nji iýun* – Maryda gant zawodynyň işe girizilmegi.

*17-nji iýun* – Lebap welaýatynda (Bagaja gaz ýatagynda) suwuklandyrylan gaz öndürýän toplumyň işe girizilmegi.

*6-njy oktýabr* – «Jeneral Elektrik» amerikan kompaniýasynyň Türkmenistanda ilkinji gaz trubinasynyň Abadan DES-inde işe girizilmegi.

*11-nji dekabr* – Aşgabatda «Süýt» toplumynyň we «Türkmenderman Ajanta Farma LDT» farmasewtika zawodynyň işe girizilmegi.

*12-nji dekabr* – Aşgabatda Bitaraplyk binasynyň açylmagy.

## 1999-njy ýyl

***19-njy iýul*** – Çärjew şäheriniň Türkmenabat şäheri diýlip atlandyrylmagy.

***29-njy sentýabr*** – Türkmenabat – Atamyrat demir ýolunyň açylmagy.

***8-nji dekabr*** – Balkan welaýatynda ilkinji pagta arassalaýjy zawodyň işe girizilmegi.

***27-29-njy dekabr*** – IX Ähliхalk Maslahatynda «Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry» Milli maksatnamasynyň kabul edilmegi.

## 2000-nji ýyl

***16-njy fewral*** – Türkmenbaşy şäherinde nebiti gaştadan işleýän zawodlar toplumynda (TNGIZT) ýokary hilli benzin öndürýän desganyň işe girizilmegi.

***18-nji fewral*** – Aşgabatda «Türkmenbaşy dokma toplumynyň» işe girizilmegi.

***20-nji oktýabr*** – «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygyna başlanmagy.

***26-njy oktýabr*** – Aşgabatda Garaşsyzlyk binasynyň açylmagy.

## 2001-nji ýyl

***11-nji aprel*** – TNGIZT-de suwuklandyrylan gaz öndürýän desganyň işe girizilmegi.

***12-nji oktýabr*** – TNGIZT-de polipropilen we çalgy ýaglaryny öndürýän desgalaryň işe girizilmegi.

## 2002-nji ýyl

*7-nji fewral* – Baýramaly şäherinde egirme-dokma toplumynyň işe girizilmegi.

*22-nji awgust* – Eýran Yslam Respublikasyna türkmen elektrik energiýasynyň berlip başlanmagy.

## 2003-nji ýyl

*17-nji fewral* – Aşgabatda Türkmenistanyň nebitgaz toplumynyň 25 gatly binasynyň açylmagy.

*24-nji fewral* – Türkmenbaşy şäherinde gaztrubinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

*13-nji maý* – Lebap welaýatynda (Naýyp gaz ýatagynda) gazy gaýtadan işleýän toplumyň işe girizilmegi.

*14-15-nji awgust* – XIV Ählihalk Maslahatynda «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynyň kabul edilmegi.

*21-nji oktýabr* – Baharly etrabynda dokma fabriginiň işe girizilmegi.

*24-nji oktýabr* – BMG-niň Ösüş syýasaty komitetiniň Türkmenistany dünýäniň gowşak ösen ýurtlarynyň sanawyndan çykarmagy.

*4-nji noýabr* – Abadan DES-inde ikinji gazturbinanyň işe girizilmegi.

*5-nji noýabr* – Balkanabatda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

## 2004-nji ýyl

*12-nji fewral –* Aşgabatda ýüpek fabriginiň işe girizilmegi.

*18-nji iýul –* Aşgabatda «Prezident» myhmanhanasynyň açylmagy.

*5-nji oktýabr –* Türkmen telewideniýesiniň TV-4 «Türkmenistan» ýaýlymynyň işläp başlamagy.

*23-nji oktýabr –* Serdar şäherinde dokma toplumynyň işe girizilmegi.

## 2005-nji ýyl

*14-nji fewral –* Baharly etrabynda Kelete sement zawodynyň işe girizilmegi.

*18-nji mart –* Tejen şäherinde karbamid zawodynyň işe girizilmegi.

*12-nji aprel –* Sarahs etrabynda Tejen derýasynda gurlan «Dostluk» suw howdanynyň açylmagy.

*12-nji sentýabr –* Aşgabatda Sergi köşgüniň açylmagy.

*24-nji oktýabr –* Magtymguly etrabynda aýakgap we dokma fabrikleriniň işe girizilmegi.

## 2006-njy ýyl

*13-nji fewral –* Baharly etrabynda Kelete sement zawody-Ruhabat etrabynda turba zawodynyň işe girizilmegi.

*17-nji mart –* Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýolunyň işläp başlamagy.

*21-nji dekabr –* Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A. Nyýazowyň – Beýik Türkmenbaşynyň tarpa-taýyn aradan çykmagy.

## 2007-nji ýyl

***11-nji fewral*** – Türkmenistanyň Prezidentiniň ählihalk saýlawlarynyň geçirilmegi. Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy.

***2-nji mart*** – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Balkan welaýatyna iş sapary. Esenguly etrabyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde ileri tutulýan ugurlaryň kesgitlenilmegi.

***6-njy aprel*** – Daşoguz welaýatynda Ruhubelent diýen täze etrabyň döredilmegi.

***21-nji iýul*** – Türkmenistanyň Prezidentiniň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakyndaky kararynyň kabul edilmegi.

***29-njy awgust*** – Lebap welaýatynda Döwletli etrabynyň açylmagy;
Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan– – Hytaý gazgeçirijisiniň gurluşygyna başlanylmagy.

***1-nji dekabr*** – Uzen (Gazagystan) – Gyzylgaýa – Bereket– – Etrek – Gürgen (Eýran) demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

## 2008-nji ýyl

***14-nji aprel*** – Türkmenistanyň Prezidentiniň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (puluň hümmetini üýtgetmek) hakyndaky Permana gol çekmegi. Denominasiýalaşdyrylan manadyň hümmetini öňkä görä bäş müň esse artdyrmak, täze kupýurlarda: 1 manatda Togrul begiň, 5 manatda Soltan Sanjaryň, 10 manatda Magtymguly Pyragynyň, 20 manatda Görogly begiň, 50 manatda Gorkut atanyň, 100 manatda Oguz hanyň suratlaryny ýerleşdirmek bellenildi.

10. Sargyt № 2165.

***25-nji aprel*** – Mary welaýatynda Altyn sähra etrabynyň açylmagy.

***16-njy iýun*** – «Türkmenbaşy – Aşgabat – Farap», «Aşgabat – Garagum – Daşoguz» gara ýollarynda 100 sany köpri gurmak barada kararyň kabul edilmegi.

***5-nji iýul*** – Aşgabatda «KAMAZ»-yň okuw serwis merkeziniň açylmagy. Şol wagt Türkmenistanda «KAMAZ»-laryň 10 müňüsi bolup, her hepdede täze «KAMAZ»-laryň 200-den gowragy gelýärdi.

***26-njy sentýabr*** – Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk maslahatynda Konstitusiýanyň täze redaksiýasynyň kabul edilmegi.

***24-nji oktýabr*** – Beýik Britaniýanyň «DCA» kompaniýasynyň maglumatlary esasynda, «Galkynyş» (Günorta Ýolöten – Osman – Ýaşlar) gaz ýatagynyň dünýäde iň uly gaz känleriniň biridigi baradaky sensasion habaryň metbugatda çap edilmegi.

## 2009-njy ýyl

***1-nji ýanwar*** – Denominasiýalaşdyrylan türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmegi.

***15-nji maý*** – Owadandepede Metallurgiýa zawodynyň işe girizilmegi.

***19-njy iýun*** – Lebap welaýatynda kaliý dökünlerini öndürmek boýunça Garlyk dag-magdan toplumynyň gurluşygyna başlanmagy.

***15-nji iýul*** – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Altyn asyr» Türkmen kölüniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasyna gatnaşmagy.

***16-njy sentýabr*** – Amyderýanyň üstünden gurlan «Atamyrat – – Kerkiçi» demir ýol köprüsiniň ulanylmaga berilmegi.

***21-nji oktýabr*** – Türkmenabatda pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi.

## 2010-njy ýyl

***9-njy fewral*** – Daşoguz şäherinde pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi.

***14-nji fewral*** – Ak bugdaý etrabynda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

***17-nji fewral*** – Gökdepede ýene bir pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi.

***12-nji aprel*** – «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

***13-nji aprel*** – 3 gazturbinaly Balkanabat DES-inde ýene 2 gazturbinanyň işe girizilmegi.

***17-nji maý*** – Owadandepede «Ahal» ösümlik ýagy zawodynyň işe girizilmegi.
– Ruhabat etrabynda pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi.

***30-njy maý*** – Gündogar – Günbatar gaz geçirijisiniň gurluşygyna başlanmagy.

***29-njy iýul*** – Abadan şäherinde eti ýokary hilli tehnologik usulda gaýtadan işleýän «Bereketli» hususy zawodyň işe girizilmegi.
– «Aýbölek» hususy mebel fabriginiň işe girizilmegi.

***13-nji oktýabr*** – Owadandepede gazbeton zawodynyň işe girizilmegi.
– Ruhabat etrabynda dokma fabriginiň işe girizilmegi.

**2011-nji ýyl**

***3-nji fewral*** – Lebap welaýatynyň Ýylgynagyz kanalynda suw göterijiler toplumynyň işe girizilmegi. Göterijiler 50 *km*-lik kanalyň alty ýerinde gurlup, suwy 76 *m* ýokary göterýär we Ýylgynagyz, Ak altyn ýaýlalarynyň tarp ýerlerini suwa ýakýar.

***17-nji oktýabr*** – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Aşgabatda «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň açylmagy. Belentligi 211 *m* telewizion minarynyň içki desgalary 60 müň inedördül m meýdany tutýar. Merkeziň studiýalary we iş otaglary iň häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilendir.

**2012-nji ýyl**

***12-nji fewral*** – Türkmenistanyň Prezidentiniň ählihalk saýlawlarynyň geçirilmegi. Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine ikinji möhlete saýlanylmagy.

***24-nji awgust*** – Abadan şäherinde pagta egriji fabrigiň ikinji nobatdakysynyň işe girizilmegi.

***10-njy dekabr*** – Ruhabat etrabynda ýene bir dokma toplumynyň (dokma we reňkleýji fabrikleriň) işe girizilmegi.

## 2013-nji ýyl

*14-nji fewral* – Garlyk şäherçesinde «Lebap» sement zawodynyň işe girizilmegi...
– Amyderýanyň üstünden Türkmenabat – – Farap aralygynda demir ýol we awtomobil köprüleriniň gurluşygyna başlanmagy.

*11-nji maý* – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Gazagystanyň Prezidenti Nursoltan Nazarbaýewiň gatnaşmagynda «Demirgazyk – Günorta» demir ýolunyň «Bereket – Gyzylgaýa – Uzen» böleginiň işe girizilmegi.

*5-nji iýun* – «Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan» demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

*15-nji awgust* – – Türkmenbaşy şäherinde Halkara deňiz menziliniň gurluşygyna başlanmagy.

*4-nji sentýabr* – Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň gatnaşmagynda, «Galkynyş» gaz käninde tebigy gazy arassalap, harytlyk gaz öndürýän zawodlar toplumynyň işe girizilmegi.

## 2014-nji ýyl

*18-nji fewral* – Seýdi şäherinde pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi;
– Türkmenabatda pagta egriji fabrigiň işe girizilmegi.

*26-njy mart*– Aşgabatda Halkara howa menziliniň ýolagçy terminalynyň işe girizilmegi.

*22-nji aprel* – Gyýanlyda gazhimiýa toplumynyň gurluşygyna başlanmagy.

***7-nji maý –*** Hojambaz etrabynda Bagtyýarlyk (Samandepe) gaz käninde gazy gaýtadan işleýän zawodyň işe girizilmegi;
– Serdarabat etrabynda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

***8-nji maý –*** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ägirt uly «Galkynyş» gaz känini özleşdirmegiň ikinji nobatdaky gurluşyklaryna badalga berilmegi.

***20-nji iýun –*** Aşgabatda awtomobil gurujy «KIA-HÝUNDAI» koreý kompaniýasynyň söwda-serwis merkeziniň açylmagy.

***18-nji awgust –*** Garabogazda karbomid zawodynyň gurluşygyna başlanmagy.

***26-njy awgust –*** Owadandepede tebigy gazdan benzin öndürýän zawodyň gurluşygyna başlanmagy.

***17-nji oktýabr –*** Maryda ammiak we karbomid öndürýän zawodlar toplumynyň işe girizilmegi.

***3-nji dekabr –*** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Gazagystanyň Prezidenti Nursoltan Nazarbaýewiň we Eýranyň Prezidenti Hasan Ruhaniniň gatnaşmagynda Bereket – Etrek – Gürgen (Eýran) demir ýolunyň açylmagy. Demirgazyk-Günorta ulag geçelgesiniň işläp başlamagy.

## 2015-nji ýyl

***4-nji fewral –*** «2015–2016-njy ýyllarda Aşgabady ösdürmekligiň konsepsiýasynyň» kabul edilmegi.

***28-nji aprel –*** Kanaweral burnundan (ABŞ. Florida ştaty) ilkinji türkmen kommunikasiýa emeli hemrasy bolan «Türkmen Älem 52°E»-niň uçurylmagy.

***3-nji maý*** – – Rimde (Italiýa) geçirilen «EXPO-2015» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň sergisiniň açylmaly.

***25-nji maý*** – Aşgabatda «Arkadag», «Abadançylyk», «Ýyldyz», «Ylym», «Akbugdaý», «Sagdynlyk» binalarynyň açylmagy.

***9-njy iýun*** – «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň teleradio gepleşikleriniň «Türkmen Älem 52°E»-den HD format arkaly berlip başlanmagy.

***20-nji iýul*** – Aşgabatda Halkara Kardiologia merkeziniň açylmagy.

***12-nji sentýabr*** – Derweze etrabynda gazturbinaly elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi.

***13-nji dekabr*** – Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gazgeçirijisiniň gurluşygyna başlanmagy.

# ADALGALARYŇ DÜŞÜNDIRIŞLI SÖZLÜGI

**«Açyk gapylar» syýasaty** – ýurduň tebigy baýlyklaryny özleşdirmek, halk hojalygyny häzirki zaman tehnikasy we tehnologiýasy bilen üpjün etmek maksady bilen daşary ýurt maýa goýumlaryna we daşary ýurt harytlarynyň getirilmegine giň mümkinçilik döretmek. Bu çäreler her yurduň öz kanunlary bilen düzgünleşdirilýär.

**Agrosenagat toplumy** – halk hojalyk pudaklarynyň üç toparyny öz içine alýar: 1) oba hojalyk önümçiligi; 2) oba hojalygy üçin önümçilik serişdelerini öndürýän senagat kärhanalary; 3) oba hojalyk önümlerini gaýtadan işläp, azyk önümlerini we halkyň köp sarp edýän beýleki önümlerini öndürýän senagat kärhanalary hem-de ol önümleri sarp edijilere ýetirýän ulag we söwda kärhanalary.

**Arçyn** – Türkmenistanda etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, geňeşligi döredýän obanyň geňeşi tarapyndan saýlanýar we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýete ýolbaşçylyk edýär.

**Azyk garaşsyzlygy** – halkyň azyk harytlaryna bolan islegleriniň, esasan, ýurduň özünde öndürilýän önümleriň hasabyna kanagatlandyrylmagy.

**Bazar ykdysadyýeti** – önümçilik serişdelerine bolan hususy eýeçilige we hakynatutma zähmete esaslanýan ykdysadyýet. Haryt-pul gatnaşyklarynyň we önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň agalyk etmegi, işçi güýjüniň haryda öwrülmegi onuň esasy alamatlarydyr.

**Demokratik, dünýewi, hukuk döwleti** – ählumumy we milli demokratik ýörelgeleri sazlaşykly utgaşdyrýan, hukuk kadalaryny gyşarnyksyz berjay edýän döwlet. Dünýewi döwletde dini guramalar döwletden aýrydyr, döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir.

**Diwersifikasiýa** – daşary ykdysady hyzmatdaşlygyň geografiýasynyň giňeldilmegini aňladýar; şol bir wagtyň özünde oňa täze hil häsiýetini hem berýär.

**Ekologik howpsuzlyk** – adamzadyň ýaşamagy üçin zerur daşky tebigy gurşawyň zaýalanmagynyň öňüni almak, onuň ýaşaýyş üçin howpsuz, amatly, oňaýly bolmagyny üpjün etmek.

**Ekstremizm** – barypýatan bozgaklyk, weýrançylyk garaýyşlara we etmişlere ýykgyn etmek.

**Elewator** – galla saklanylýan mehanizmleşdirilen uly ammar.

**Emeli hemra** – ýakyndaky asman jisimlerine we Ýeriň golaýyndaky halkara kosmos uçuşlaryna adamsyz ýa adamly goýberilýän emeli hemra.

**Estakada** – gatnaw ýollaryny ýokary galdyrmaga, beýikli-pesli şahalarda ýoldan geçmäge hyzmat edýän köpri görnüşli desga.

**Ählihalk sala salşygy (referendum)** – döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň aýratyn möhüm meselelerini çözmäge ähli halkyň gatnaşmagy. Ol ählumumy, deň, göni we gizlin ses bermek arkaly geçirilýär.

**Garaşsyzlyk** – özygtyýarlylyk, özbaşdaklyk, öz ykbalyňy özüň kesgitlemek.

**Geňeş** – etrapdaky şäheriň, şäherçäniň, bir ýa-da birnäçe obanyň çäklerinde halk häkimiýetiniň wekilçilikli edarasy.

**Globalizasiýa** – adamzat jemgyýetiniň ykdysady, ylmy-tehniki ösüşinde gutulgysyz ählumumy goşulyşmak prosesi. Häzirki döwürde ol has-da çuňlaşýar. Mysal üçin, ol ykdysadyýetde milli ykdysadyýetleriň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagy bolup, onda ösýän döwletler üçin oňaýly, şeýle-de oňaýsyz (kölegeli) häsiýetler hem bar.

**Hojalyk hasaplaşygy** – pul-haryt gatnaşyklary esasynda hojalyk durmuşyny özüň gurap bilmek.

**Hususylaşdyrmak** – döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň, emläkleriň hususy eýeçilige berilmegi.

**Inwestisiýa** – girdeji almak maksady bilen kärhana goýulýan maýa (kapital). Inwestor – şol maýany goýýan adam.

**Internet** – dünýä elektron maglumatlar ulgamy.

**Kanun çykaryjy häkimiýet** – döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň biri. Ol ýuridiki kanunlary kabul etmäge ygtyýarly döwlet edarasydyr. Dürli döwletlerde iň ýokary kanun çykaryjy edaralaryň mejlis, parlament, seým, ýokary rada, kanun çykaryjy ýygnak ýaly dürli atlary bar.

**Kazyýet häkimiýeti** – döwlet häkimiýetiniň üç şahasynyň biri. Kazyýet häkimiýeti – kanun esasynda adyl kazyýetligi amala aşyrýan döwlet edaralarynyň ulgamy. Kazyýet häkimiýetiniň wezipesi raýatlaryň hukuklaryny we azatlykla-

ryny, kanun arkaly goralýan döwlet hem jemgyýetçilik bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

**Kärende** – şertnama esasynda, bellibir möhlete çenli ýer böleginiň, önümçilik serişdesiniň, emlägiň tölegli ulanmaga alynmagy.

**Kompýuter** – hasaplaýyş elektron maşynyň bir görnüşi. XX asyryň 70-nji ýyllarynda ABŞ-da peýda bolan ilkinji kompýuter tutuş bir jaý ýaly uly eken. Geçen 30-40 ýylyň dowamynda kompýuter kindiwanja derejä çenli kiçelip, onuň elektron-hasaplaýyş tizligi millionlarça gezek artdy. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, häzirki kompýuter hem «köneler», aňry gitse 20-nji ýyllaryň başlarynda öz ornuny kwant kompýuterlere berer.

**Konstitusiýa** – döwletiň baş kanuny. Ol ýurtda jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň dörediliş tertibini, saýlaw ulgamyny, raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. Döwletiň ähli beýleki kanunlary Konstitusiýa laýyklykda kabul edilýär.

**Korporasiýa** – hususy bähbitleri esasynda birleşýän topar.

**Modernizasiýa** – modernizirleme, kämilleşdirme. Ykdysadyýeti modernizasiýalaşdyrmak – ykdysadyýeti kämilleşdirmek.

**Oňyn bitaraplyk** – döwletleriň harby bileleşiklerine goşulmazlyk, ähli döwletler bilen deňhukukly, birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek.

**Paýdarlar jemgyýeti** – bazar ykdysadyýeti agalyk edýän ýa-da oňa geçýän döwletlerde maýany (kapitaly) merkezleşdirmegiň, jemlemegiň we şol maýany ulanyp, dürli kärhanalary döretmegiň guramaçylyk görnüşi. Şeýle jemgyýeti döretmek üçin aksiýalar (paýnamalar) çap edilip satylýar. Bu jemgyýetiň girdejiden gören peýdalary paýdarlaryň elindäki paýnamalarynyň möçberine görä paýlanýar.

**Postindustrial döwür** – industrializasiýa döwründen soňky jemgyýet. Bu jemgyýetde adam zähmetinde ruhy ölçegleriň orny artýar. Fiziki zähmet akyl zähmeti bilen, iş prosesinde ýönekeý funksiýalar döredijilikli funksiýalar bilen çalyşýar. Tehnologiýany öndürýän «salariat» (hakyna tutma işgärler) öz ornuny «kognitariata» (alymlar, inženerler we ş.m.) berýär. Kognitariat intellektual taýdan ösen, ýeterlik derejede erkin bolup, ähli yhlas-gaýratyny tehnologiýany – giň manyda – jemgyýeti ösdürmäge gönükdirýär.

**Prezident respublikasy** – döwletiň baştutany Prezident bolan döwlet dolandyryş görnüşi. Türkmenistan prezident respublikasydyr.

**Syýasy ulgam** – döwlet edaralaryny, syýasy partiýalary, kärdeşler arkalaşyklaryny, syýasy maksatlara eýerýän beýleki jemgyýetçilik guramalaryny, şeyle hem syýasy däpleri, kadalary, taglymlary öz içine alýan jemgyýetçilik ulgamy.

**Telekommunikasiýa** – telearagatnaşyk, teledesgalar ulgamy.

**Ykdysady model** – bütin dünýäniň ýa-da aýratyn ýurduň, ykdysady pudagyň ýa-da aýratyn ykdysady obýektiň nusgalyk beýanaty.

**Ylmy-tehniki potensial** – ylymda we tehnikada gazanylan netijeleri, bar bolan mümkinçilikleri aňladýan düşünje.

**Ýerine ýetiriji häkimiýet** – Döwlet häkimýetiniň üç şahasynyň biri. Ol kanun çykaryjy häkimiýetiň kabul eden kanunlarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän, guraýan döwlet edaralarydyr. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň ýokary edarasy hökümetdir, Türkmenistanda Ministrler Kabinetidir. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary her döwletiň Konstitusiýasyna laýyklykda döredilýär. Türkmenistanda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýeti welaýatlarda, şäherlerde we etraplarda häkimler, etraplardaky şäherlerde, şäherçelerde we obalarda arçynlar amala aşyrýarlar.

**Ýerli öz-özüňi dolandyryş** – her ýurduň Konstitusiýasyna laýyklykda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary döredilýär. Türkmenistanda etraplaryň çäklerindäki şäherlerde, şäherçelerde we obalarda döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edarasy geňeşlerdir. Olar ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipesini ýerine ýetirýärler.

**Ýeriň golaýyndaky orbita** – Gün äleminiň birnäçe planetasy bar. Ýer hem şolaryň biri. Ýeriň golaýyndaky orbita – Ýeriň golaýyndaky (töweregindäki) giňişlik.

**Ýeriň emeli hemrasy** – Ýeriň dartyş güýjünden çykyp, onuň töwereginden agramsyzlyk ýagdaýynda aýlanýan enjam.

# MAZMUNY

Giriş ..........................................................................................7

**I bap**

**Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döredilmegi – halkyň taryhy ykbalynda düýpli öwrülişik**

§ 1. Milli özbaşdaklyga tarap gadam ........................................11
§ 2. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň jar edilmegi ................15
§ 3. Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi ......................................................................18
§ 4. Türkmenistanyň döwlet nyşanlarynyň döredilmegi ..........24
§ 5. Türkmenistanyň Prezidenti ................................................28
§ 6. Türkmenistanyň dolandyryş-çäkleýin gurluşy ..................31
§ 7. Milli Goşunyň döredilmegi ...................................................35
Resminama...................................................................................40
«Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny ..................................40

**II bap**

**Jemgyýetçilik-syýasy durmuşyň özgerdilmegi**

§ 8. Jemgyýetçilik-syýasy durmuşy özgertmegiň zerurlygy .....43
§ 9 Jemgyýetçilik-syyasy guramalarynyň we birleşmeleriniň işi ..................................................................46
§ 10. Türkmenistan jemgyýetçilik demokratiýasynyň ösüşiniň täze tapgyrynda ..........................................................53

## III bap
## Türkmenistanda ykdysady özgertmeler

§ 11. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçmäge tarap ugur ....................66
§ 12. Ykdysady özgertmeleriň hukuk-kanunçylyk esaslarynyň döredilmegi....................70
§ 13. Maliýe-bank ulgamynyň özgerdilmegi....................75
§ 14. Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň täze tapgyry üçin Milli maksatnamalaryň kabul edilmegi ......81
§ 15. Döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylmagy ....................86
§ 16. Senagatyň ösdürilmegi ....................91
§ 17. Oba hojalygynyň özgerdilmegi ....................112
§ 18. Ulag we aragatnaşyk ....................123
Möhüm wakalaryň seneleri....................137
Adalgalaryň düşündirişli sözlügi ....................152

Ýazgylyç Orazgylyjow

# TÜRKMENISTANYŇ TARYHY

## TÜRKMENISTAN GARAŞSYZLYK ZAMANYNDA

I kitap

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň X synpy üçin synag okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Kompýuter bezegi | *M. Mullikowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *S. Süleýmanow* |

Çap etmäge rugsat edildi 18.12.2015.
Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$. Mekdep garniturasy. Çap listi10.0.
Şertli çap listi 10,0. Şertli-reňkli ottiski 40,25.
Hasap-neşir listi 8,22.
Sargyt №2165. Sany 110 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

**Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat**

| № | Okuwçynyň ady we atasynyň ady | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |